**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň resminamalaryny ýöretmegiň Tertiplerini tassyklamak hakynda**

Türkmenistanyň Adalat ministriniň

2019-njy ýylyň 12-nji martynda çykaran 19-iş belgili

**B U Ý R U G Y**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň resminamalaryny ýöretmegiň Tertiplerini tassyklamak hakynda**

“Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny ýerine ýetirmek maksady bilen hem-de “Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy döretmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji kararyna laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Şulary tassyklamaly:

1) Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibini;

2) Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň Tertibini;

3) Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibini;

4) Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibini (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2016-njy ýylyň 16-njy ýanwarynda 946 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň resminamalarynyň görnüşlerini, şeýle hem olary ýöretmegiň tertiplerini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Adalat ministriniň 2016-njy ýylyň 12-nji ýanwarynda çykaran 9 ÖB belgili we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2016-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda 1016 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Adalat ministriniň 2016-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda çykaran 54ÖB belgili buýruklaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

3. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli.

4. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary M.Taganow we Gullugyň Baş döwlet bellige alyjysy W.Halydow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **B.Muhamedow**

Türkmenistanyň Adalat ministriniň

2019-njy ýylyň 12-nji martynda

çykaran 19-iş belgili buýrugy bilen

tassyklanyldy

**Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň**

**Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibi (mundan beýläk-Tertip) "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna (mundan beýläk – Kanun) we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby (mundan beýläk – kitap) gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen arzalary we resminamalary hasaba almak we olary seljermegiň netijelerini berkitmek maksady bilen ýöredilýär.

3. Kitap Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň (mundan beýläk – Döwlet sanawy) resminamasynyň biri bolup durýar.

4. Kitap (şu Tertibe 1-nji goşundy) Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň (mundan beýläk – Gulluk) welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki müdirlikleriniň (mundan beýläk – Gullugyň müdirlikleri) şäherlerdäki we etraplardaky ýerli edaralarynyň (mundan beýläk – Gullugyň ýerli edaralary) döwlet bellige alyjylary tarapyndan ýöredilýär.

Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne Gullugyň başga ýerli edarasynda bellige alyş hereketlerini amala aşyrmaklyk ýüklenilip bilner. Şunda üstüne başga ýerli edarada bellige alyş hereketlerini amala aşyrmak ýüklenilen döwlet bellige alyjysy Döwlet sanawynyň resminamalarynda we ony alyp barmak bilen bagly beýleki resminamalarda özlerine berkidilen möhürlerini basýarlar.

Gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda bu Kitap aýratyn görnüşde (şu Tertibe 2-nji goşundy) ýöredilýär.

Gullugyň ýerli edaralarynda ýöredilýän Kitabyň belgileri Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine goşulan 12-nji goşundysynda göz öňünde tutulan, Gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň belgilerine laýyklykda emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän şu Kitabyň belgisi Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine goşulan 13-nji goşundysynda göz öňünde tutulan, Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgilerine laýyklykda emele gelýär. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne kitaby ýöretmeklik ýüklenilen halatynda, bu bellige alyjy Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynyň 01 belgili Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyny ýöredýär.

5. Kitapda şu arzalar we resminamalar barada ýazgylar geçirilýär:

1) gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen arzalary we oňa goşulan resminamalary;

2) döwlet tarapyndan bellige alnanda ýazgylarda goýberilen ýalňyşlyklary düzetmek barada arzalary;

3) döwlet tarapyndan bellige alynmagyny togtatmak barada arzalary;

4) resminamalaryň öwezligini bermek barada arzalary;

5) goşmaça maglumatlaryň ýa-da resminamalaryň berilmegi barada arzalary (şol sanda, bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagyna esas bolan ýagdaýlary aradan aýyrmak maksady bilen);

6) kazyýet edaralarynyň we beýleki ygtyýarly edaralaryň resminanamalary (gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna esas bolýan resminamalar);

7) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gelip gowuşýan beýleki arzalar we resminamalar.

Gullugyň ýerli edaralarynyň beýleki fiziki we ýuridik şahslara ýüz tutmalary hem-de ýüz tutmalary boýunça beýleki fiziki we ýuridik şahslardan gelip gowşan resminamalar hem-de Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaplarynda hasaba alynmaga degişli bolmadyk fiziki we ýuridik şahslaryň ýüz tutmalary Gullugyň ýerli edaralarynyň Gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda (şu Tertibe 3-nji goşundy) we Ugradylýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda (şu Tertibe 4-nji goşundy) hasaba alynýar.

## II bap. Kitaba bildirilýän umumy talaplar

6. Kitabyň ýöredilmegi kagyz we elektron görnüşlerinde amala aşyrylýar.

Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

7. Kitap bilen Gullugyň ýerli edaralary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün edilýär.

8. Kagyz görnüşinde alnyp barylýan kitap, oňa ýazgy ýazylmazyndan öň tikilýär, kitabyň sahypalary 1-den başlanyp belgilenilýär we kitabyň sahypalarynyň umumy sany onuň iň soňky sahypasynda goýulýar. Şeýle hem, kitabyň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär.

Bu ýelmenilen dört burç kagyzda Gullugyň müdirliginiň ýolbaşçysynyň goly goýulýar, şeýle hem Gullugyň müdirliginiň Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen möhüri bilen berkidilýär, bu möhür bölekleýin dört burç sahypany we kitabyň iň soňky kagyzyny basmalydyr.

9. Kitabyň baş sahypasynda (şu Tertibe 5-nji goşundy) şu görnüşde beýan edilýän ýazgylar ýazylýar: Gullugyň doly ady, Gullugyň degişli müdirliginiň doly ady, Gullugyň degişli ýerli edarasynyň doly ady, kitabyň ady, kitabyň alnyp barylýan ýyly (ýyllary), kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi (mysal üçin: 1/15, 1 - kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky tertip belgisi; 15 - 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi), kitabyň ýöredilip başlanan wagty we tamamlanan wagty görkezilýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Kitabyň baş sahypasynda (şu Tertibe 6-njy goşundy) şu görnüşde beýan edilýän ýazgylar ýazylýar: Gullugyň doly ady, Aşgabat şäher müdirliginiň doly ady, Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynyň doly ady, kitabyň ady, kitabyň alnyp barylýan ýyly (ýyllary), Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi (her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän kitabynyň belgisi), kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi (mysal üçin: 01/1/15, 01- her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi, 1- kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky tertip belgisi; 15 - 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi), kitabyň ýöredilip başlanan wagty we tamamlanan wagty görkezilýär.

10. Kitap ýöredilende onuň sahypalary ýazgylar bilen dolan halatynda, bu kitap şu Tertibiň on ikinji böleginde bellenilen tertipde ýapylýar hem-de täze kitap ýöredilip başlanýar.

Şunda, kitabyň alnyp barylýan ýylynda tertip belgisi yzygiderli dowam etdirilýär.

Kitabyň ýazgylarynyň tertip belgisi hem öňki kitabyň ýazgylarynyň soňky tertip belgisini yzygiderli dowam etmek ýörelgesi boýunça ýöredilýär.

11. Senenama ýyl gutaranda ýöredilýän kitap täze ýazgylary alyp barmak üçin ýapylýar. Täze senenama ýyl başlananda täze kitap açylýar, kitabyň ýazgylarynyň tertip belgileri täze ýöredilip başlanýan kitapda 1-den başlanýar. Ýyl gutaryp, Kitabyň boş sahypalary dolman galan halatynda, täze ýylda bu Kitap dowam etdirilýär, ýöne kitabyň ýazgylarynyň tertip belgileri täze ýylda 1-den ýöredilip başlanýar we täze ýyly görkezýän ýazgy görkezilýär.

12. Kitap ýapylanda onuň dolan iň soňky sahypasynyň arka tarapynda goşmaça iň soňky ýazgynyň tertip belgisi we onuň ýapylan senesi görkezilýär. Bu ýazgylar Gullugyň müdirliginiň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylýar we şol edaranyň Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen möhüri bilen berkidilýär.

13. Kitabyň ýapylan senesi diýip olara iň soňky ýazgynyň ýazylan senesi hasaplanylýar.

## III bap. Kitabyň ýöredilmeginiň tertibi

14. Kitaba ýazgylary yzygiderli ýazmak ýörelgesi boýunça ýöredilýär.

Kitaba girizilýän arzalaryň arasynda artykmaçlyk arzanyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen senesi, sagady we minudy boýunça berilýär.

15. Kitabyň “Tertip belgisi” diýen sütüninde degişli ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär.

16. “Müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi” diýen sütüninde müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi görkezilýär. “Müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi” döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar we onuň bilen bagly geleşikler döwlet tarapyndan bellige alnanda ulanylýar.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda “Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynyň we Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi” diýen sütüninde müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň hem-de döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi görkezilýär. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda “Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynyň we Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi” Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar we onuň bilen bagly geleşikler döwlet tarapyndan bellige alnanda ulanylýar.

17. Kitabyň “Gelip gowşan belgisi, senesi we wagty” diýen sütüninde:

1) gelip gowşan belgisi babatda ýazgylaryň yzygiderli tertip belgisi görkezilýär;

2) senesi babatda arzalaryň we resminamalaryň kabul edilen senesi görkezilýär;

3) wagty babatda arzalaryň we resminamalaryň kabul edilen sagady we minudy görkezilýär.

Şu bölekde görkezilen gelip gowşan belgisi, senesi Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar we onuň bilen bagly geleşikler döwlet tarapyndan bellige alnanda ulanylýar.

18. Kitabyň “Arza beriji” diýen sütüninde arza beriji barada şu aşakdaky kybaplaşdyryş maglumatlar görkezilýär:

1) fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, kim tarapyndan berlen we berlen senesi), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy;

2) ölen şahsyň gozgalmaýan emläge bolan hukugy bellige alnanda, hukuk eýesi ölen sahs babatda – onuň ölenligini tassyklaýan degişli resminamanyň esasynda familiýasy, ady, atasynyň ady, ölen senesi (ölüm hakynda şahadatnamanyň belgisi, kim tarapyndan berlen we berlen senesi) ;

3) arza arza berijiniň wekili tarapyndan berilýän halatynda arza berijiniň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, kim tarapyndan berlen we berlen senesi), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy, şeýle-de onuň ygtyýarlylygy ynanç haty, kanunçylyk, kazyýetiň çözgüdi esasynda gelip çykýan resminama laýyklykda anyklanylýar we degişli ýazgy edilýär;

4) ýuridik şahs babatda – doly ady, hukuk salgysy; şeýle hem wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, kim tarapyndan berlen we berlen senesi) we onuň bu ýuridik şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, kim tarapyndan berlen we berlen senesi);

19. Kitabyň “Gelip gowşan resminamalar” diýen sütüninde gelen resminamalaryň umumy sanawy, ýagny, resminamanyň ady, rekwizitleri (belgisi, kim tarapyndan berlen we berlen senesi), nusgasynyň sany (her goşulan resminamanyň asyl nusgasynyň we göçürme nusgasynyň sany) görkezilýär.

20. Kitabyň “Arza berijiniň ýüztutmasynyň maksady” diýen sütüninde gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýeri, bolan ýagdaýynda ady, kadastr, inwentar tertip belgisi (bolan ýagdaýynda, eger bolmasa şertli belgisini, öň bellige alnan bolsa), şeýle hem arza berijiniň arzasy boýunça gozgalmaýan emläge bolan hukuk (hukugyň borçlanmasynyň) görnüşi; düzediş girizmek barada, Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmek barada we beýleki ýazgylar ýazylýar.

21. Kitabyň “Resminamalary kabul eden” diýen sütüninde resminamalary kabul eden we Döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza gol çeken döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär.

22. Kitabyň “Kabul edilen çözgüt” diýen sütüninde kabul edilen resminamalaryň seredilmeginiň netijesi barada maglumatlar görkezilýär, ýagny:

1) hukuk, hukugyň borçlanmasy, geleşik döwlet tarapyndan bellige alnanda, bu sütünde “döwlet tarapyndan bellige alyndy” diýen sözlem we bellige alyş belgisi;

2) bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilende – “bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderildi”;

3) bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy togtadylanda – “döwlet tarapyndan bellige alynmagy togtadyldy”;

4) Döwlet sanawyna üýtgetmeler (goşmaçalar) girizilende –“üýtgetmeler (goşmaçalar) girizildi”;

5) Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişler girizilende –“düzedişler girizildi” diýen we ş.m. ýazgylar ýazylýar, şeýle hem, bu sütünde degişli çözgütleriň kabul edilen seneleri hem-de düzediş girizilmeginiň esasy görkezilýär.

23. Kitabyň “Berlen resminamalar” diýen sütüninde arza berijilere berlen, bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderlendigi, döwlet tarapyndan bellige alynmagy togtadylandygy barada kararlaryň nusgasynyň, ýalňyşlyklar düzedilendigi we ş.m. boýunça degişli taraplara ýazmaça görnüşinde berlen habaryň rekwizitleri, bellige alyş ýazgysy ýazylan hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) berlen gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň rekwizitleri we beýleki habarlar hem görkezilýär.

24. Kitabyň “Bellikler” diýen böleginde şol ýazga degişli bolan goşmaça maglumatlar, bellikler girizilýär.

Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmegi we onuň ýatyrylmagy barada gelip gowşan kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykarylan namalar hasaba alnanda, bolan hukuklaryň borçlanmalary barada bu bölekde Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitapdaky şol ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär.

25. Arza berijä döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalaryň sanawy görkezilen, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin beren arzasynyň döwlet bellige alyjysy tarapyndan gol çekilen göçürme nusgasy berilýär.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalar kabul edilende, Bellige alyş işi açylýar.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilen ýagdaýynda kitapda resminamalaryň kabul edilendigi barada ýazgy edilmeýär. Şunda Bellige alyş işi açylmaýar. Şeýle ýagdaýda, Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada maglumatlar döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynda (şu Tertibe 7-nji goşundy) ýöredilýär.

Arza berijä bolsa, döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada karar (şu Tertibe 8-nji goşundy) berilýär. Bu

kararda döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilmegiň esasy görkezilmäge degişlidir hem-de resminamalar kabul edilmän yzyna gaýtarylmalydyr.

Resminamalary kabul etmekden ýüz dönderlendigi barada kararda döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär hem-de karar onuň goly bilen tassyklanylýar we möhri bilen berkidilýär. Bu berilýän kararyň göçürme nusgasy Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada kararyň berilmegi bilen bagly toplanan resminamalary özünde saklaýan kitapda (şu Tertibe 9-njy goşundy) jemlenilip saklanylýar.

Mundan başga-da, «Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasyna laýyklykda, 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň ýüze çykan, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin ýüz tutulanda, arza berijide ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan özüniň hukugynyň, hukugyň borçlanmasynyň döremegine esas bolup durýan hukuk belleýji resminama bar bolup, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýer bölegine degişli hukuk belleýji resminamalar bolmadyk halatynda, döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýär we arza berijä ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada karar (şu Tertibe 10-njy goşundy) berilýär hem-de indiki iş gününden gijä galman, Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan degişli häkimlige gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýer bölegine degişli hukuk belleýji resminamanyň ýoklugy bilen bagly, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada häkimlige berilýän habarnama (şu Tertibe 11-nji goşundy) we ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada kararyň nusgasy we ýüz tutanda bar bolan resminamalaryň göçürme nusgalary ugradylýar. Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada häkimlige iberilýän ugradyş haty hem-de Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi baradaky kararyň nusgasy we gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza hem-de ýüz tutanda bar bolan resminamalaryň göçürme nusgalary ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada kararyň berilmegi bilen bagly resminamalary özünde saklaýan kitapda jemlenilip saklanylýar.

26. Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi hakynda karar Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine goşulan 17-nji goşundysyna laýyklykda berilýär. Şunda, bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmeginiň esasy görkezilmäge degişlidir hem-de kabul edilen resminamalaryň asyl nusgalary yzyna gaýtarylmalydyr.

Bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi hakynda Kararda döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär hem-de Karar onuň goly bilen tassyklanylýar we möhri bilen berkidilýär. Bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi hakynda Kararyň göçürme nusgasy Bellige alyş işine çatylýar. Şol obýekt boýunça soňra ýüz tutulan ýagdaýynda bellige alyş işi täze açylman, dowam etdirilýär.

27. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada Çözgütde döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär hem-de Çözgüt onuň goly bilen tassyklanylýar we möhüri bilen berkidilýär. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada Çözgüt Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibiniň 16-njy goşundysyna laýyklykda berilýär. Şunda, bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagynyň esasy hem-de möhleti görkezilmäge degişlidir. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada Çözgüdiň nusgasy Bellige alyş işine çatylýar. Şol obýekt boýunça soňra ýüz tutulan ýagdaýynda bellige alyş işi täze açylman, dowam etdirilýär.

28. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada gozgalmaýan emlägi hasaba alyş edaralaryna we beýleki döwlet edaralaryna habar şu Tertibiň 12-nji goşundysyna laýyklykda berilýär. Zerur bolan ýagdaýynda, arza berijä hem Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada habar şu Tertibiň 13-nji goşundysyna laýyklykda berilýär. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada gozgalmaýan emlägi hasaba alyş edaralaryna we beýleki döwlet edaralaryna iberlen habaryň nusgasy Bellige alyş işine çatylýar.

Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada habarda Döwlet sanawynda bellige alnan gozgalmaýan emläge bolan hukugyň (hukugyň borçlanmasynyň) görnüşi we bellige alnan senesi hem-de belgisi görkezilýär.

Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada habarda döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär hem-de habar onuň goly bilen tassyklanylýar we onuň möhri bilen berkidilýär.

29. Kitaba düzedişleriň girizilmegi oňa degişli ýazgynyň girizilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Kitaba girizilen maglumatlar düzedilende, öňki bar bolan ýazgylary olaryň üsti çyzylanyndan soň hem ilki görnüşinde okamaga mümkinçilik bolmalydyr.

Düzedilen maglumatlardan soň şu görnüşdäki “*” belgi goýulýar. Ýalňyş girizilen maglumatlaryň ýazylan setiriniň “Bellikler” diýen böleginde, eger “Bellikler” diýen bölegi boş bolmasa, onda setiriň boş ýerinde şu “*” belgi goýlup, “düzedilenlere ynanmaly” diýen sözler ýazylýar hem-de düzedişi girizen döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, düzedişi girizmegiň senesi, esasy (sebäbi) görkezilip goly hem-de möhri bilen tassyklanylýar.

30. Dolup ýapylan kitaplar edaralaryň arhiwinde saklanylýar.

Kitap hemişelik saklanylýan resminamalara degişlidir. Onuň ýok edilmegine ýol berilmeýär.

Kitap tükelleýiş kitapda hasaba alynmaga degişlidir.

31. Gullugyň ýerli edarasyna hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda berlen arza bu arzany beren şahs tarapyndan öz islegi boýunça (bu pursata çenli degişli hukuk bellige alynmadyk bolsa) islendik wagtynda yzyna alnyp bilner. Şunda, degişli bellige alyş hereketleri döwlet bellige alyjysy tarapyndan geçirilmeýär. Yzyna alnan arza artykmaçlyk hukugyny ýitirýär.

Hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda berlen arza bu arzany beren şahs tarapyndan öz islegi boýunça yzyna alnanda, şol arza bilen bagly ýygnalan resminamalar Hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda berlen yzyna alnan arza bilen bagly resminamalar saklanylýan kitapda (şu Tertibe 14-nji goşundy) saklanylýar. Soňra, ol resminamalar şol emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasy bellige alnanda bellige alyş işine çatylýar. Resminamalar bellige alyş işinde we bellige alyş işiniň ýazgysynda kabul ediş yzygiderliginde resminamalaryň kabul edilip alnan senelerine laýyklykda ýerleşdirilýär.

32. Gullugyň, Gullugyň welaýatlardaky müdirlikleriniň, olaryň ýerli edaralarynyň döwlet bellige alyjylary hem-de hukuk maslahatçylary tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlary berilýär we aýratyn gelen halatynda bu babatda olar tarapyndan Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlarynyň berilmeginiň hasaba alyş kitaby (şu Tertibe 15-nji goşundy) ýöredilýär. Talap edilen halatynda berlen hukuk maslahaty ýazmaça görnüşinde hem berlip bilner.

## IV bap. Döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky arzany doldurmagyň tertibi

33. Döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza (mundan beýläk – arza) şu Tertibiň 16-njy goşundysyna laýyklykda doldurylýar.

34. Arzanyň 1-nji “Arza berijiler” diýen böleginde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli arza bilen ýüz tutmaga ygtyýarly bolan şahs babatda şu aşakdaky kybaplaşdyryş maglumatlar görkezilýär:

1) fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, raýatlygy, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy;

2) ölen sahs babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, ölen senesi (ölüm hakyndaky şahadatnamanyň belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen);

3) ýuridik şahs babatda – doly ady, hukuk salgysy, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi;

4) arza arza berijiniň wekili tarapyndan berilýän halatynda arza berijiniň wekili babatda familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy, şeýle-de onuň ygtyýarlylygy ynanç haty, kanunçylyk, kazyýetiň çözgüdi esasynda gelip çykýan resminama laýyklykda anyklanylýar we ýazgy edilýär;

35. Arzanyň 2-nji “Arza berijiniň wekili (wekilleri)” diýen böleginde döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza, arza berijiniň wekili tarapyndan berlende doldurylýar.

Şunda, arza berijiniň wekili barada kybaplaşdyryş maglumatlar şu Tertibiň otuz dördünji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda görkezilýär hem-de onuň bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy görkezilýär (ady, belgisi, senesi kim tarapyndan berlen).

36. Arzanyň 3-nji böleginde oňa bolan hukuk, hukugyň borçlanmasyny (görkezip) döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň geçirilmegi haýyş edilýän gozgalmaýan emlägiň obýekti, onuň salgysy (ýerleşýän ýeri), bolan ýagdaýynda kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri, hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi görkezilýär.

37. Arzanyň 4-nji “Döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalar” diýen böleginde arza beriji tarapyndan berlen resminamalaryň rekwizitleri (asyl we göçürme nusgalaryň sanyny görkezmek) bilen görkezilýär.

Resminamalaryň rekwizitleri diýip resminamalaryň adyna, berlen senesine we belgisine, resminamany beren edaranyň adyna düşünilýär.

38. Arzanyň 5-nji “Goşmaça maglumatlar” diýen böleginde döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan başga maglumatlar görkezilip bilner. Şeýle hem, “şu arzanyň göçürme nusgasyny aldym” diýen ýazgy beýan edilýär we arza berijä gol çekdirilýär. Şeýle-de, bu bölekde arza berijiniň Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň bu obýekte bolan hukugyň

borçlanmasynyň (ipotekanyň) hem bellige alynýandygy barada duýdurylandygy barada bellik edilýär we arza berijä gol çekdirilýär.

39. Arzanyň 7-nji “Arza beriji (ler), wekili” diýen böleginde arza berijiniň (onuň wekiliniň) familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär we goly goýulýar.

40. Arzanyň 8-nji “Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar” diýen böleginde:

1) “Arzanyň belgisi” diýen sütüninde bellenilen tertipde berlen arzanyň Kitapdaky tertip belgisi görkezilýär;

2) “Senesi we wagty” diýen sütüninde arzanyň Kitapda bellige alnan senesi we wagty görkezilýär;

3) “Şu arzanyň 4-nji böleginde görkezilen döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalaryň asyl nusgasy we göçürme nusgasy kabul edilip alyndy.” diýen ýazgy beýan edilýär;

4) “Döwlet bellige alyjysy” diýen sütüninde döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, san belgili möhrüniň belgisi görkezilýär we goly goýulýar.

41. Döwlet tarapyndan bellige alynmagyny togtatmak hakynda arza, Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arza, Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmek hakynda arza degişlilikde şu Tertibiň 17-nji, 18-nji, 19-njy goşundylaryna laýyklykda doldurylýar.

42. Arzanyň blankasynyň doldurylmadyk böleklerinde kese çyzyk belgisi goýulýar.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga

gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş

kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

1-nji goşundy

**Görnüş 01**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby**

| T/b | Müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi | Gelip gowşan belgisi, senesi we wagty | Arza beriji | Gelip gowşan resmin amalar | Arza berijiniň ýüztutmasy-nyň maksady | Resmin amalary kabul eden (familiýasy, ady, atasynyň ady, goly) | Kabul edilen çözgüt | Berlen resminamalar | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *4:01* | *1:2:03:2018* | *Amanowa Gülçire Gurdowna, 01.02.1984-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doglan, pasport I-DZ 224678 Daşoguz şäheriniň häkimi tarapyndan 12.08.2002-nji ýylda berlen, Daşoguz şäheriniň Ahal köçesini* | *1.Daşoguz şäher häkiminiň 12.03. 2012ý çykaran N 341 belgili karary;* *2. Aşgabat şäheriniň döwlet notarial edarasynyň 25.10. 2019ý. №8555 belgi bilen hasaba alnan* | *Daşoguz şäheriniň A.Tahyrow köçesiniň 11-nji jaýýna bolan* *eýeçilik hukugy* *Inwentar 123 belgili* | *Berdiýew Kemal Meredowiç* | *Döwlet tarapyndan bellige alyndy* *4:01:123:22:03:2018* | *Şahadatnma N123(0100023)* - *Arzanyň göçürme nusgasy* Bellik: Eger hukuk belleýji resminamada tassyklaýjy ýazgy edilse onda şol resminamanyň ady görkezilýär - | |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | *ň 11-nji jaýynda ýazgyda duran.* | *satyn almak-satmak şertnamasy;* | | | | | |

Bellik: Sütünde ýazylanlar mysal üçin görkezilen.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip

gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş

kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

2-nji goşundy

**Görnüş 01 A**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby**

| T/b | Aşgabat şäher müdirliginiň, onuň ýerli edarasynyň we Döwlet tarapyndan bellige alynma | Gelip gowşan belgisi, senesi we wagty | Arza beriji | Gelip gowşan resminamalar | Arza berijiniň ýüztutmasynyň maksady | Resminamalary kabul eden (familiýasy, ady, atasynyň ady, goly) | Kabul edilen çözgüt | Berlen resmin ama-lar | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi | | | | | | | | | |
| 1 | *1:01:01* | *01:12:03:2018* | *Amanowa Gülçire Gurdowna, 01.02.1984-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doglan, pasport I-DZ 224678 Daşoguz şäheriniň häkimi tarapyndan 12.08.2002-nji ýylda berlen, Daşoguz şäheriniň Ahal köçesiniň 11-nji* | *1. Aşgabat şäher häkiminiň 12.03.2012ý çykaran N 341 belgili karary;*<br>*2. Aşgabat şäheriniň döwlet notarial edarasynyň 25.10.2019ý. №8555 belgi bilen hasaba* | *Eýeçilik hukugy* | *Berdiýew Kemal Meredowiç* | *Döwlet tarapyndan bellige alyndy*<br>*4:01:123:22:03:2018* | *Şahadatnma N123(010002)*<br>*Arzanyň göçürme nusgasy*<br>Bellik: Eger hukuk belleýji resminamada tassyklaýjy ýazgy edilse onda şol resminamanyň ady görkezilýär | |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | *jaýynda ýazgyda duran.* | *alnan satyn almak-satmak şertna masy;* | | | | | |

Bellikler: 1) bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen;

2) sütünde ýazylanlar mysal üçin görkezilen.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip

gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş

kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

3-nji goşundy

**Görnüş 73**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

______________________________________________________________

(Gullugyň müdirliginiň doly ady)

Gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby

20___ýyl (ýyllar)

__________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty “___”_____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty “___”_____________ 20___ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan

resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň

ýöredilmeginiň Tertibine

4-nji goşundy

**Görnüş 74**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

_________________________________________________________________

(Gullugyň müdirliginiň doly ady)

Ugradylýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby

20___ýyl (ýyllar)

__________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty "___"_____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty "___"_____________ 20___ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

5-nji goşundy

**Görnüş 01**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edaranyň doly ady)

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby

20___ýyl (ýyllar)

__________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty “___”_____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty “___”_____________ 20___ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

6-njy goşundy

**Görnüş 01 A**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

_______________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edaranyň doly ady)

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby

20___ýyl (ýyllar)

__________________________

(Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi (her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän kitabynyň belgisi), kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Bellik: 1) bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen;

2) doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan

resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň

ýöredilmeginiň Tertibine

7-nji goşundy

**Görnüş 06**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitaby**

| T/b | Gelip gowşan belgisi, senesi we wagty | Arza beriji | Bildirilen resmina-malar | Arza berijiniň ýüztutmasy- nyň maksady | Resmina-malary kabul etmekden ýüz dönderil-megiň esasy | Resminamalary kabul etmekden ýüz dönderen (familiýasy, ady, atasynyň ady, goly) | Berlen resmina-malar | Kararyň belgisi we senesi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

8-nji goşundy

**Görnüş 46**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary**

**kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada**

**KARAR**

**“__”_________________ 20___ ý.**

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk

______________________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

_________________________________________________ __________ __________________

(salgysy)
(tel/faks belgisi)

Men _________________________________________________________________

(karary kabul edeniň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

"__" _____________________20__ý. №____________ döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky arza, arza goşulan resminamalara seredip,

**ANYKLADYM**

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________

(resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilmegiň esasy)

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karar bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň ellinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz döndermek üçin esaslar *(degişlisini ýazmaly, degişli bolmadyk esaslary aýyrmaly):*

1) döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza bellenen tertipde berilmedik bolsa;

2) arza berijide (onuň ygtyýarly wekilinde) şahsyýetini tassyklaýan resminamasy bolmasa;

3) hukuk belleýän resminamany beren şahsyň gozgalmaýan emläk babatda ygtyýarlyk etmek hukugyna ygtyýarlygy bolmasa;

4) hukuklaryň bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan hemme resminamalaryň berilmezligi ýa-da berlen resminamalaryň görnüşi ýa-da mazmuny boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa;

5) arzada görkezilen hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň bellige alynmagy Gullugyň başga ýerli edarasynyň ygtyýarlygyna degişli bolsa;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň ellinji bölegine laýyklykda:

**KARAR EDÝÄRIN:**

______________________________________________________________

(degişli kadalaşdyryjy hukuk namanyň adyny ýazmaly)

______________________________________________________maddasy (bölümi) esasynda gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugy (hukugyň borçlanmasyny) döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz döndermeli.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň ellinji böleginde göz öňüne tutulan ýagdaýlarynyň aradan aýrylmagy bilen arza beriji resminamalary umumy esaslarda döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin tabşyryp biler.

3. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderildi we Arza beriji (ler) tarapyndan berlen resminamalar kabul edilmän yzyna berildi.

4. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilmegi ýokarda durýan edara ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

________________ __________________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

9-njy goşundy

**Görnüş 75**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada kararyň berilmegi bilen bagly toplanan resminamalary özünde saklaýan kitap**

20___ýyl (ýyllar)

Tertip belgi ___

Başlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

10-njy goşundy

**Görnüş 47**

**Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada**

**KARAR**

**“__”________________ 20___ ý.**

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk

_________________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

______________________________________________ __________ _________________

(salgysy)
(tel/faks belgisi)

Men _________________________________________________________________

(karary kabul edeniň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

“___” ____________________20___ ý. №___________ döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky arza, arza goşulan resminamalara seredip,

**ANYKLADYM**

_________________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________________________________________________________________

(hukuk eýesi, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýeri barada maglumat)

ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugy 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň ýüze çykan. Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin ýüz

tutulanda arza berijide ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan özüniň hukugynyň (hukugyň borçlanmasynyň) döremegine esas bolup durýan hukuk belleýji resminamasy bar, emma gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýer bölegine degişli hukuk belleýji resminamalary ýok.

**KARAR EDÝÄRIN:**

"Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasynyň ýedinji bölegine hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň ellinji bölegine laýyklykda,___________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

(hukuk eýesi, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýeri barada maglumat)

gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugyny (hukugyň borçlanmasyny) döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz döndermeli.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň ellinji böleginde göz öňüne tutulan ýagdaýlarynyň aradan aýrylmagy bilen arza beriji resminamalary umumy esaslarda döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin tabşyryp biler.

3. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderildi we Arza beriji (ler) tarapyndan berlen resminamalar kabul edilmän yzyna berildi.

4. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilmegi ýokarda durýan edara ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

_________________ ____________________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

11-nji goşundy

**Görnüş 48**

**Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada häkimlige berilýän habarnama**

**“__”________________ 20___ ý.**

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

_________________________________________________________________

(etrap, şäher häkimliginiň ady)

_________________________________________________________________

(arza berijiniň ady, familiýasy, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy)

ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugy 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň ýüze çykan. Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin ýüz tutulanda arza berijide ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan özüniň hukuk, hukugyň borçlanmasynyň döremegine esas bolup durýan hukuk belleýji

resminamanyň barlygy, emma gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýer bölegine degişli hukuk belleýji resminamalaryň ýoklugy sebäpli, “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda, döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada habar berilýär.

Habarnamanyň ýanyna Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada kararyň hem-de ýüz tutulanda bar bolan aşakdaky resminamalaryň göçürme nusgalary goşulýar:

1.

2.

3. we ş.m.

_________________ ___________________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

12-nji goşundy

**Görnüş 49**

**Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada gozgalmaýan emlägi hasaba alyş edaralaryna we beýleki döwlet edaralaryna habar**

**“___”_________________ 20___ ý.**

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

“___”_________________ 20__ ý. № ___________________ döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky arza (ýüz tutmalar) boýunça

_____________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýekti, salgysy (ýerleşýän ýeri))

bolan_________________________________________________________________

(hukuk, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi)

Döwlet sanawynda “___” ___________20 ___ý. _______________belgi bilen bellige alyndy.

_________________ _____________________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

13-nji goşundy

**Görnüş 50**

**Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada habar**

**“__”_________________ 20___ ý.**

______________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

Siziň “__”_________________ 20__ ý. № ___________________ döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky arzaňyz boýunça

______________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýekti, salgysy (ýerleşýän ýeri), meýdany)

bolan__________________________________________________________________

(hukuk, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi)

Döwlet sanawynda “___” ___________20 ___ý. ___________belgi bilen bellige alyndy.

_________________ _____________________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

14-nji goşundy

**Görnüş 76**

**Hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda berlen yzyna alnan arza bilen bagly resminamalar saklanylýan kitap**

20___ýyl (ýyllar)

Tertip belgi ___

Başlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip

gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş

kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

15-nji goşundy

**Görnüş 77**

**Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlarynyň berilmeginiň hasaba alyş kitaby**

| T/b | Ýüztutmanyň senesi we wagty | Hukuk maslahatyň gysgaça mazmuny | Hukuk maslahatyny beren döwlet bellige alyjysy | Hyzmatyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi | Hukuk maslahatyny alan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady, goly | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

16-njy goşundy

**Görnüş 34**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda**

**ARZA**

______________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

1. Arza beriji (ler): _________________________________________________________________

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
____________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, raýatlygy, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady, salgysy (ýerleşýän ýeri); hukuk eýesi ölen sahs babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, raýatlygy, ölen senesi);

2. Arza berijiniň (leriň) wekili (leri): __________________________________________________

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi)

3. ___________________________________________________________________

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýekti, onuň salgysy (ýerleşýän ýeri), bolan ýagdaýynda kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri)

______________________________________________________________________

(hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi)

döwlet tarapyndan bellige alynmagyny geçirmegiňizi haýyş edýärin.

4. Döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalar:

1)____________________________________________________________________

2)____________________________________________________________________
______________________________________________________________________

5. Goşmaça maglumatlar: ____________________________________________________________

Şu arzanyň göçürme nusgasyny aldym_______________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

6. Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň bu obýektine bolan hukugyň borçlanmasynyň (ipotekanyň) bellige alnandygy barada duýduryldym ________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

(*Ipoteka hakynda şertnamasy boýunça girewine goýlan gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşigi we/ýa-da oňa bolan eýeçilik hukugynyň geçmegi döwlet belligine alnanda hukuk geçýän şahsa duýdurylyp, gol çekdirilýär*)

7. Arza beriji(ler), wekili: ________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

8. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar:

Arzanyň belgisi: _____________ Senesi we wagty: ____________________________________

Şu arzanyň dördünji böleginde görkezilen döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalaryň asyl nusgasy we göçürme nusgasy kabul edilip alyndy.

Döwlet bellige alyjysy _________ _________ _______________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

17-nji goşundy

**Görnüş 35**

**Döwlet tarapyndan bellige alynmagyny togtatmak hakynda**

**ARZA**

_______________________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

1. Arza beriji (ler): ____________________________________________________________

_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________

_______________________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri); ölen sahs babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, ölen senesi);

2. Arza berijiniň (leriň) wekili (leri): ____________________________________________

_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi)

3. ____________________________________________________________________________

_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýekti, salgysy (ýerleşýän ýeri), bolan ýagdaýynda kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri)

_______________________________________________________________________________

(hukuk, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi)

döwlet tarapyndan bellige alynmagyny togtatmagyňyzy haýyş edýärin.

4. Goşmaça maglumatlar: ______________________________________________________

_______________________________________________________________________________

5. Arza beriji(ler), wekili: ____________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

6. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar

Arzanyň belgisi: _______________ Senesi we wagty: _______________________

Döwlet bellige alyjysy ______ _____ __________________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

18-nji goşundy

**Görnüş 36**

**Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda**

**ARZA**

__________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

1. Arza beriji (ler): ___________________________________________________

__________________________________________________________________

__________________________________________________________________

__________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan

wagty, bellige alan edaranyň ady, salgysy (ýerleşýän ýeri); ölen şahs babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, ölen senesi);

2. Arza berijiniň (leriň) wekili (leri): ________________________________________

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi)

3. ____________________________________________________________________

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýekti, salgysy (ýerleşýän ýeri), bolan ýagdaýynda kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri)

__________________________________________________________________________

(hukuk, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi)

döwlet tarapyndan bellige alnanda ýazgylarda goýberlen ýalňyşlyklary düzetmegiňizi haýyş edýärin.

4. Ýazgylarda goýberlen ýalňyşlyklary düzetmek üçin berlen resminamalar:

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

5. Goşmaça maglumatlar: _______________________________________________

6. Arza beriji(ler), wekili: _______________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

7. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar:

Arzanyň belgisi: _____________ Senesi we wagty: _________________________

Döwlet bellige alyjysy ______ _________ _________________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

19-njy goşundy

**Görnüş 37**

**Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmek hakynda**

**ARZA**

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

1. Arza beriji (ler): _____________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)

2. Arza berijiniň (leriň) wekili (leri): ________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

_________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň

ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi)

3. Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmegiňizi haýyş edýärin

________________________________________________________________________

________________________________________________________________________
________________________________________________________________________

(üýtgetmäniň (goşmaçanyň) mazmuny)

4. Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmek üçin berlen resminamalar:

________________________________________________________________________
________________________________________________________________________
________________________________________________________________________

5. Goşmaça maglumatlar: ____________________________________________

6. Arza beriji(ler), wekili: ____________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

7. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar:

Arzanyň belgisi: ___________ Senesi we wagty: _______________________

Döwlet bellige alyjysy ______ ________ ____________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Türkmenistanyň Adalat ministriniň

2019-njy ýylyň 12-nji martynda

çykaran 19-iş belgili buýrugy bilen

tassyklanyldy

**Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň**

**Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna (mundan beýläk-Kanun) we “Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy döretmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Bellige alyş işi gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen arzalary, hukuk belleýän resminamalary (olaryň göçürmelerini), maglumatlary, degişli beýleki hatlary we resminamalary saklamak maksady bilen ýöredilýär.

3. Bellige alyş işi Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň (mundan beýläk – Döwlet sanawy) resminamasynyň biri bolup durýar.

4. Bellige alyş işi Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň (mundan beýläk – Gulluk) welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki müdirlikleriniň (mundan beýläk – Gullugyň müdirlikleri) şäherlerdäki we etraplardaky ýerli edaralarynyň (mundan beýläk – Gullugyň ýerli edaralary) döwlet bellige alyjylary tarapyndan ýöredilýär.

Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne Gullugyň başga ýerli edarasynda bellige alyş hereketlerini amala aşyrmak ýüklenilip bilner. Şunda üstüne başga ýerli edarada bellige alyş hereketlerini amala aşyrmak ýüklenilen döwlet bellige alyjysy Döwlet sanawynyň resminamalarynda we ony alyp barmak bilen bagly beýleki resminamalarda özlerine berkidilen möhürlerini basýarlar.

**II bap. Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň tertibi**

5. Bellige alyş işiniň ýöredilmegi kagyz we elektron görnüşinde amala aşyrylýar.

6. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

7. Bellige alyş işi gozgalmaýan emlägiň obýektiniň döredilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanda açylýar we gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanda ýapylýar.

Şunda, eger-de Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen arza hasaba alnyp, bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilse, şol arza bilen bagly ýygnalan resminamalar Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilendigi bilen bagly resminamalar saklanylýan kitapda (şu Tertibe 1-nji goşundy) saklanylýar. Soňra, ol resminamalar şol emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasy bellige alnanda bellige alyş işine çatylýar. Şu halatlarda resminamalar bellige alyş işinde we bellige alyş işiniň ýazgysynda kabul ediş yzygiderliliginde resminamalaryň kabul edilip alnan senelerine laýyklykda ýerleşdirilýär.

8. Bellige alyş işi her bir gozgalmaýan emlägiň obýektine aýratynlykda açylýar. Gozgalmaýan emläge bolan hukugy, hukugyň borçlanmasyny döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin zerur bolan ähli resminamalar bellige alyş işinde ýerleşdirilýär. Şeýle hem, bellige alyş işine onuň bilen bagly beýleki resminamalar hem goşulýar (döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza, Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada Çözgüt, Bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi hakynda Karar, Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakyndaky netijenamanyň nusgasy we ş.m.). Eger-de, arzada bellige alynmagy barada görkezilýän hukuk ýa-da borçlanma bilen bagly hukuk öň döwlet belligine alnyp, bellige alyş işi öň açylan bolsa, döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada Kararyň nusgasy hem şol öň açylan bellige alyş işine goşulýar.

Eger-de, arzada bellige alynmagy barada görkezilýän hukuk ýa-da borçlanma bellenilýän hukuk öň döwlet belligine alynman, bellige alyş işi açylmadyk bolsa, döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza we döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi baradaky Kararyň nusgasy, bu Karar bilen degişli taraplaryň tanyşdyrylandygy barada

deliller (ugradyş haty ýa-da Karary alandygy baradaky alanyň familiýasy, ady, atasynyň ady, goly we alan senesi görkezilen Kararyň göçürme nusgasy) Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada kararyň berilmegi bilen bagly toplanan resminamalary özünde saklaýan kitapda (Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibiniň 9-njy goşundysy) jemlenilip saklanylýar. Soňra, ol resminamalar şol emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasy bellige alnanda bellige alyş işine çatylýar. Şu halatlarda resminamalar bellige alyş işinde we bellige alyş işiniň ýazgysynda kabul ediş yzygiderliginde resminamalaryň kabul edilip alnan senelerine laýyklykda ýerleşdirilýär.

Bellige alyş işine kagyz görnüşinde ýerleşdirilýän resminamalar kompýuter enjamlary (skaner) arkaly elektron görnüşinde hem jemlenilýär. Şunda bellige alyş işindäki we bellige alyş kitabyndaky hukuk belleýji maglumatlar elektron göterijä geçirilýär we elektron göteriji bellige alyş işinde saklanylýar. Her hukuk eýesi üýtgände, Döwlet sanawyna üýtgetmeler (goşmaçalar), düzedişler girizilende, hukugyň borçlanmalary bellige alnanda, Bellige alyş kitabyndaky ýazgylar kazyýetiň çözgüdi esasynda ýatyrylanda, gozgalmaýan emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, başga birine geçmeginiň, bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy kazyýet tertibinde hakyky däl diýip ykrar edilende we beýleki ýagdaýlarda degişli maglumaty özünde saklaýan täze elektron göteriji hem täze işe goşulýar. Gozgalmaýan emläge bolan hukuk barada berilýän maglumatlaryň göçürme nusgasy bellige alyş işine goşulýar.

9. Bellige alyş işi gozgalmaýan obýektiň kadastr, inwentar tertip belgileri, olar bolmadyk halatynda bellenilen tertipde berilýän şertli tertip belgisi bilen kybaplaşdyrylýar.

Bellige alyş işi şertli tertip belgisi bilen kybaplaşdyrylan halatynda, gozgalmaýan emlägiň obýektine bellenilen tertipde kadastr, inwentar tertip belgisi berlenden soň şertli tertip belgisi inçe kese çyzyk bilen çyzylýar we degişli kadastr, inwentar tertip belgisi girizilýär.

Hasaba alyş belgisinden emele gelýän, Bellige alyş işiniň belgisi onuň baş sahypasynda (şu Tertibe 2-nji goşundy) görkezilýär. Şeýle hem, baş sahypasynda döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň degişli ýerli edarasynyň ady, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň görnüşi (ýer bölek, bina, desga, gurluşygy tamamlanmadyk obýekt, ýaşalýan jaý, ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar), gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri), bellige alyş işiniň açylan wagty, bellige alyş işiniň ýapylan wagty hem görkezilýär.

10. Bellige alyş işinde resminamalar olaryň kabul edilýän yzygiderliligi boýunça belgilenilýär hem-de saklanylýar.

11. Her bir bellige alyş işiniň birinji sahypasynda özünde bar bolan arzalary we resminamalary (resminamalaryň göçürme nusgalary) barada maglumaty özünde jemleýän bellige alyş işiniň ýazgysy (şu Tertibe 3-nji goşundy) bardyr.

Ýazgy yzygiderli ýazmak ýörelgesi boýunça alnyp barylýar. Onda her bir resminama üçin onuň bellige alyş işindäki tertip belgisi, resminamalaryň (resminamalaryň göçürme nusgalarynyň) atlary we rekwizitleri, bellige alyş işinde ýerleşýän sahypasynyň san belgisi, resminamalaryň (resminamalaryň göçürme nusgalarynyň) bellige alyş işine salnan senesi, resminamalary (resminamalaryň göçürme nusgalaryny) bellige alyş işine salan işgäriň bellikleri (bolan ýagdaýynda) görkezilýär.

Ýazgy onuň soňunda döwlet bellige alyjysynyň goly bilen tassyklanylýar.

12. Eger ýazga girizilýän maglumatlar bir sahypa sygmaýan bolsa, ýazgynyň goşmaça sahypasy goşulýar.

Bellige alyş işiniň sahypalary tertip san belgisi bilen belgilenilýär (1-den başlap) we ähli sahypalary tikilýär, bellige alyş işiniň soňky sahypasynyň arka tarapynda sahypalarynyň umumy sany görkezilýär. Bellige alyş işiniň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyza döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar hem-de onuň möhri bölekleýin dört burç kagyzy we bellige alyş işiniň iň soňky sahypasyny basmalydyr.

Bellige alyş işi tikileninden soňra goşulýan resminamalar ýene-de bellige alyş işiniň dowamy hökmünde goşulýar hem-de resminamalaryň ýazgysy düzülýär (şunda resminamalaryň ýazgysynyň mazmuny goşulýan resminamalara laýyk gelmelidir, öňki bellige alyş işiniň sahypa belgisi dowam etdirilmelidir) we hemme sahypalary bilelikde tikilýär, bellige alyş işiniň soňky sahypasynyň arka tarapynda sahypalarynyň umumy sany görkezilýär. Bellige alyş işiniň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyza döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar hem-de onuň möhri bölekleýin dört burç kagyzy we bellige alyş işiniň iň soňky sahypasyny basmalydyr.

13. Eger-de, bir bellige alyş işi boýunça köp sanly resminamalar toplanan bolsa, bir bellige alyş işini jiltlere bölmek göz öňünde tutulyp bilner. Şunda, her jiltiň baş sahypasynda şol jiltiň tertip belgisi (mysal üçin I jilt ýa-da II jilt we ş.m.) hem görkezilmelidir. Her jilte salnan resminamalaryň sahypalarynyň sany 250 sahypa ýetenden soň, resminamalar täze jiltde dowam etdirilmelidir. Şunda, döwlet bellige alyjysynyň amala aşyran bellige alyş işi boýunça toplanan resminamalary bellige alyş işine ýerleşdirilende, ýerleşdirilýän jiltde resminamalaryň sahypalary 250 sahypadan artyk gelen halatynda hem, şol hereket bilen bagly resminamalar şol jiltde ýerleşdirilýär (mysal üçin: eger öň 245 sahypa bar bolsa, ýene-de şonuň üstüne goşulmaly resminamalar 6 sahypadan ybarat bolsa, ol sahypalar bölünmän 251 sahypa

ýa-da ondan köp sahypa boljak bolsa-da, şol jilte goşulyp bilner). Resminamalaryň ýazgysy şu jiltde bolan resminamalara laýyk gelmelidir.

Yzygiderli açylan bir bellige alyş işiniň soňky açylan jiltine salynýan resminamalar öňki jiltiň dowamy bolmalydyr, olaryň sahypalarynyň we ýazgysynyň belgilenilmegi yzygiderli dowam etdirilmelidir.

14. Bellige alyş işine girizilen resminamalar ondan aýrylmaga degişli däldir.

15. Ýazga düzedişleriň girizilmegi oňa täze ýazgynyň ýazylmagy arkaly amala aşyrylýar.

16. Bellige alyş işi gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanda ýapylýar (bölünmegi, bölünip aýrylmagy, goşulmagy, ýatyrylmagy we ş.m.). Ýapylýan bellige alyş işiniň iň soňky jiltiniň baş sahypasynda ýapylmagyň sebäbi barada bellik edilýär, şunda şu gozgalmaýan emlägiň obýektiniň esasynda dörän gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar tertip belgisi görkezilýär (bolmadyk ýagdaýynda – şertli tertip belgisi). Bölünmegi, bölünip aýrylmagy, goşulmagy esasynda dörän gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň bellige alyş işiniň baş sahypalarynda täze dörän gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň kadastr, inwentar (bolmadyk ýagdaýda – şertli tertip) belgisi görkezilýär. Bellikler böleginde öň bar bolan gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar (bolmadyk ýagdaýda – şertli tertip) tertip belgisi - “Öňki (ozalky) kadastr tertip belgisi”, “Öňki (ozalky) inwentar tertip belgisi”, “Öňki (ozalky) şertli tertip belgisi” diýip öňki obýektleriň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri görkezilýär.

17. Bellige alyş işi açylanda onuň baş sahypasynyň “Bellige alyş işiniň açylan wagty” diýen böleginde onuň açylan senesi görkezilýär.

Bellige alyş işi ýapylanda onuň baş sahypasynyň “Bellige alyş işiniň ýapylan wagty” diýen böleginde onuň ýapylan senesi görkezilýär.

Ýapylan bellige alyş işlerine resminamalar salynmaýar.

18. Bellige alyş işi (şol sanda ýapylan bellige alyş işi), hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan senesinden 20 (ýigrimi) iş gününiň dowamynda Gullugyň ýerli edarasynyň arhiwine talabalaýyk tabşyrylýar we arhiwiň katalogyna salynýar.

Eger-de, döwlet bellige alyjysy işden çykan halatynda ýa-da zähmet kanunçylygyna laýyklykda zähmet rugsadyna çykan halatynda, gulluk iş saparyna ugradylanda onuň gozgalmaýan emläge bolan degişli hukuklaryny döwlet sanawynda bellige aldyrmak üçin fiziki we ýuridik şahslardan kabul edilip alnan resminamalary Gullugyň müdirliginiň ýolbaşçysy tarapyndan ýörite buýruk çykarmak arkaly döredilen topar tarapyndan kabul edilip alynýar hem-de hereketleri amala aşyrmak üstüne ýüklenilýän döwlet bellige alyjysyna tabşyrylýar.

Eger-de, arhiwçisi bar bölümlerde (müdirlikde) arhiwçi işden çykan halatynda ýa-da zähmet kanunçylygyna laýyklykda zähmet rugsadyna çykan halatynda, gulluk iş saparyna ugradylanda arhiwindäki ähli resminamalary Gullugyň müdirliginiň ýolbaşçysy tarapyndan ýörite buýruk çykarmak arkaly döredilen topar tarapyndan kabul edilip alynýar hem-de arhiw bilen bagly degişli işleri amala aşyrmak üstüne ýüklenilýän jogapkär işgäre ýa-da işe kabul edilen arhiwçä tabşyrylýar.

Bellige alyş işleriniň hemmesi hemişelik saklanylýan resminamalara degişlidir. Olaryň ýok edilmegine ýol berilmeýär.

19. Bellige alyş işleri tükelleýiş kitaplarda hasaba alynmaga degişlidir.

Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň Tertibine 1-nji goşundy

**Görnüş 70**

**Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilendigi bilen bagly resminamalar saklanylýan kitap**

20___ýyl (ýyllar)

__________________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty: “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty: “___” _____________ 20___ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň Tertibine 2-nji goşundy

**Görnüş 71**

Jilt___

________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

**BELLIGE ALYŞ IŞI**

________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň görnüşi)

________________________________________________________________

(kadastr, inwentar, (şertli) tertip belgisi)

________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri)

Bellikler: (bu ýerde öň bar bolan gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar (bolmadyk ýagdaýda – şertli tertip) tertip belgisi - “Öňki (ozalky) kadastr tertip belgisi”, “Öňki (ozalky) inwentar tertip belgisi”, “Öňki (ozalky) şertli tertip belgisi” diýip öňki obýektleriň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri görkezilýär)

Bellige alyş işiniň belgisi ____________

(hasaba alyş belgisinden emele gelýär)

Bellige alyş işiniň açylan wagty:___________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuk döwlet belligine alnan wagty görkezilýär)

Bellige alyş işiniň ýapylan wagty:__________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bes edilmegi bilen oňa bolan hukugyň bes edilmeginiň döwlet belligine alnan senesi görkezilýär)

-

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň Tertibine 3-nji goşundy

**Görnüş 72**

Sahypa _____

**Bellige alyş işiniň ýazgysy**

| T/b | Resminamalaryň (resminamalaryň göçürme nusgalarynyň) atlary we rekwizitleri | Bellige alyş işinde ýerleşýän sahypasynyň san belgisi | Resminamalaryň (resminamalaryň göçürme nusgalarynyň) bellige alyş işine girizilen senesi | Bellikler |
|---|---|---|---|---|
| 1 | *Arza* | *1* | *23.03.2019* | |
| | | | - | |

_________________  _____________________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: Sütünde ýazylanlar mysal üçin görkezilendir.

Türkmenistanyň Adalat ministriniň

2019-njy ýylyň 12-nji martynda

çykaran 19-iş belgili buýrugy bilen

tassyklanyldy

**Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň**

**Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibi (mundan beýläk-Tertip) "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna, "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna, "Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy döretmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Bellige alyş kitaby (mundan beýläk - Kitap) Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň (mundan beýläk - Döwlet sanawy) resminamasynyň biri bolup durýar.

3. Kitap Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň (mundan beýläk – Gulluk) welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki müdirlikleriniň (mundan beýläk – Gullugyň müdirlikleri) şäherlerdäki we etraplardaky ýerli edaralarynyň (mundan beýläk – Gullugyň ýerli edaralary) döwlet bellige alyjylary tarapyndan ýöredilýär.

Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne Gullugyň başga ýerli edarasynda bellige alyş hereketlerini amala aşyrmaklyk ýüklenilip bilner. Şunda üstüne başga ýerli edarasynda bellige alyş hereketlerini amala aşyrmak ýüklenilen döwlet bellige alyjysy Döwlet sanawynyň resminamalarynda we ony alyp barmak bilen bagly beýleki resminamalarda özlerine berkidilen möhürlerini basýarlar.

## II bap. Kitabyň ýöredilmeginiň tertibi

4. Kitabyň ýöredilmegi kagyz we elektron görnüşlerinde amala aşyrylýar.

5. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

6. Kitap her bir gozgalmaýan emlägiň obýekti barada maglumatlary saklaýan bölümlerden ybaratdyr. Bölüm gozgalmaýan emlägiň anyk obýekti barada, onuň kadastr, inwentar tertip belgisini we degişli bellige alyş işine salgylanmany, bu obýekte eýeçilik we beýleki emläk hukuklar barada, hukuk eýesi barada, hukuklaryň borçlanmalary we bu obýekt bilen bagly geleşikler barada, amala aşyrylan bellige alyş hereketler barada, Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary), düzedişleri girizmek barada we beýleki ýazgylar barada maglumatlary özünde jemleýär.

7. Kitabyň bellige alyş çäginiň çäklerinde ýöredilmegi Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Kitabyň her bölümi gozgalmaýan emlägiň anyk obýekti babatda maglumatlary özünde jemlemelidir.

8. Gozgalmaýan emlägiň degişli obýekti iki we ondan köp bellige alyş çäginiň çäklerinde ýerleşýän bolsa, onda bu gozgalmaýan emlägiň obýektiniň meýdanynyň köp bölegi ýerleşýän bellige alyş çäginde oňa bolan degişli hukuk döwlet tarapyndan bellige alynýar.

Gozgalmaýan emlägiň degişli obýekti iki we ondan köp bellige alyş çäginiň çäklerinde ýerleşýän bolsa we bu gozgalmaýan emlägiň obýektiniň meýdany ýerleşýän bellige alyş çäklerinde deň bolsa, oňa bolan degişli hukuk arza berijiniň islegine görä bu bellige alyş çäkleriniň haýsy hem bolsa birinde döwlet tarapyndan bellige alnyp bilner. Şunda, bu barada gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çägindäki Gullugyň degişli ýerli edarasyna, Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çäginde gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumat (şu Tertibe 1-nji goşundy) hat üsti bilen ugradylýar. Bu hatyň göçürme nusgasy bellige

alyş işine çatylýar. Bu maglumaty we haty alan degişli ýerli edara tarapyndan bu resminamalar Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çäginde gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumatlary özünde saklaýan kitaba (şu Tertibe 2-nji goşundy) çatylýar.

9. Kitabyň her bölümi gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar tertip belgisi bilen kybaplaşdyrylýar. Eger gozgalmaýan emlägiň obýektine bellenilen tertipde kadastr, inwentar tertip belgisi berilmedik bolsa, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kybaplaşdyrylmagy oňa Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan şu Tertibiň VI babynda bellenilen tertipde berilýän şertli tertip belgisi boýunça amala aşyrylýar.

10. Kitabyň bölümleri gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bitewiliqi ýörelgesi boýunça ýerleşdirilýär. Binalar, desgalar ýa-da gozgalmaýan emlägiň başga obýektleri hakynda maglumatlary özünde jemleýän bölümler olaryň ýerleşýän ýer bölegi hakyndaky maglumatlary özünde jemleýän bölümiň göni yz ýanynda ýerleşýär. Üzňeleşdirilen jaýlar hakynda maglumatlary özünde jemleýän bölümler gös-göni olaryň ýerleşýän bina, desga degişli bölümiň yz ýanynda ýerleşýär.

11. Kitabyň döredilmegi (açylmagy) hem-de ýapylmagy döwlet bellige alyjylary tarapyndan amala aşyrylýar.

## III bap. Kitaby doldurmagyň düzgünleri

### § 1. Umumy düzgünler

12. Bellige alyş kitabynda baş sahypa (şu Tertibe 3-nji goşundy) bolýar. Baş sahypada döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň degişli ýerli edarasynyň ady, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň görnüşi (ýer bölek, bina, desga, gurluşygy tamamlanmadyk obýekt, ýaşalýan jaý, ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar), kadastr, inwentar (şertli) tertip belgisi, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri), hasaba alyş belgisinden emele gelýän bellige alyş işiniň belgisi, bellige alyş kitabynyň açylan wagty (gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuk döwlet belligine alnan wagty görkezilýär), bellige alyş kitabynyň ýapylan wagty (gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugyň bes edilmegi döwlet belligine alnan wagty görkezilýär) hem görkezilýär.

Kitap bellige alyş sahypalary özünde jemleýän III bölümlerden ybarat:

I bölümindäki bellige alyş sahypalary ýer bölegi barada, hukuk eýesi (eýeleri) barada, ýer bölegine bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary barada, Döwlet sanawyna

üýtgetmeleri (goşmaçalary), düzedişleri girizmek barada, ýer bölegi bilen bagly beýleki bellige alyş hereketler barada ýazgylary özünde jemleýär;

II bölümindäki bellige alyş sahypalary binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri barada hukuk eýesi (eýeleri) barada, gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary barada, Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary), düzedişleri girizmek barada we beýleki bellige alyş hereketler barada ýazgylary özünde jemleýär;

III bölümindäki bellige alyş sahypalary üzňeleşdirilen jaýlar barada, hukuk eýesi (eýeleri) barada, gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary barada, Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary), düzedişleri girizmek barada we beýleki bellige alyş hereketler barada ýazgylary özünde jemleýär.

13. Kitabyň I bölümi ýer bölegine bolan hukuk bellige alnanda döredilýär (açylýar) hem-de ýer böleginiň bes edilmegi (ýapylmagy) döwlet tarapyndan bellige alnanda bes edilýär (ýapylýar).

Eger-de, ýer böleginde degişlilikde binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri ýok bolsa ýa-da bu obýektlerde üzňeleşdirilen jaýlar ýok bolsa, Kitabyň II we III bölümleri bolman hem biler.

Kitabyň II we III bölümleri degişlilikde binalara, desgalara, gurluşygy tamamlanmadyk obýektlere, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlara, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalara, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläklere, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşlerine ýa-da binalarda, desgalarda, gurluşygy tamamlanmadyk obýektlerde, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlarda, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalarda, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläklerde, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşlerinde üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnanda döredilýär (açylýar) hem-de degişlilikde binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri we (ýa-da) bu obýektlerde üzňeleşdirilen jaýlaryň bes edilmegi (ýapylmagy) döwlet tarapyndan bellige alnanda bes edilýär (ýapylýar).

14. Kitabyň her bir bölümi degişli kiçi bölümlerden ybarat:

1-nji kiçi bölümi - gozgalmaýan emlägiň obýekti barada ýazgy;

2-nji kiçi bölümi - gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklary barada ýazgy;

3-nji kiçi bölümi - gozgalmaýan emlägiň obýektlerine hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy;

4-nji kiçi bölümi - gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler (şol sanda geleşigi ýatyrmak hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda taraplaryň baglaşan özara geleşikleri) barada ýazgy;

5-nji kiçi bölümi – gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalary) barada ýazgy;

6-njy kiçi bölümi - gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly düzedişler barada ýazgy;

Gozgalmaýan emlägiň obýektleri, olara bolan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary barada hem-de şol obýektler we hukuklar bilen bagly beýleki ýazgylar aşakdaky görnüşler boýunça doldurylýar:

1) ýer bölegi barada ýazgy şu Tertibe 4-nji goşundy boýunça;

2) bina, desga, gurluşygy tamamlanmadyk obýekt (gozgalmaýan emlägiň başga obýektleri) barada ýazgy şu Tertibe 5-nji goşundy boýunça;

3) emläk toplumlary hökmündäki kärhanalary (emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler) barada ýazgy şu Tertibe 6-njy goşundy boýunça;

4) üzňeleşdirilen jaýlar (ýaşalýan, ýaşalmaýan jaýlar, öýler, otaglar, binalaryň, desgalaryň beýleki düzüm bölekleri) barada ýazgy şu Tertibe 7-nji goşundy boýunça;

5) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy şu Tertibe 8-nji goşundy boýunça;

6) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşik barada ýazgy şu Tertibe 9-njy goşundy boýunça;

7) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgy şu Tertibe 10-njy goşundy boýunça;

8) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgy şu Tertibe 11-nji goşundy boýunça.

15. Kitabyň bölümleri aýratyn sahypalarda alnyp barylýar.

16. “Kadastr tertip belgisi”, “Inwentar tertip belgisi”, “Şertli tertip belgisi” diýen böleklerde gozgalmaýan emlägiň obýektiniň degişli belgileri görkezilýär.

Kitapda gozgalmaýan emlägiň obýektine bölüm öň bar bolan obýektleriň bölünmegi, goşulmagy ýa-da şeýle obýektlerden bölünip aýrylmagy esasynda döredilen bolsa ýa-da obýektiň kadastr, inwentar, şertli tertip belginiň üýtgemegine getiren başga sebäpler ýüze çykan bolsa, onda “Öňki (ozalky) kadastr tertip belgisi”, “Öňki (ozalky) inwentar tertip belgisi”, “Öňki (ozalky) şertli tertip belgisi” diýen böleginde öňki obýektleriň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri görkezilýär.

Eger-de, kitapda öň döredilen gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bölümi täze obýektiň döredilmegi bilen bes edilýän bolsa, onda täze obýektiň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri “Indiki (soňky) kadastr tertip belgisi”, “Indiki (soňky) inwentar tertip belgisi”, “Indiki (soňky) şertli tertip belgisi”diýen böleginde görkezilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kybaplaşdyrylmagy oňa Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bellenilen tertipde berilýän şertli tertip belgisi boýunça amala aşyrylan ýagdaýynda, bu obýekte bellenilen tertipde kadastr, inwentar tertip belgileri berlenden soň Kitabyň degişli sahypasynda şertli tertip belgisiniň üsti çyzyk bilen çyzylýar (ýöne ol öz güýjüni ýitirmeýär we hukuk eýelerine şol wagta çenli berlen ähli resminamalarda galýar) we degişli kadastr, inwentar tertip belgisi girizilýär.

17. Hasaba alyş belgisi döwlet tarapyndan bellige almak üçin resminamalar kabul edilende Gullugyň degişli müdirliginiň we ýerli edarasynyň belgisi, döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda görkezilen gelip gowşan belgisi we senesi esasynda emele gelýär.

Gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň (mundan beýläk-Aşgabat şäher müdirligi) ýerli edaralarynda hasaba alyş belgisi - Aşgabat şäher müdirliginiň, onuň ýerli edaralarynyň belgisi we döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi hem-de döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda görkezilen gelip gowşan belgisi we senesi esasynda emele gelýär.

Bu hasaba alyş belgisi gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary, onuň bilen bagly geleşikler döwlet tarapyndan bellige alnanda “Hasaba alyş belgisi” diýen böleginde Gullugyň degişli müdirliginiň we ýerli edarasynyň belgisi we döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary hasaba alyş kitabyndaky degişli ýazgynyň belgisi we senesi boýunça beýan edilýär. “Hasaba alyş belgisi” şu görnüşde görkezilýär, meselem: “1:01:18:06:08:2018”.

Bu hasaba alyş belgisi gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary, onuň bilen bagly geleşikler Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda döwlet tarapyndan bellige alnanda “Hasaba alyş belgisi” diýen böleginde Aşgabat şäher müdirliginiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi, döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi, döwlet

tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary hasaba alyş kitabyndaky degişli ýazgynyň belgisi we senesi boýunça beýan edilýär. “Hasaba alyş belgisi” şu görnüşde görkezilýär, meselem: 1:01:01:18:06:08:2018

Gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň belgileri şu Tertibiň “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň belgileri” atly 12-nji goşundysyna laýyklykda emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgileri şu Tertibiň “Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgileri” atly 13-nji goşundysyna laýyklykda emele gelýär.

18. Eger Kitabyň bölümlerine girizilýän maglumatlar bir sahypa sygmadyk halatynda, ýazgy goşmaça sahypalarda beýan edilýär, şunda goşmaça sahypalaryň “Sahypa” diýen böleginde sahypalar yzygiderli tertip boýunça alnyp barylýar. Kitabyň bölümleriniň sahypalary olaryň tertip belgisi boýunça ýerleşdirilýär.

Her sahypadaky ýazgylar döwlet bellige alyjysy tarapyndan (adyny, atasynyň adyny, familiýasyny, san belgisini görkezip) gol çekilýär we onuň möhri bilen berkidilýär.

19. Kitabyň bölümlerinde hukuk eýesi (hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs, öz peýdasyna borçlanmalar bellenilen şahs, geleşigiň tarapy) babatda şu aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy;

2) hukuk eýesi ölen şahs babatda - onuň ölenligini tassyklaýan degişli resminamanyň esasynda familiýasy, ady, atasynyň ady, ölen senesi (ölüm hakynda şahadatnamanyň belgisi, berlen senesi, kim tarapyndan berlen) ;

3) ýuridik şahs babatda – doly ady, hukuk salgysy; şeýle hem wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim

tarapyndan berlen) we onuň bu ýuridik şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen);

4) daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, hasaba alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletinde ýerleşýän ýeri. Şunda daşary ýurt ýuridik şahsyň resminamalary döwlet diline terjime edilen we degişli tertipde tassyklanan bolmalydyr;

5) Türkmenistan döwleti babatda - "Türkmenistan" diýen söz;

6) daşary ýurt döwleti babatda - bu döwletiň doly resmi ady.

20. Kitabyň "Hukugy belleýän resminamalar" diýen böleginde olaryň esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamalar hakynda, şu resminamalary kybaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän esasy maglumatlar görkezilýär: resminamanyň ady, belgisi (bolan halatynda), berlen senesi, resminamany beren edaranyň ady we ş.m.

21. Hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň bellige alyş belgisi (mundan beýläk - bellige alyş belgisi) - Gullugyň degişli müdirliginiň we ýerli edarasynyň belgisi, bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynda (şu Tertibe 14-nji goşundy) görkezilen bellige alnan belgisi (bellige alnan belgi-Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyndaky tertip belgiden emele gelýär) we senesi esasynda hukuk, hukugyň borçlanmasy Döwlet sanawynda bellige alnanda emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda bellige alyş belgisi - Aşgabat şäher müdirliginiň we onuň ýerli edarasynyň belgisi, bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgisi, bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynda (şu Tertibe 15-nji goşundy) görkezilen bellige alnan belgisi (bellige alnan belgi- Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynda ýöredilýän bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyndaky tertip belgiden emele gelýär) we senesi esasynda hukuk, hukugyň borçlanmasy Döwlet sanawynda bellige alnanda emele gelýär.

"Bellige alnan senesi we belgisi" diýen böleginde Gullugyň degişli müdirliginiň we ýerli edarasynyň belgisi, hukuk, hukugyň borçlanmasynyň bellige alnan senesi we belgisi görkezilýär. Gullugyň degişli müdirliginiň we edarasynyň belgisi, hukuk, hukugyň borçlanmasynyň bellige alnan senesi we belgisi şu görnüşde görkezilýär, mysal üçin: 1:01:115:22:08:2016 (şu ýerde 1-Gullugyň müdirliginiň belgisi, 01-Gullugyň müdirliginiň ýerli edarasynyň belgisi, 115-bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyndaky tertip belgisi, 22-bellige alnan güni, 08-bellige alnan aýy, 2016-bellige alnan ýyly).

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda "Bellige alnan senesi we belgisi" diýen böleginde Aşgabat şäher müdirliginiň we ýerli edarasynyň belgisi, bellige alnan

hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgisi, hukuk, hukuk borçlanmasynyň bellige alnan senesi we belgisi görkezilýär. Aşgabat şäher müdirliginiň we ýerli edarasynyň belgisi, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgisi, bellige alnan senesi we belgisi şu görnüşde görkezilýär, mysal üçin: 1:01:07:115:22:08:2018 (şu ýerde 1-Gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň belgisi, 01-Gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynyň belgisi, 07-Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynda ýöredilýän bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgisi, 115-bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyndaky tertip belgisi, 22-bellige alnan güni, 08-bellige alnan aýy, 2018-bellige alnan ýyly).

22. Kitabyň “Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri” diýen böleginde gozgalmaýan emlägiň obýektini medeni mirasyň (ýüze çykarylan medeni mirasyň) obýektlerine goşmak, gozgalmaýan emlägiň obýekti babatda kazyýet tertibinde jedelleşilýändigi, kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adamlar barada, hossarlykda (howandarlykda) bolan ýaşaýyş jaýynyň eýesi bilen bile ýaşaýan agzalary barada, ata-enesiniň howandarlygyndan galan ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzalary barada maglumatlar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki maglumatlar görkezilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýekti babatda kazyýet tertibinde jedelleşilýändigi barada maglumatlar, kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen adam barada ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adam barada maglumatlar kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ýazylýar (degişli kazyýet edarasynyň adyny hem-de çözgüdiň rekwizitlerini görkezmek bilen).

23. “Döwlet bellige alyjysy” diýen böleginde ýazgylary amala aşyran döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär, onuň goly bilen tassyklanylýar we möhri bilen berkidilýär.

24. Kitabyň sahypalary 1-den başlanyp belgilenilýär we kitabyň sahypalarynyň umumy sany onuň iň soňky sahypasynda goýulýar. Şeýle hem, kitabyň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär.

Bu ýelmenilen dört burç kagyzda döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar, şeýle hem onuň möhri bilen berkidilýär, bu möhür bölekleýin dört burç sahypany we kitabyň iň soňky kagyzyny basmalydyr.

Bellige alyş kitaby tikileninden soňra goşulýan resminamalar ýene-de bellige alyş kitabynyň dowamy hökmünde goşulýar we hemme sahypalary bilelikde tikilýär, bellige alyş kitabynyň soňky sahypasynyň arka tarapynda sahypalarynyň umumy sany görkezilýär. Bellige alyş kitabynyň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyza döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar hem-de onuň möhri bölekleýin dört burç kagyzy we bellige alyş işiniň iň soňky sahypasyny basmalydyr.

Eger-de, bir bellige alyş kitaby boýunça köp sanly resminamalar toplanan bolsa, bir bellige alyş kitaby jiltlere bölmek göz öňünde tutulyp bilner. Şunda, her jiltiň baş sahypasynda şol jiltiň tertip belgisi (mysal üçin: I jilt ýa-da II jilt we ş.m.) hem görkezilmelidir. Her jilte salnan resminamalaryň sahypalaryň sany 250 sahypa ýetenden soň, resminamalar täze jiltde dowam etdirilmelidir. Şunda, döwlet bellige alyjysynyň amala aşyran bellige alyş işi boýunça toplanan resminamalary bellige alyş kitabyna ýerleşdirilende, ýerleşdirilýän jiltde resminamalaryň sahypalary 250 sahypadan artyk gelen halatynda hem, şol hereket bilen bagly resminamalar şol jiltde ýerleşdirilýär (mysal üçin: eger öň 245 sahypa bar bolsa, ýene-de şonuň üstüne goşulmaly resminamalar 6 sahypadan ybarat bolsa, ol sahypalar bölünmän 251 sahypa ýa-da ondan köp sahypa boljak bolsa-da, şol jilte goşulyp bilner).

Yzygiderli açylan bir bellige alyş kitabynyň soňky açylan jiltine salynýan resminamalar öňki jiltiň dowamy bolmalydyr, olaryň sahypalarynyň we ýazgysynyň belgilenilmegi yzygiderli dowam etdirilmelidir.

Ýazgynyň düzedilmegi we ýatyrylmagy bellige alyş kitabyna degişli ýazgynyň girizilmegi arkaly amala aşyrylýar. Bellige alyş kitabyna girizilen resminamalar ondan aýrylmaga degişli däldir.

25. Hukuk, hukugyň borçlanmasy, geleşik bes edilende Kitabyň degişli ýazgysynda onuň bes edilendigi barada ýazgy edilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýekti bes edilende, onuň bilen bagly Kitapdaky bölüm ýapylýar. Bölümiň ýapylmagyna, ýagny obýektiň bes edilmegine esas bolýan hukuk belleýän resminamalaryň rekwizitleri hem görkezilýär.

26. Bellige alyş kitabyndaky ýazgylar diňe kazyýetiň çözgüdi esasynda ýatyrylmaga, ýazgylara düzedişleriň girizilmegi bolsa Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda degişlidir.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, başga birine geçmeginiň, bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy kazyýet tertibinde hakyky däl diýip ykrar edilip bilner.

27. Ýazgynyň düzedilmegi we ýatyrylmagy bellige alyş kitabyna degişli ýazgynyň girizilmegi arkaly amala aşyrylýar.

28. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy zerur bolan ýagdaýynda, bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada çözgüt şu Tertibiň "Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada çözgüt" atly 16-njy goşundysyna laýyklykda resmileşdirilýär.

29. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi zerur bolan halatynda, bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi

hakynda karar şu Tertibiň “Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi hakynda karar” atly 17-nji goşundysyna laýyklykda resmileşdirilýär.

## §2. Kitabyň bölüminiň 1-nji kiçi bölümini (gozgalmaýan emlägiň obýekti barada ýazgyny) doldurmagyň tertibi

30. Kitabyň bölüminiň 1-nji kiçi bölümi (mundan beýläk - 1-nji kiçi bölümi) degişli bellige alyş çägindäki gozgalmaýan emlägiň obýektlerini hasaba almagy amala aşyrýan döwlet edaralary tarapyndan berlen resminamalaryň esasynda gozgalmaýan emlägiň obýektiniň gysgaça beýanyny özünde jemleýär. 1-nji kiçi bölümine ýazgylar Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda beýleki resminamalaryň esasynda hem girizilip bilner.

31. 1-nji kiçi bölüminde gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň şu görnüşleri barada umumy maglumatlar doldurylýar: ýer bölekleri; binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler; ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar; emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar; emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler; Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri.

Köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emläge degişli bolan köp öýli ýaşaýyş jaýlaryň ýerleşýän ýer bölegi babatda we gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektleri babatda şu emläkleriň köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emlägiň düzümine girýändigi görkezilýär.

32. “Salgysy (ýerleşýän ýeri)” diýen böleginde obýektiň doly salgysy (ýerleşýän ýeri) görkezilýär.

33. “Ady” diýen böleginde obýektiň hususy ady (eger bolsa), obýektiň degişli görnüşiniň umumylaşdyrylan ady görkezilýär (ýer bölegi, ýaşalýan jaýy, öý, köp öýli ýaşaýyş jaýynda ýaşalmaýan öý, gurluşygy tamamlanmadyk obýekt we ş.m.).

34. “Niýetlenilişi” diýen böleginde obýektiň esasy niýetlenilen ugry görkezilýär (ýaşalýan jaý, ýaşalmaýan jaý, önümçilik, ammar, söwda jaýy, ýer zemin we ş.m.; ýer bölekleri üçin rugsat berlen niýetlenilişi-mysal üçin: hususy ýaşaýyş jaýyny gurmaga, ýyladyşhana gurmaga, çörek bişirýän seh we şm).

35. Emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar üçin “Niýetlenilişi” diýen böleginde kärhananyň ýerine ýetirýän işiniň esasy görnüşi görkezilýär. Eger-de kärhananyň ýerine ýetirýän işiniň görnüşini (niýetlenilişini) anyk kesgitlemek mümkin bolmasa, onda “Tertipnamasynda göz öňünde tutulan telekeçilik ýa-da telekeçilik däl işini alyp barmak” diýip görkezilýär.

36. “Meýdany” diýen böleginde gozgalmaýan emlägiň obýektiniň umumy meýdany (ga, $m^2$) görkezilýär (ýer böleginden başga obýektler üçin içerki ölçegi boýunça, zerur bolanda hem ýaşaýyş we peýdaly meýdany).

Gozgalmaýan emlägiň gurluşygy tamamlanmadyk obýekti üçin “Meýdany” diýen böleginde gurulýan obýektiň umumy meýdany we obýektiň taýýarlyk derejesi göterimde görkezilýär, ýodalaýyn gurluşyklarda - onuň gurlan böleginiň uzynlygy görkezilýär.

37. “Gatlygy”, “Ýer asty gatlygy” we “Ýer üsti gatlygy” diýen böleklerde binalar we desgalar (gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri) üçin gatyň, ýer asty gatyň, ýer üsti gatyň sany görkezilýär. Şeýle hem obýektiň otag sany görkezilýär.

38. “Gat” diýen böleginde jaýyň ýa-da öýüň ýerleşýän gatynyň (gatlarynyň) belgisi görkezilýär. “Belgisi” diýen böleginde jaýyň ýa-da öýüň belgisi görkezilýär.

39. “Düzümi” diýen böleginde obýektiň düzümine girýän gozgalmaýan emlägiň obýektleri barada maglumatlar görkezilýär. Eger obýektiň düzüminde gozgalmaýan emlägiň obýektleri ýok bolsa, onda “Gozgalmaýan emlägiň obýektleri ýok” diýip görkezilýär.

“Bahasy” diýen böleginde obýektiň bahasyny tassyklaýan resminamalaryň esasynda onuň bahasy görkezilýär (bahasy kesgitlenen bolsa).

40. Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bes edilmegi bilen kitapda onuň bilen bagly bölümi ýapylýar. “Obýektiň barlygynyň bes edilendigi (bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy) barada ýazgy” diýen böleginde bölümiň ýapylmagyna, ýagny obýektiň bes edilmegine esas bolan resminamalar we olardaky maglumatlar ýazylýar. Kitap ýapylanda Kitabyň baş sahypasynda we bes edilýän gozgalmaýan emlägiň obýekti barada maglumat saklaýan sahypanyň ýüz tarapynda, bellige alyş işiniň baş sahypasynda obýektiň bes edilendigi barada möhürçe basylýar. Bu barada Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynda “obýekt bes edildi” diýip bellik edilýär.

41. Bu bölek doldurylanda Şu Tertibiň VII, XIII babynda beýan edilen kadalar ýerine ýetirilmelidir.

## § 3. Kitabyň bölüminiň 2-nji kiçi bölümini (gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklary barada ýazgyny) doldurmagyň tertibi

42. Kitabyň bölüminiň 2-nji kiçi bölümi (mundan beýläk - 2-nji kiçi bölümi) hukuk belleýän resminamalarda görkezilen maglumatlar esasynda, eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklar barada, geleşikler barada ýazgylary özünde jemleýär.

43. “Hukugyň görnüşi” diýen böleginde eýeçilik hukugy, peýdalanmak hukugy, kärende hukugy, beýleki emläk hukuklary, hojalygy ýörediş hukugy, operatiw dolandyryş hukugy, ynançly dolandyrmak hukugy we ş.m. görkezilýär.

44. “Paý” diýen bölegi obýekt umumy paýly eýeçilik hukugynda bolan halatynda doldurylýar we her bir hukuk eýeleriniň umumy emläkdäki paýy görkezilýär.

“Möhleti” diýen böleginde hukuk belleýän resminamalar esasynda degişli hukugyň möhleti görkezilýär (eger-de möhlet kesgitlenilen bolsa).

45. “Hukuk eýesi” diýen bölegine şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda hukuk eýesi barada maglumatlar girizilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektine umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda, gozgalmaýan emläge hukuklary bolan hemme eýeleri barada maglumatlar bir sahypada “Hukuk eýesi” diýen böleginde görkezilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektine umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda her bir eýesiniň hukugy aýratyn ýazgy görnüşinde aýratyn sahypada bellige alynýar.

Köp öýli ýaşaýyş jaýynda gozgalmaýan emlägiň obýektine umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda “Hukuk eýesi” diýen böleginde şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda köp öýli ýaşaýyş jaýynyň öýleriniň eýeleri barada maglumatlar görkezilýär.

46. “Hukugy belleýän resminamalar” diýen böleginde olaryň esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamalar hakynda, şu resminamalary kybaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän esasy maglumatlar görkezilýär: resminamanyň ady, belgisi (bolan halatynda), berlen wagty, resminamany beren edaranyň ady we ş.m.

47. Hukugyň ýüze çykmagyna geleşik esas bolan bolsa, “Geleşigiň mazmunynyň beýany” diýen böleginde geleşigiň ady we onuň bilen bagly geleşik amala aşyrylýan gozgalmaýan emlägiň obýekti barada maglumat görkezilýär.

48. “Geleşigiň şertleri” diýen böleginde geleşigiň esasy şertleri görkezilýär.

49. “Geleşigiň bahasy” diýen böleginde hukugy belleýän resminamalar esasynda geleşigiň bahasy görkezilýär.

50. “Hukugy belleýän resminamalar” diýen böleginde olaryň esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary ýüze çykýan, başga birine geçýän

we (ýa-da) bes edilýän resminamalar hakynda, şu resminamalary kybaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän esasy maglumatlar görkezilýär: resminamanyň ady, belgisi (bolan halatynda), berlen wagty, resminamany beren edaranyň ady we ş.m.

## § 4. Kitabyň bölüminiň 3-nji kiçi bölümini (gozgalmaýan emlägiň

## obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgyny) doldurmagyň tertibi

51. Kitabyň bölüminiň 3-nji kiçi bölümi (mundan beýläk - 3-nji kiçi bölümi) gozgalmaýan emlägiň obýektlerine hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgylary özünde jemleýär.

52. 3-nji kiçi bölümine hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgylar şu Tertibiň "Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy" atly 8-nji goşundysyna laýyklykda doldurylýar.

53. "Hukugyň borçlanmasynyň görnüşi, beýany" diýen böleginde gozgalmaýan emlägiň obýektine bellenilýän hukugyň borçlanmasynyň görnüşi barada maglumatlar girizilýär. Eger gozgalmaýan emlägiň obýektine tutuşlygyna borçlanma bellenýän bolsa, onda bu bölekde "Tutuş obýekt" diýlip ýazylýar.

"Möhleti" diýen böleginde hukuk belleýän resminamalar esasynda degişli borçlanmanyň başlanan we tamamlanan wagty ýa-da onuň başlanan wagty we dowamlylygy, ýagny borçnamanyň ýerine ýetirilmeli möhleti görkezilýär. Eger-de möhlet kesgitlenilmedik bolsa, onda "Möhlet kesgitlenilmedik" diýip görkezilýär.

"Bahasy" diýen bölegi hukuk belleýän resminamalar esasynda baha kesgitlenen ýagdaýynda doldurylýar.

"Taraplar" diýen böleginde şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda degişli taraplar barada maglumatlar görkezilýär (kärende babatda: kärendesine beriji we kärendeçi barada; ipoteka babatda: girew beriji we girew saklaýjy barada we ş.m.).

"Hukugy belleýän resminamalar" diýen böleginde olaryň esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamalar hakynda, şu resminamalary kybaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän esasy maglumatlar, resminamanyň ady, belgisi (bolan halatynda), berlen wagty, resminamany beren edaranyň ady we ş.m. görkezilýär.

Bu kiçi bölüm doldurylanda şu Tertibiň XXI babynda beýan edilen kadalar ýerine ýetirilmelidir.

**§ 5. Kitabyň bölüminiň 4-nji kiçi bölümini (gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgyny) doldurmagyň tertibi**

54. Kitabyň bölüminiň 4-nji kiçi bölümi (mundan beýläk - 4-nji kiçi bölümi) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler (şol sanda geleşigi ýatyrmak hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda taraplarynyň baglaşan özara geleşikleri) barada ýazgylary özünde jemleýär.

4-nji kiçi bölümine gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler, şol sanda geleşigi ýatyrmak hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda taraplarynyň baglaşan özara geleşikleri barada ýazgylar şu Tertibiň "Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy" atly 9-njy goşundysyna laýyklykda doldurylýar.

55. "Geleşigiň mazmunynyň beýany" diýen böleginde geleşigiň ady we onuň bilen bagly geleşik amala aşyrylýan gozgalmaýan emlägiň obýekti barada görkezilýär.

56. "Geleşigiň şertleri" diýen böleginde geleşigiň esasy şertleri görkezilýär.

57. "Geleşigiň bahasy" diýen böleginde hukugy belleýän resminamalar esasynda geleşigiň bahasy görkezilýär.

58. "Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs" we "Öz peýdasyna borçlanmalar bellenilen şahs" barada şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda maglumatlar görkezilýär.

59. "Hukugy belleýän resminamalar" diýen böleginde olaryň esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamalar hakynda, şu resminamalary kybaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän esasy maglumatlar, resminamanyň ady, belgisi (bolan halatynda), berlen senesi, resminamany beren edaranyň ady we ş.m. görkezilýär.

**§ 6. Kitabyň bölüminiň 5-nji kiçi bölümini (gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgy) doldurmagyň tertibi**

60. Kitabyň bölüminiň 5-nji kiçi bölümi (mundan beýläk - 5-nji kiçi bölümi) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgylary özünde jemleýär.

61. Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgy (şu Tertibe 10-njy goşundy) obýektiň düýpli özgermegine, şeýle hem oňa bolan hukuk, hukugyň borçlanmasynyň bes edilmegine, üýtgemegine ýa-da geçmegine getirmeýän maglumatlary Döwlet sanawyna girizmek üçin ulanylýar. Şeýle maglumatlara fiziki şahsyň adynyň, atasynyň adynyň, familiýasynyň, ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi, ýuridik şahsyň adynyň, ýerleşýän ýeriniň üýtgemegi, şeýle hem ýuridik şahsyň adyndan hereket edip bilýän şahsyň ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi, obýektiň niýetleniliş maksatlarynyň üýtgemegi (ýaşalýan jaýyň ýaşalmaýan jaýa geçirilmegi, ýeriň kategoriýasynyň üýtgemegi we ş.m.) we beýlekiler bolup durýar.

Şunda, Döwlet sanawyna degişli üýtgetmeler (goşmaçalar) barada maglumatlar Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgylar sahypasyny doldurmak arkaly girizilýär, şeýle hem bu sahypa üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmäge esas bolan resminamalar barada maglumatlar (rekwizitler) ýazylýar.

62. Hukugyň bes edilmegine, üýtgemegine ýa-da başga birine geçmegine getirmeýän üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmek üçin şol üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) degişli sahypasynda "Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri" diýen böleginde üýtgetme (goşmaça) girizilýän öňki degişli sahypa üýtgetme (goşmaça) girizilendigini tassyklaýan üýtgetme (goşmaça) girizmek barada möhürçe basylýar. Bu möhürçe döwlet bellige alyjysynyň möhüri bilen berkidilýär. Eger şol bölek öň başga bellik bilen doldurylan bolsa, onda möhürçe öň ýazylan ýazgynyň soňunda, ýagny sahypanyň boş ýerine basylýar. Soňra üýtgetme (goşmaça) girizilýän sahypa üýtgetmeler (goşmaçalar) göz öňüne tutulyp täzeden doldurylýar. Üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgylar sahypasy hem-de üýtgetmeler (goşmaçalar) göz öňüne tutulyp täzeden doldurylan sahypa bellige alyş kitabynda senenama yzygiderliligi saklanylyp ýerleşdirilip tikilýär. Bu sahypalar şu Tertibiň ýigrimi dördünji böleginde bellenilen kadalary berjaý edilip, tikilýär.

## § 7. Kitabyň bölüminiň 6-njy kiçi bölümini (gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgyny) doldurmagyň tertibi

63. Kitabyň bölüminiň 6-njy kiçi bölümi (mundan beýläk - 6-njy kiçi bölümi) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgylary özünde jemleýär.

6-njy kiçi bölümine gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgylar şu Tertibiň “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgy” atly 11-nji goşundysyna laýyklykda doldurylýar.

Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi iki görnüşe bölünýär:

1) tehniki ýalňyşlyk – Döwlet sanawynyň resminamasyndaky düzedilmegi gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagyna, başga birine geçmegine ýa-da bes edilmegine getirmeýän ýalňyşlyk;

2) tehniki däl häsiýetli ýalňyşlyk – Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky düzedilmegi gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagyna, başga birine geçmegine ýa-da bes edilmegine getirip biljek ýa-da gyzyklanýan şahslara zyýan ýetirip biljek ýalňyşlyk.

64. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky ýalňyşlyklar döwlet bellige alyjysy tarapyndan şu aşakdakylar ýaly düzedilýär:

1) tehniki ýalňyşlyklar - hukuk eýesiniň, beýleki gyzyklanýan adamlaryň we edaralaryň arzalary, döwlet bellige alyjysynyň başlangyjy boýunça;

2) tehniki däl häsiýetli ýalňyşlyklar - kazyýetiň çözgüdi boýunça.

65. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky ýalňyşlyklar ýüze çykarylanda, gozgalmaýan emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagyna, başga birine geçmegine ýa-da bes edilmegine getirmeýän tehniki ýalňyşlyklar (hususan-da, sözlerdäki ýalňyşlyklar, sözleriň, sanlaryň goýberilmegi, arifmetiki hasaplamalardaky ýalňyşlyklar), eger-de, olar döwlet tarapyndan bellige alnan hukuk, hukugyň borçlanmasynyň mazmunyny, häsiýetini ýa-da degişliligini üýtgetmeýän bolsa, hukuk eýesiniň, beýleki gyzyklanýan adamlaryň we edaralaryň ýalňyşlygy düzetmek baradaky arzalary boýunça, döwlet bellige alyjysynyň başlangyjy boýunça tehniki ýalňyşlygyň düzedilmegi görnüşinde amala aşyrylýar.

66. Döwlet sanawynyň resminamalarynda ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arza (Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibiniň 18-nji goşundysyna laýyklykda doldurylýar) ýüz tutýan şahs tarapyndan hukuk, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasyna ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça Gullugyň ýerli edarasyna berilýär.

67. Ýalňyşlygy düzetmek üçin ýüz tutýan şahs şolaryň esasynda düzedişleriň geçirilip bilinjekdigini tassyklaýan resminamasynyň we şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasyny goşmalydyr.

Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arzanyň ýanyna gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky çalşylmaga degişli (eger çalşylmaga degişli bolsa) şahadatnama (öň berlen bolsa) hem goşulmalydyr.

Öň berlen şahadatnamany käbir sebäplere göra goşmak mümkin bolmasa, bu barada arzada görkezilýär hem-de Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bu barada bellige alyş işinde we bellige alyş kitabynda degişli bellik edilýär.

68. Degişli hukuk, hukugyň borçlanmasy ýüz tutýan şahsyň ýaşaýan ýerinden başga ýerde bellige alnan halatynda, arza ýüz tutýan şahsyň ýaşaýan ýeri boýunça Gullugyň ýerli edarasyna berlende, bu edara degişli hukuk, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasyna degişli arzany, oňa goşulan resminamalar bilen ugradýar.

Degişli hukuk, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasy degişli arza boýunça geçirilen işler barada bu arzany iberen Gullugyň ýerli edarasyna habar hem-de degişli resminamalary (şahadatnama we beýleki resminamalary) iberýär.

Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arza Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda bellige alynýar.

69. Bellige alyş kitabyndaky Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arzany kabul eden mahalynda döwlet bellige alyjysy bellige alyş kitabynyň ýalňyşlyk göýberilen degişli sahypasyna arzanyň gelendigi hakynda degişli bellik edýär.

70. Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arzalara Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan 10 (on) iş gününiň dowamynda seredilýär.

71. Hukuk eýeleri hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlaryň, ilatly ýerleriň we köçeleriň atlarynyň, jaýlaryň tertip belgileriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly ýa-da başga ýagdaýlarda Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleri girizmeklik hukuk eýeleriniň arzalary ýa-da döwlet edaralaryndan gelýän degişli maglumatlaryň esasynda geçirilýär.

72. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky düzedişler hakynda maglumatlar ýerli edara tarapyndan 3 (üç) iş gününiň dowamynda Döwlet sanawyna girizilmegi üçin Gullugyň müdirligine iberilýär.

73. Tehniki ýalňyşlygyň düzedilmeginiň degişli bellige alyş ýazgylaryna ynam bildiren hukuk eýelerine ýa-da üçünji şahslara zyýan ýetirmejekdigine ýa-da olaryň kanuny bähbitleriniň bozulmajakdygyna esas bar bolan halatlarynda bu tehniki ýalňyşlyk düzedilip bilner.

74. Tehniki ýalňyşlygyň düzedilmeginiň degişli bellige alyş ýazgylaryna ynam bildiren hukuk eýelerine ýa-da üçünji şahslara zyýan ýetirip ýa-da olaryň kanuny bähbitlerini bozup biljekdigine esas bar bolan halatlarynda, şeýle düzediş kazyýetiň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

75. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky ýazgylaryň düzedilmegi gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagyna, başga birine geçmegine ýa-da bes edilmegine getirip biljek ýa-da gyzyklanýan şahslara zyýan ýetirip biljek ýalňyşlyk (tehniki däl häsiýetli ýalňyşlyklar, hususan-da, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ýerleşýän ýeriniň ýa-da çäkleriniň ýalňyş beýan edilmegi, başga hukuk eýesiniň, hukuk, hukugyň borçlanmasynyň görnüşiniň adynyň ýalňyş görkezilmegi, umumy eýeçilikdäki paýlaryň möçberiniň ýoýulmagy), eger-de ýalňyşlyklary düzetmek, döwlet tarapyndan bellige alnan hukuk, hukugyň borçlanmasynyň mazmunyny, häsiýetini ýa-da degişliligini üýtgedýän bolsa, onda ýalňyşlyklary düzetmek kazyýetiň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

76. Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişler girizilýän halatynda Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda netijenama (şu Tertibe 18-nji goşundy) döwlet bellige alyjysy tarapyndan düzülýär.

Tehniki ýalňyşlygyň goýberlendigi, ýalňyşlygyň goýberlen senesi, ýalňyşlygyň häsiýeti, ony aradan aýyrmagyň mümkinçiligi barada maglumat saklaýan Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda netijenama döwlet bellige alyjysynyň goly, möhri bilen berkidilýär.

Şunda, Döwlet sanawyna degişli düzedişler barada maglumatlar Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgylar sahypasyny (şu Tertibe 11-nji goşundy) doldurmak arkaly girizilýär, şeýle hem bu sahypa düzedişleri girizmäge esas bolan resminamalar barada maglumatlar (rekwizitler) ýazylýar.

77. Ýazgylara düzedişler ýazgylardaky degişli maglumatlaryň üstüni çyzmak, täze maglumatlary we/ýa-da goşmaça maglumatlary girizmek arkaly geçirilýär. Şunda, ýazgylardaky öň bar bolan maglumatlaryň üsti ilkibaşdaky mazmunyny okap bolar ýaly edilip çyzylmalydyr.

Bellige alyş kitaplarynyň sahypalarynda “Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri” diýen setirinde düzedişleriň girizilmeginiň esasyny we senesini görkezmek bilen ýazgy ýazylýar, oňa bolsa ýazgy ýazan döwlet bellige alyjysy tarapyndan gol çekilmelidir hem-de onuň möhüri bilen berkidilmelidir. Şeýle-de, düzedişleriň girizilendigi barada ýazgy edilen degişli bölümiň we sahypanyň belgisi hem-de Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda netijenamanyň düzülen senesi görkezilýär.

78. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan ýalňyşlyklaryň düzedilendigi hakynda habar (şu Tertibe 19-njy goşundy) degişli hukuk eýelerine 10 (on) iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde berilýär. Habaryň ýanyna Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda netijenamanyň göçürme nusgasy “nusga dogry” diýen ýazgy goýlup, gol çekilip, möhür bilen berkidilip goşulýar.

79. Döwlet bellige alyjysynyň günäsi bilen goýberilen ýalňyşlyklaryň düzedilmegi hem-de ýalňyşlyklary bolan resminamalaryň çalşyrylmagy muzdsuz amala aşyrylýar.

80. Eger-de döwlet tarapyndan bellige alynmagy döwlet edarasy tarapyndan berlen resminama esasynda amala aşyrylan bolsa hem-de düzedişler şol resminamadaky maglumatlara degişli bolsa, ýalňyşlyklary düzetmek şol döwlet edarasy tarapyndan berlen degişli resminama degişli üýtgetmeler (goşmaçalar) girizilenden soň amala aşyrylmalydyr. Eger-de, hukuk belleýji resminamanyň asyl nusgasyna bellige alyş ýazgysy ýazylan bolsa, düzedişleriň girizilmegi bilen bagly hukuk belleýji resminamany beren edara tarapyndan onuň öwezligi berlen bolsa, şol resminamanyň öwezliginde möhürçe basylýar, möhürçede bellige alyş ýazgysy doldurylýar hem-de döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, goly goýulýar we möhüri bilen berkidilýär..

81. Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleri girizmekden ýüz dönderilmegi ýa-da nädogry girizilen düzedişler barada ýüz tutýan şahs tarapyndan Gullugyň ýerli edarasynyň ýokarda durýan edarasyna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

82. Hukugyň bes edilmegine, üýtgemegine ýa-da başga birine geçmegine getirmeýän düzedişler girizmek üçin şol düzedişleriň degişli sahypasynda “Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri” diýen böleginde düzedişler girizilýän öňki degişli sahypa düzedişler girizilendigini tassyklaýan ýazgy edilýär. Bu ýazgy döwlet bellige alyjysynyň möhüri bilen berkidilýär.

83. Tehniki ýalňyşlyklar Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgylarynda, bellige alyş ýazgysynda, gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamada goýberlip bilner.

84. Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda netijenama laýyklykda Gullugyň ýerli edarasynyň döwlet bellige alyjysy tarapyndan Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna we/ýa-da bellige alyş ýazgysyna zerur bolan degişli düzedişleri girizilýär. Eger ýalňyşlyk gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamada bolsa, täze eýeçilik hukugy baradaky şahadatnama resmileşdirilýär, ol bolsa ýüz tutýana berilýär ýa-da ýaşaýan ýerinde ýüz tutýana gowşurmak üçin degişli Gullugyň ýerli edarasyna iberilýär. Berk hasabatlylykda bolan blanklarda taýýarlanýan gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky öň berlen şahadatnamalar (olarda ýalňyşlyk ýüze çykarylanda) bellenilen tertipde hasapdan çykarylmaga we ýok edilmäge degişlidir.

## IV bap. Hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň, geleşikleriň bes edilendigi baradaky ýazgylar

85. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň degişli sahypasynyň ýüz tarapynda hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň, geleşikleriň bes edilendigi baradaky ýazgylar bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçe bilen berkidilýär. Bu bellige

alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçe döwlet bellige alyjysynyň möhüri bilen tassyklanýar.

86. Eger hukuk onuň täze hukuk eýesine geçmegi sebäpli bes edilen bolsa, onda bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçede goşmaça täze ýüze çykan hukuk barada ýazgy edilen degişli bölümiň we sahypanyň belgisi hem-de täze ýüze çykan hukugyň bellige alyş belgisi görkezilýär. Eger hukugyň borçlanmasy doly bes edilmän, beýleki bir fiziki ýa-da yuridik şahsyň peýdasyna üýtgedilýän bolsa, onda bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçede şol borçlanma barada täze ýazgy edilen degişli bölümiň we sahypanyň belgisi görkezilýär.

87. Eger hukuk täze hukuk eýesine geçmän bes edilen ýa-da hukuklaryň borçlanmalary doly bes edilen bolsa, onda bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçede täze ýazga salgylanma edilmeýär.

## V bap. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabyndaky ýazgylaryň ýatyrylmagy

88. Döwlet sanawynyň resminamasy bolup durýan bellige alyş kitabyndaky ýazgylar diňe kanuny güýje giren kazyýetiň çözgüdi esasynda ýatyrylmaga degişlidir.

89. Ýazgynyň ýatyrylmagy bellige alyş kitabyna kazyýet tertibinde ýatyrylandygy baradaky ýazgynyň girizilmegi arkaly amala aşyrylýar.

90. Bellige alyş kitabynda kazyýetiň çözgüdi esasynda ýazgy ýatyrylanda bellige alyş kitabyna (degişli bölümlerini gaýtadan doldurmak arkaly) gozgalmaýan emlägiň öňki bolan hukuk eýesi barada maglumatlar ýazylýar we öň hukuk eýesiniň hukugynyň, hukugynyň borçlanmasynyň ýüze çykmagyna esas bolan hukuk belleýji resminamalaryň maglumatlary we hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň öňki bellige alnan senesi görkezilýär. Eger öňki hukuk eýesiniň hukugy, hukugynyň borçlanmasy öň döwlet belligine alynmadyk bolsa, onda bellige alyş kitabynyň degişli bölümleri täzeden doldurylýar, şunda şol günki bellige alnan senesi görkezilýär.

## VI bap. Gozgalmaýan emlägiň obýektine şertli tertip belgisini bermegiň tertibi

91. Gozgalmaýan emlägiň obýektine şertli tertip belgisi Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan gozgalmaýan emläge bolan hukuklar we onuň bilen bagly geleşikler döwlet

tarapyndan bellige alnanda, eger gozgalmaýan emlägiň obýektine bellenilen tertipde kadastr, inwentar tertip belgisi berilmedik bolsa, degişli gozgalmaýan emlägiň obýektine Döwlet sanawynda bölüm açylanda berilýär.

92. Şertli tertip belgisi Gullugyň müdirliginiň, müdirligiň ýerli edarasynyň belgileri, döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndaky degişli ýazgynyň belgisi we senesi boýunça emele getirilýär (mysal üçin: 1:01:1:01:01:2018).

93. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda, Şertli tertip belgisi - Aşgabat şäher müdirligiň, müdirligiň ýerli edarasynyň belgileri, döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň belgisi, döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndaky degişli ýazgynyň belgisi we senesi boýunça emele getirilýär (meselem:1:01:01:1:01:01:2018).

94. Gozgalmaýan emlägiň obýektine berilýän şertli tertip belgisi kitabyň degişli sahypasynyň “Şertli tertip belgisi” diýen böleginde görkezilýär.

95. Gozgalmaýan emlägiň obýektine berlen şertli tertip belgisi bu gozgalmaýan emläge bolan hukugyň başga birine geçmegi ýa-da bes edilmegi, hukuklaryň borçlanmalary hem-de bu obýekt bilen bagly geleşikler bellige alnanda üýtgemeýär.

## VII bap. Ýer bölegine bolan hukugyň döwlet tarapyndan

## bellige alynmagy

### § 1. Umumy düzgünler

96. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlaryndan başga ýagdaýlarda ýer bölegine bolan hukuk döwlet belligine alynmaga degişlidir. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, ýer bölegine bolan şu hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary döwlet belligine alynmaga degişlidir:

1) eýeçilik hukugy;

2) hojalygy ýörediş hukugy;

3) operatiw dolandyryş hukugy;

4) ýer bölegine mirasa goýmak hukugy bilen eýelik etmek hukugy;

5) ynançly dolandyrmak hukugy;

6) ýer böleginiň bäş ýyldan köp möhlet bilen kärende hukugy;

7) ýer bölegini peýdalanmak hukugy;

8) ipotekadan ýüze çykýan hukuklar;

9) serwitutlar;

10) döwlet emlägi döwletiň eýeçiliginden aýrylanda we hususylaşdyrylanda ýer bölegi babatda bellenilýän hukuklar we borçlanmalar;

11) kazyýet edaralarynyň çözgütlerinden gelip çykýan hukuklar;

12) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan halatlarda, ýer bölegine bolan başga hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary.

97. Ýer böleklerine bolan hukuklaryň döwlet belligine alynmagy üçin bellenilen çäkleri bolan ýer böleginiň barlygy, ýerleşýän ýeri, meýdany hakynda ýer böleginiň ýerleşýän ýerinde geçirilen barlaglaryň netijeleriniň esasynda ýygnalan maglumatlaryň bolmagy zerurdyr. Ilki bilen şol ýer bölegi tehniki hasaba alynmalydyr, şeýle hem onuň peýdalanyjysy döwlet hasabyna alynmalydyr. Ýer böleginiň tehniki hasaba alynmagy hem-de onuň peýdalanyjylaryny döwlet hasabyna almak şol ýerleriň ýerleşýän ýeri boýunça etrabyň (şäheriň) döwlet ýer kadastr kitabyna degişli maglumatlary girizmek bilen ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

98. Ýer bölegine bolan hukugy döwlet belligine almak üçin esas bolup, şol hukugy kepillendirýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan resminamalar hyzmat edýär.

Ýer bölegine hukugy kepillendirýän aşakdaky resminamalardyr:

1) ýer bölegine hususy eýeçilik hukugyna - ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy;

2) ýerden peýdalanmak hukugyna - ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy;

3) ýer böleklerine kärende hukugyna - ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama.

99. Ýer böleginiň eýesiniň, ýerden peýdalanyjynyň, ýer kärendeçisiniň ýer bölegine bolan degişli hukugy ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama esasynda döwlet tarapyndan bellige alynýar.

100. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 53-nji maddasyna laýyklykda, ýer böleklerini satyn almak-satmak, çalyşmak, peşgeş bermek we girewe goýmak gadagan edilýär.

101. Ýer bölegine bolan degişli hukuk döwlet belligine alnanda, şu Tertipde bellenilen tertip boýunça ýer bölegi babatda degişli maglumatlar Bellige alyş kitabyna girizilýär. Ýer bölegine bolan degişli hukuk Bellige alyş kitabynyň I-nji bölüminiň “Ýer bölegi barada ýazgy” atly 1-nji kiçi bölüminiň hem-de “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklar barada ýazgy” atly 2-nji kiçi bölüminiň ýer bölegi barada, hukuk eýesi barada, ýer bölegine bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary barada, ýer bölegi bilen bagly geleşikler barada ýazgylary özünde jemleýän maglumatlar bilen doldurylmagy arkaly bellige alynýar. Kitapda I-nji bölümi ýer bölegine bolan hukuk bellige alnanda döredilýär (açylýar) hem-de ýer böleginiň bes edilmegi (ýapylmagy) döwlet belligine alnanda bes edilýär (ýapylýar).

102. Ýer böleginde degişlilikde binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda, gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri ýok bolsa, kitapda II-nji we III-nji bölümler döredilmeýär. Ýer bölegi barada maglumatlar şu Tertibiň “Ýer bölegi barada ýazgy” atly 4-nji goşundysyna laýyklykda doldurylýar.

103. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, ýer böleginiň kadastr belgisiniň, ýagny ýer böleginiň onuň bar bolan döwrüniň bütin dowamynda saklanyp galýan we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berilýän Türkmenistanyň çäginde gaýtalanmaýan hususy belgisiniň bolmagy zerurdyr. Kitabyň I-nji bölümi gozgalmaýan emlägiň obýektiniň döwlet belligine alynmagy hakynda maglumatlary, onuň kadastr, şertli tertip belgisini, öňki we soňky kadastr (şertli) tertip belgisini we degişli hasaba alyş belgisini, bellige alyş belgisini, bellige alyş işiniň belgisini özünde jemleýär. Eger, ýer bölegine bellenilen tertipde kadastr tertip belgisi berilmedik bolsa, kitapda Bellige alyş kitabynda ýer böleginiň kybaplaşdyrylmagy oňa Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan berilýän şertli tertip belgisi boýunça amala aşyrylýar.

104. Hukuklar we olaryň borçlanmalary bellige alnanda, Döwlet sanawynda binalar, desgalar hakynda maglumatlary özünde jemleýän bölümler olaryň ýerleşýän ýer bölegi hakyndaky maglumatlary özünde jemleýän bölümiň göni yz ýanynda ýerleşdirilýär. Üzňeleşdirilen jaýlar hakynda maglumatlary özünde jemleýän bölümler gös-göni bina, desga degişli bölümiň yz ýanynda ýerleşmelidir.

105. 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli gurlan binany, desgany, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralar (ýa-da beýleki degişli hukuk eýeleri) tarapyndan bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, onuň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň döwlet belligine alynmandygyna

garamazdan, şol binada, desgada, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerinde ýerleşýän üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň döwlet belligine alynmagy hakynda hukuk eýeleri tarapyndan arza berlen halatynda, şol binada, desgada, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerinde ýerleşýän üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary döwlet belligine alynýar, ýer bölegi, binalar, desgalar hakynda maglumatlary özünde jemleýän bölümler, üzňeleşdirilen jaýlaryň ýerleşýän degişli binasyny, desgasyny, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralaryň (ýa-da beýleki degişli hukuk eýeleriniň) bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugy döwlet belligine alnanda doldurylýar.

106. Ýer böleginiň bölünmegi, gaýtadan bölünmegi netijesinde iki ýa-da ondan-da köp ýer bölegi emele gelen bolsa, emele gelen ýer bölekleriniň hemmesi tehniki hasaba alynmalydyr, şeýle hem olaryň peýdalanyjylary döwlet hasabyna alynmalydyr. Şeýle-de, olara bolan hukuklar bellige alynmalydyr. Şunda öňki ýer bölegi (ondan ýer bölekleri emele gelen), ýagny bölünen ýer böleginiň tehniki hasapdan (kadastr hasabyndan) aýrylmagy we bu ýer bölegine bolan hukugyň bes edilmeginiň döwlet belligine alynmagy bilen birlikde emele gelen ýer bölekleri tehniki hasaba alynýar, şeýle hem olaryň peýdalanyjylary döwlet hasabyna alynýar hem-de olara bolan hukuklar bellige alynýar.

107. Ýer böleginiň eýesiniň, ýerden peýdalanyjynyň, ýer kärendeçisiniň ýer bölegine bolan degişli hukugynyň ýüze çykmagyny, başga birine geçmegini, bes edilmegini döwlet belligine almak üçin şular esas bolup bilýär:

1) ygtyýarlyklarynyň çäginde we şol nama çykarylan wagtynda we ýerinde hereket eden kanunçylyk namalary bilen bellenilen tertibe laýyklykda döwlet häkimiýet edaralary ýa-da öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilen namalar;

2) ýer bölekleri bilen bagly Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda baglaşylan şertnamalar we beýleki geleşikler;

3) mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama;

4) kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi;

5) Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan berlen ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama;

6) ýere bolan hukugyny döwlet belligine aldyrmak üçin ýüz tutýan şahsa öňki hukuk eýesinden ýere bolan hukugy geçirmek barada amala aşyrylan ýerinde hereket eden kanunçylyga laýyklykda berlen beýleki namalar;

7) zähmetkeşler deputatlarynyň şäher (raýon) Sowetiniň ispolkomynyň gurluşyk we arhitektura işleri baradaky ýerli edaralary bilen indiwidual ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin

ýer uçastogyny ömürlik peýdalanmaga bermek hakynda baglaşylan şertnama (tipli şertnama);

8) oba ilatly kolhozlarda, sowhozlarda we beýleki oba hojalyk kärhanalarynda, edaralarynda, guramalarynda ýer böleklerini bölüp bermek baradaky oba Sowetleriniň hojalyk depderlerindäki hem-de oba hojalyk kärhanalarynyň, edaralarynyň we guramalarynyň ýer baradaky şnurlanan depderlerindäki tassyklaýjy ýazgy;

9) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, hukugyň ýüze çykmagyny, başga birine geçmegini (borçlandyrylmagyny), bes etmegini tassyklaýan beýleki resminamalar.

108. Ýer bölegine hukugy kepillendirýän resminamalar, bu resminamalaryň berlen wagtyndan ugur alyp, iki topara bölünýär:

1) 1-nji topara - 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan soň ýüze çykan ýer böleginiň eýesiniň, ýerden peýdalanyjynyň, ýer kärendeçisiniň ýer bölegine bolan hukugyny tassyklaýan resminamalar;

2) 2-nji topara - 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň ýüze çykan ýer böleginiň eýesiniň, ýerden peýdalanyjynyň, ýer kärendeçisiniň ýer bölegine bolan degişli hukugyny tassyklaýan resminamalar degişlidir.

109. 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan soň ýüze çykan ýer böleginiň eýesiniň, ýerden peýdalanyjynyň, ýer kärendeçisiniň ýer bölegine bolan degişli hukugy diňe ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama esasynda döwlet belligine alynýar.

110. 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň ýüze çykan, ýer bölegine bolan hukuk döwlet belligine alnanda, arza beriji tarapyndan ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama berilmeginiň mümkinçiligi bolmadyk halatynda, şol resminamalar bolmazdan, häkimiň ýer böleklerini eýeçilige bermek, kärendä bermek hakyndaky karary, şeýle hem ýer böleginiň bölünip berlendigi barada maglumatlary saklaýan we bu ýer bölegine bolan hukuga güwä geçýän degişli hukuk ýüze çykan pursatynda Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda berlen degişli resminamalar esasynda ýer bölegine bolan hukuk döwlet belligine alynýar. Arza beriji ýer böleginiň ilkinji eýesi bolman, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emläge bolan hukugyň geçmegi netijesinde, ýer bölegine eýelik edýän bolup, ýokarda görkezilen resminamalar onuň adyna resmileşdirilmedik bolsa hem, ýer böleginiň öňki ilkinji eýesiniň adyna ýer böleginiň berlendigini tassyklaýan ýa-da soňky eýeleriniň haýsy hem bolsa birine ýer böleginiň degişlidigini tassyklaýan, şu görkezilen resminamalar esasynda, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emläge bolan hukugyň geçmegi netijesinde, ýer bölegine bolan hukuk döwlet belligine alynýar.

111. Ýer bölegine bolan hukuklar döwlet belligine alynmagy üçin ýer bölegine bolan hukuklary tassyklaýjy namanyň şol nama berlen wagty hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklygy barlanylmaga we şol resminamalar talap edilmäge degişlidir.

112. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň $42^{1}$-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, ýer böleginiň hukuk eýesi (eýesi, peýdalanyjy, kärendeçi) tarapyndan amala aşyrylan geleşikler ýer böleginiň bölünmegine, ýere bolan hukugyň görnüşiniň üýtgemegine getirýän bolsa, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emläge bolan hukugyň geçmegi bilen baglylykda, ýer bölegine bolan hukugyň geçendigini tassyklaýan ýere hukuk belleýji resminamalar arza beriji tarapyndan berilmedik halatynda, ýer böleklerine we ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emläge bolan hukuk bellige alynmaýar. Şeýle halatlarda, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugyň bellige alynmagy şol obýektiň ýerleşýän ýer bölegine degişli hukuk döwlet belligine alnandan soňra amala aşyrylýar.

113. Ýer bölegi bölünen ýagdaýynda emele gelen ýer bökleriniň eýeleriniň adyna degişli häkimiň karary esasynda ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama  resmileşdirilýär.

114. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň $53^{1}$-nji maddasyna laýyklykda, eger-de eýeçilikde bolan gurluşyk edilen bir ýer böleginde birnäçe eýeleriň eýeçiliginde bir we birden köp obýekt ýerleşen ýagdaýynda, bu ýer bölegi umumy eýeçilikde bolup durýar diýlip hasap edilýär. Umumy eýeçilikde durýan ýer bölegine bu ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy ýer bölegine hukugy bolan şahslaryň her biriniň görkezilen paýy boýunça olaryň hersine aýratynlykda resmileşdirilýär.

115. Ýer bölegine bolan umumy bilelikdäki ýa-da umumy paýly eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagynyň aýratynlyklary şu Tertibiň X babynda göz öňünde tutulandyr.

## § 2. Ýer bölegine bolan hususy eýeçilik hukugy

116. Ýer bölekleri Türkmenistanyň raýatlaryna şu aşakdaky maksatlar üçin hususy eýeçilige berlip bilner:

1) oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygyny alyp barmak-mellek ýeri üçin;

2) şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin;

3) oba hojalyk önümini öndürmek üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna laýyklykda, daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň, öň uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanylýan ýerlerinden.

117. Türkmenistanyň raýatlarynyň ýere hususy eýeçilik hukugy hususy eýeçilige berlende we raýat-hukuk geleşikleriniň netijesinde, ýaşaýyş jaýa ýa-da gurluşyga eýeçilik hukugynyň Türkmenistanyň başga raýatyna geçmegi bilen, şeýle-de eýeçilik hukugynyň mirasdüşerlik tertipde geçmeginde ýüze çykýar. Ýer bölegine eýeçilik hukugyny bermek we geçirmek ýeriň maksatly niýetlenilişini hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

118. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 20-nji maddasyna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna we ýuridik şahslara, şeýle hem daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna ýer bölekleri diňe kärendesine berlip bilner.

### § 3. Ýer bölegine bolan peýdalanmak hukugy

119. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 31-nji maddasyna laýyklykda, ýerler Türkmenistanyň raýatlaryna we ýuridik şahslaryna, hojalygy alyp barmagyň görnüşlerine garamazdan, “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 18-nji we 19-njy maddalarynda görkezilen maksatlar üçin we tertipde, Türkmenistanyň raýatlaryna ýerleri hususy eýeçilige berilmeginden beýleki halatlarda, peýdalanmaga berlip bilner.

120. Ýer ýölegi möhlet bellenilmezden hemişelik ýa-da möhlet bellenilip wagtlaýyn (99 ýyla çenli) peýdalanmaga berlip bilner.

121. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 32-nji maddasyna laýyklykda, ýerden peýdalanmak hukugy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde şu aşakdaky halatlarda ýüze çykýar:

1) ýerler peýdalanmaga berlende;

2) ýerden peýdalanmak hukugy başga birine geçirilende;

3) ýerden peýdalanmak hukugy mirasdüşerlik tertibinde geçende;

4) raýat-hukuk geleşikleri baglaşylanda;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki esaslarda.

Welaýatlaryň häkimlikleri Türkmenistanyň paýdarlar jemgyýetlerine, daýhan hojalyklaryna, beýleki ýuridik şahslaryna hem-de Türkmenistanyň raýatlaryna oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin ýörite ýer gaznasynyň ýerlerinden ýer

böleklerini wagtlaýyn peýdalanmaga bermek barada welaýatyň ýer meseleleri baradaky toparynyň çözgüdini tassyklamak hakynda karar kabul edýärler.

Uzak möhletleýin kärende şertlerinde peýdalanylýan ýerlerden soňky 5 ýylyň dowamynda yzygiderli oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasylyny almagy üpjün eden kärendeçilere - Türkmenistanyň raýatlaryna oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerini, kärendeçileriň birleşiklerini, daýhan hojalyklaryny we beýleki edara görnüşindäki taraplary döretmek bilen, şol ýer bölekleri maksatly niýetlenilişine laýyklykda hemişelik ýa-da wagtlaýyn peýdalanmaga berlip bilner.

122. Ýerden peýdalanmak hukugynyň berilmegi, başga birine geçirilmegi we bu hukugyň geçmegi ýerleriň maksatly niýetlenilişini hasaba almak bilen amala aşyrylýar

123. “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýaşaýyş jaýy hususylaşdyrylanda, bu ýaşaýyş jaýynyň ýerleşýän ýer bölegi bilen bagly ýer gatnaşyklary babatdaky hukuklar we borçlar “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda hususylaşdyrmagyň subýektleriniň hemişelik peýdalanmagyna geçýär.

124. “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň obýektleri hususylaşdyrylanda, bu obýektiň ýerleşýän ýer bölegi bilen bagly ýer gatnaşyklary babatdaky hukuklar we borçlar “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, hususylaşdyrmagyň subýektlerine hemişelik peýdalanmak hukugy bilen geçýär.

### § 4. Ýer bölegine bolan kärende hukugy

125. Ýerleriň kärendesi - ýerden şertnama esaslanan möhletli muzdly peýdalanmaklyk bolup durýar. Kärende şertnamalarynyň döwlet belligine alynmagy şu Tertibiň XX babynda bellenilen düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar. Kärende şertnamalarynyň döwlet belligine alynmagy Döwlet sanawynda bu obýektiň hukuk eýesiniň degişli hukugy döwlet belligine alnan ýagdaýynda mümkindir.

126. Ýer böleginiň kärende şertnamasynyň döwlet belligine alynmagy Ýer böleginiň kärende şertnamasynyň taraplarynyň biriniň arzasy esasynda geçirilýär. Göçürme nusgasy bellige alyş işinde goýulýan, gozgalmaýan emlägiň kärendesi hakynda şertnama arzanyň ýanyna goşulýar.

127. Ýer böleginiň kärendesi döwlet belligine alnan mahalynda kärendeçi, kärendäniň möhleti we mazmuny baradaky maglumatlar görkezilýär.

128. Ýer böleginiň kärende şertnamasy barada ýazgylar degişli ýer bölegi barada maglumatlary saklaýan I bölüme girizilýär. Ýer böleginiň kärende şertnamasy döwlet belligine alnanda, ýer bölegine bolan hukugyň borçlanmasy ýüze çykýar we bu barada Bellige alyş kitabynyň degişli ýer bölegi barada maglumatlary saklaýan I bölüminiň 3-nji kiçi bölüminde, ýagny ýer bölegine bolan hukuklaryň borçlanmalary we 4-nji kiçi bölüminde, ýagny gozgalmaýan emläge bolan hukuklar bilen bagly geleşik barada maglumat ýerleşdirilýän sahypada ýazgy edilýär.

129. Ýer böleginiň kärende şertnamasynyň bes edilendigi ýa-da ýatyrylandygy döwlet belligine alnanda, Döwlet sanawyndaky degişli bellige alyş ýazgylaryna "Bellige alyş ýazgysy öçürilen" diýen möhürçe basylýar. Bu kärende şertnamasynyň taraplarynyň biriniň arzasy esasynda geçirilýär. "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 51-nji, 64-nji maddalaryna laýyklykda, ýerleriň garaşly kärendä berilmeginiň hem-de daýhan hojalygynyň ýerlerini (ikinji gezek, täzeden) peýdalanmaga we kärendä berilmegi gadagan edilýär.

130. Döwlet belligine almak üçin kärende şertnamasynyň (hemme goşundylary we oňa girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bilelikde) tikilen we şertnamanyň taraplary tarapyndan gol çekilen asyl nusgasy hem-de bir nusgasy berilýär.

131. Kärende şertnamasynyň Türkmenistanyň ýer we raýat kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelýändigi barlanylmalydyr. Onda şu şertler bolmalydyr: şertnamanyň taraplary, şertnamanyň predmeti (ýer bölegi, ýer böleginiň bir bölegi), ýer böleginiň ýerleşýän ýeri, kärende töleginiň möçberi, kärendä bermegiň şertleri we tertibi hem-de kärendä berlen emlägi yzyna gaýtarmagyň tertibi we beýleki şertler. Şeýle hem, kärende şertnamasynyň ýanyna ýer bölegini häsiýetlendirýän tehniki hasaba alyş resminamalary, kärendä berilýän bölegi görkezilen ýer böleginiň çyzgysy goşulmalydyr.

132. Kärende şertnamasy döwlet belligine alnanda, döwlet bellige alyjysy tarapyndan kärende hukugyny bellige almak üçin esas bolup durýan kärende şertnamasynyň Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 25-nji maýynda 873 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanda Oba hojalyk däl maksatlar üçin ýer bölegini kärendesine bermek barada şertnamany baglaşmagyň Tertibini we Ýer bölegini kärendesine bermek barada şertnamasynyň bir ülňüdäki görnüşini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Oba hojalyk ministriniň 2015-nji ýylyň 31-nji martynda çykaran 68-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda oba hojalyk däl maksatlar üçin ýer bölegini kärendesine bermek barada şertnamany baglaşmagyň Tertibine laýyklykda baglaşylandygy we Ýer bölegini kärendesine bermek barada şertnamasynyň bir ülňüdäki görnüşine laýyk gelýändigi barlanylmaga degişlidir.

133. Kärende şertnamasynyň “Türkmenistanda ýer üçin tölegi we ýer üçin kärende tölegini düzgünleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 6-njy noýabrynda çykaran 13942-nji kararynyň kadalaryna laýyklygy barlanylmalydyr.

134. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan berlen Şahadatnama Kärende şertnamasynyň baglaşylmagyna esas bolup durýar.

135. Kärende şertnamasy degişli maglumatlary we ýer üçin kärende töleginiň hasaplanan anyk möçberini görkezmek bilen degişli etrap (şäher) Ýer serişdeleri bölümi, Aşgabat şäheri boýunça - Aşgabat şäheriniň Ýer serişdeleri gullugy tarapyndan taýýarlanylýar.

136. Taýýarlanan kärende şertnamasyna bir tarapdan Kärendesine beriji diýip atlandyrylan degişli etrap (şäher) häkimliginiň adyndan etrap (şäher) häkiminiň orunbasary we ikinji tarapdan, ýer kärendeçisi gol çekýär. Kärende şertnamasyna iki tarapdan gol çekilenden soň, etrabyň (şäheriň) Ýer serişdeleri bölümi, Aşgabat şäheri boýunça - Aşgabat şäheriniň Ýer serişdeleri gullugy tarapyndan hasaba alynýar.

137. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary ýa-da degişli häkimlikleriň karary esasynda, ýer bölegini kärendesine bermek möhleti uzaldylyp bilner. Oba hojalyk däl maksatlar üçin kärendä berlen ýerleriň kärende möhletini uzaltmak degişli häkimiň karary esasynda amala aşyrylýar.

138. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň $51^1$-nji maddasyna laýyklykda, kärende hukugy gurluşyk we beýleki oba hojalyk däl hajatlary üçin uzak möhletleýin kärendesine berlen ýer böleklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektleri satyn alnanda-satylanda, ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emläge bolan hukuk mirasdüşerlik tertipde geçende, gozgalmaýan emläk bilen beýleki raýat-hukuk geleşikleri amala aşyrylanda ýer gatnaşyklary babatdaky hukuklar we borçlar ýer böleklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuk geçýän şahsa ýerböleginiň galan kärende möhleti bilen geçýär.

139. Ýer böleklerinde ýerleşen gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuk bellige alnanda gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň ýerleşen ýer böleklerine bolan kärende hukugynyň möhleti gutaran bolsa, onda ýer böleklerine hem-de onda ýerleşen gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuk bellige alynmaýar. Şol ýer bölegine kärende hukugynyň galan möhleti hem-de ýer bölegine bolan kärende hukugynyň möhletiniň gutarmagy, şol ýer böleginde ýerleşen gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuga hem täsir edýändigi, ýagny eger-de kärende şertnamasy uzaldylmasa ýer böleginiň yzyna gaýtarylmaga degişlidigi arza berijä düşündirilmelidir.

140. Kärende hukugy ýer eýesiniň hukugynyň borçlandyrylmagyny aňladýar. Hukugyň borçlandyrylmagy üçin, ilki bilen, şol hukugyň özi bellige alynmalydyr, emma döwlete degişli ýer bölegi kärendä berlende, döwlet eýeçiligine degişli ýer bölegini kärendä berijiniň ýer bölegine eýeçilik hukugy hökmünde resmileşdirip bolmaýar, şu sebäpli bellige alyş kitabynyň degişli bölüminde ýer böleginiň döwlet

eýeçiliginde bolup durýandygy barada ýazgy ýazylýar. Bu ýazgynyň bellige alyş ýazgysy bolmaýar we hukugyň bellige alynmagy diýip hasap edilmeýär. Kärendesine beriji degişli etrap (şäher) häkimligi bolup durýar.

141. “Kärende hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda, eger döwlet emlägi maksatlaýyn niýetlenilişi boýunça ulanylmaýan bolsa (oturdylmadyk, konserwirlenen bolsa), ýöne tehniki ýagdaýy boýunça ulanmaga ýaramly bolsa şeýle emlägiň kärendesi önümçilige zyýan ýetirmeýän bolsa, onda ol emläk wagtlaýyn kärendesine berlip bilner. Döwlet kärhanalarynyň, olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň emläk toplumlary, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olar üçin bölünip berlen ýer bölekleriniň dolulygyna ýa-da bölekleýin goşulmagy bilen, kärendesine berlip bilner.

142. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 85-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, senagat, ulag, aragatnaşyk, energetika, goranmak we gaýry pudaklaryň kärhanalarynyň, edaralarynyň we guramalarynyň peýdalanmaýan ýerleri Türkmenistanyň raýatlaryna we ýuridik şahslaryna oba hojalyk we beýleki maksatlar üçin “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynda kesgitlenilen tertipde we şertlerde wagtlaýyn peýdalanmaga ýa-da kärendä berlip bilner.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 5835-nji karary bilen tassyklanylan, Döwlet emläginiň kärendesiniň tertibi hakynda Düzgünnama döwlet emläginiň kärendesiniň şertnamalaryny baglaşmagyň amalyny kesgitleýär, şeýle hem kärende tölegini hasaplamagyň we paýlamagyň tertibini we döwlet emlägini kärendä bermegiň beýleki şertlerini düzgünleşdirýär.

## § 5. Kesekiniň ýer böleginden çäklendirilen peýdalanmak hukugy

## (serwitut)

143. Serwitut - zerur kommunikasiýalaryň geçmegi, geçirilmegi we ulanylmagy üçin, şeýle hem serwitut bellenilmezden üpjün edilip bilinmeýän başga zerurlyklar üçin gozgalmaýan emlägiň obýektinden çäkli peýdalanmagyň hukugy bolup durýar.

“Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 41-43-nji maddalaryna laýyklykda, ýer bölegi, başga bir ýer böleginiň (agalyk ediji ýer bölegi) eýesiniň peýdasyna borçly edilip bilner, şunda ol agalyk ediji ýer böleginiň eýesiniň keseki ýer bölegini belli bir halatlarda peýdalanmak hukugy bolar ýaly ýa-da keseki ýer böleginde belli bir hereketler edilip bilner ýaly ýa-da borçly edilen ýer bölegine bolan eýeçilik hukugyndan gelip çykýan hukugy agalyk ediji ýer bölegi barasynda ulanyp bolmaz ýaly edilip berilmelidir (serwitut). Döwlet we jemgyýetçilik bähbitleri göz öňünde tutulyp, zerur bolan aşakda sanalyp geçilýän halatlarda kesekiniň ýer böleginden çäklendirilen peýdalanmak hukugy (serwitut) bellenip bilner:

1) umumy peýdalanylýan desgalara ýer böleginiň üstünden pyýada ýa-da ulagly geçmek;

2) ýer böleginden mal sürüp geçirmek;

3) gözleg, barlag we beýleki işleri geçirmek;

4) suw almak we suwa ýakmak;

5) inženerçilik, jemagat, suwaryş, elektrik we beýleki ulgamlary, turba geçirijileri we ulag desgalaryny geçirmek we abatlamak;

6) kenarýaka zolaga barmak;

7) ýer böleginde tebigaty goraýyş desgalaryny döretmek;

8) Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

Kesekiniň ýer böleginden çäklendirilen peýdalanmak hukugy (serwitut) ýer meseleleri baradaky etrabyň (şäheriň), welaýatyň, Aşgabat şäheriniň toparlarynyň ýazyp bermeginiň esasynda, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenilýär.

144. Kesekiniň ýer böleginden çäklendirilen peýdalanmak hukugy (serwitut), ony bellemegiň esaslary ýatyrylan halatynda bes edilip bilner.

Serwitut ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan döwlet hasabyna hem-de Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan döwlet belligine alynmaga degişlidir.

145. Serwitutyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy gozgalmaýan emlägiň eýesiniň ýa-da özünde serwitutyň ýüze çykmagynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esas bolup durýan resminamalary bolan mahalynda peýdasyna serwitut bellenilen şahsyň arzasy esasynda amala aşyrylýar.

Eger-de, serwituty bellemek ýa-da onuň şertleri barada taraplar bir netijä gelmedik ýagdaýynda, serwitutyň bellenilmegini talap edýän şahsyň arzasy boýunça jedel kazyýet tarapyndan çözülýär.

146. Serwitut bellenilen gozgalmaýan emläge bolan hukuk başga birine geçende, şol serwitut öz güýjüni saklaýar.

147. Emlägiň bölünen mahalynda serwitutyň amala aşyrylmagy özlerine degişli bolmadyk bölekleri, eger serwitut belli bir böleginiň çygry bilen çäklendirilýän bolsa, serwitutdan boşadylýar.

148. Serwitutyň ýüze çykmagynyň bellige alynmagy üçin şu resminamalar esas bolup durýar:

1) gozgalmaýan emläge serwitutyň bellenilmegi göz öňünde tutulýan şertnama;

2) kazyýetiň çözgüdi.

149. Serwitutyň ýüze çykmagynyň bellige alynmagy üçin esas bolup durýan resminamada onuň asyl manysy, çäkleri, şeýle hem eger olar bellenilen bolsa, hereket ediş möhleti we töleginiň möçberi bolmalydyr.

150. Serwitut döwlet belligine alnanda, eger şertnama esasynda bolsa degişli bölüminiň 3-nji kiçi bölümi, ýagny gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy sahypasy we 4-nji kiçi bölümi, ýagny gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy sahypasy doldurylýar, kazyýetiň çözgüdi esasynda diňe degişli bölüminiň 3-nji kiçi bölümi, ýagny gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy sahypasy doldurylýar.

## VIII bap. Ýaşaýyş jaýyna bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

151. Ýaşaýyş jaýyna ýa-da onuň bir bölegine eýeçilik hukugy ýaşaýyş jaýynyň edinilendigini tassyklaýan şu resminamalaryň esasynda amala aşyrylýar:

1) jaýy (jaýyň bir bölegini) gurandygyny tassyklaýan;

2) satyn almak-satmak, alyş-çalyş etmek, sowgat etmek we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda baglaşylan beýleki raýat-hukuk geleşiklerini amala aşyrandygyny tassyklaýan;

3) ýaşaýyş jaýyny miras boýunça almak barada;

4) bellenilen tertipde ýörite maksatly ýeňillikli karz pul serişdelerini uzak möhletli esasda almak arkaly tölemek şerti bilen edinmek barada;

5) kireýine alyjy tarapyndan eýelenýän döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyna degişli ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmak (tölegli ýa-da muzdsuz alynmak) arkaly eýeçilige edinmek barada;

6) ýaşaýyş jaý şereketleriniň agzasy tarapyndan ýaşaýyş jaýy üçin paýy doly tölemek barada;

7) fiziki şahsyň ýa-da eýeçiligi döwlete degişli bolmadyk ýuridik şahsyň öz serişdeleri bilen ýaşaýyş jaýynyň gurluşygyna paýly gatnaşmagy hakynda şertnamanyň esasynda ýaşaýyş jaýyny hususy eýeçilige bermek barada;

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde degişli döwlet edaralarynyň karary boýunça hususy ýaşaýyş jaýynyň ýykylmagy ýa-da eýesinden mejbury alynmagy netijesinde eýeçilikde durýan ýaşaýyş jaýynyň ýitirilmegi üçin öwez hökmünde ýaşaýyş jaýyny bermek barada;

9) Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki esaslar boýunça.

152. Ölen şahsyň gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugy (beýleki emläk hukugy) barada Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň degişli ýazgysynda hukugyň beýleki şahslara geçmegi Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda bellenilen miraslyk hukugynyň talaplaryny berjaý etmek bilen amala aşyrylýar.

153. Ölen şahsyň gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň beýleki şahslara geçmegi kanun boýunça ýa-da wesýetnama ýa-da esaslaryň ikisi boýunça amala aşyrylýar.

154. Kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça miras edilen eýeçilik hukugynyň (beýleki emläk hukugynyň) başga birine geçmeginiň döwlet belligine alynmagy üçin mirasa bolan hukugy hakynda şahadatnamalar hukuk belleýji resminama bolup durýar.

155. Kanun boýunça miras geçende, şeýle hem miras berijiniň wesýetnamasynda her mirasdara geçirilýän emläk anyk bellenilmedik bolsa, mirasdarlaryň arasynda ylalaşyk ýa-da emlägiň bölünmegi barada kazyýetiň çözgüdi bolmasa, mirasdarlaryň eýeçilik hukugy (beýleki emläk hukugy) umumy eýeçilik hukugy hökmünde bellige alynýar.

Her mirasdaryň gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bölegine bolan şahsy eýeçilik hukugyň (beýleki emläk hukugyň) döwlet belligine alynmagy gozgalmaýan emläk bölünenden (bölünip aýrylandan) soň amala aşyrylýar.

156. Eger-de, miras berijiniň gozgalmaýan emläge bolan hukugy bellenilen tertipde Döwlet sanawynda bellige alynmadyk bolsa, bu hukugy bellenilen tertipde Döwlet sanawynda bellige aldyrmak mirasdarlara geçýär.

157. Üýtgedilip guralan ýuridik şahsyň ähli hukuklarynyň we borçlarynyň hukuk oruntutarlary üýtgedip guramak ýoly arkaly täze döredilen we öz işini bellige alnandan soň dowam etdirýän kärhana bolup durýar. Üýtgedip guralan ýuridik şahsyň gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugy Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda ýa-da üýtgedip guramak baradaky kararda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onuň bellige alnan pursatyndan başlap, onuň emlägi hukuk oruntutaryna geçýär.

158. Şereketiň agzasy tarapyndan paý gatanjynyň möçberiniň doly tölenilmegi onuň gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugyny edinmegi üçin esas bolup durýar. Şunda Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan ilkinji eýesiniň gozgalmaýan emläge eýeçilik

hukugy döwlet belligine alnanda hukuk paý gatanjynyň möçberiniň doly tölenilendigini tassyklaýan resminama esasynda bellige alynýar hem-de arza berijä eýeçilik hukugy baradaky şahadatnama berilýär. Soňky eýeleriň gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda şu Tertibiň bir ýüz elli birinji böleginde görkezilen resminamalaryň biri hukuk belleýji resminama bolup biler.

Gozgalmaýan emlägiň hukuk eýesiniň ölen halatynda hem ýokardaky kadalar ulanylýar.

## IX bap. Hususylaşdyrylan gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet tarapyndan belligine alynmagy

159. Döwlet ýaşaýyş jaýy hususylaşdyrylanda, şeýle-de, döwlet emlägi döwletiň eýeçiliginden aýrylanda we hususylaşdyrylanda, gozgalmaýan emläk babatda bellenilýän hukuklar “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda”, “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary esasynda bellige alynýar.

160. Döwlet ýaşaýyş jaýynyň hususylaşdyrylmagy, şeýle hem döwlet emläginiň döwletiň eýeçiliginden aýrylmagy we hususylaşdyrylmagy bilen bagly gozgalmaýan emläk babatda hukuk belleýji resminamalar talap edilende, şol hukuk ýüze çykan wagtyndaky hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen resminamalar talap edilmelidir.

161. “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmak - döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmagyň subýektleriniň eýeçiligine muzdsuz ýa-da muzdly berilmegi bolup durýar.

Şeýle hem, “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy–döwlet kärhanasynyň esaslandyryjysy döwlet bolan ýa-da esaslandyryjylarynyň biri döwlet bolmaly paýdarlar jemgyýetine ýa-da beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşli kärhana öwrülmegidir, döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy – döwlet eýeçiligindäki emlägiň fiziki we (ýa-da) döwlete degişli bolmadyk ýuridik şahslaryň eýeçiligine muzdly berilmegidir.

162. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, döwlet ýaşaýyş jaýy hususylaşdyrylanda,

döwlet emlägi döwletiň eýeçiliginden aýrylanda we hususylaşdyrylanda, gozgalmaýan emläk babatda bellenilýän hukuklar we borçlanmalar döwlet belligine alynmaga degişlidir.

Şu Kanunyň 54-nji maddasyna laýyklykda, Döwlet sanawynda bellige alynmadyk, Kanun güýje girmezinden öň ýüze çykan gozgalmaýan emläge bolan hukuklar degişli hukuk ýüze çykan pursatynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelen ýagdaýynda hakyky güýjünde diýlip ykrar edilýär. Şeýle hukuklaryň döwlet belligine alynmagy olaryň eýeleriniň islegi boýunça geçirilýär. Şu Kanun güýje girmezinden öň ýüze çykan, gozgalmaýan emläge bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy Kanun güýje girizilenden soň ýüze çykan bu hukugyň, başga birine geçmegi, onuň borçlanmasy ýa-da şu Kanun güýje girizilenden soň amala aşyrylan gozgalmaýan emlägiň obýekti bilen geleşikler döwlet belligine alnan mahalynda talap edilýär.

163. Gullugyň ýerli edaralaryna üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň döwlet belligine alynmagy hakynda hukuk eýeleri tarapyndan arza berlen halatynda, Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan bu üzňeleşdirilen jaýlaryň ýerleşýän degişli binasyny, desgasyny, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralara (ýa-da beýleki degişli hukuk eýelerine) bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň döwlet belligine alynmagy hakynda (eger, bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine bolan hukuk döwlet belligine alynmadyk bolsa) üç iş gününiň dowamynda habar şu Tertibiň "Üzňeleşdirilen jaýlaryň ýerleşýän degişli binasyny, desgasyny, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralara (ýa-da beýleki degişli hukuk eýelerine) bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň otuz senenama gününiň dowamynda döwlet belligine aldyrylmaga degişlidigi hakynda habar" atly 33-nji goşundysyna laýyklykda ýazylyp iberilýär.

Bu habary alan hukuk eýeleri tarapyndan bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugy otuz senenama gününiň dowamynda döwlet belligine aldyrylmaga degişlidir. Eger, gozgalmaýan emlägiň bu obýektine degişli hukuk belleýji resminamalar öň resmileşdirilen, emma häzirki wagtda ýok bolsa (ýitirilen, zaýalanan we beýleki ýagdaýlarda) ol resminamalaryň öwezlikleri (göçürmeleri, nusgalary) berilýär, öwezliklerini bermek mümkinçiligi ýok bolsa, şeýle hem öň resmileşdirilmedik bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli edaralar (ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, ýer serişdeleri gulluklary, tehniki tükelleýiş edaralary, arhiw edaralary, daýhan birleşikleri, Geňeşler we beýleki degişli edaralar) tarapyndan bu resminamalar gaýtadan ýa-da täzeden resmileşdirilýär, hasaba alynýar hem-de degişli namalar berilýär.

164. 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli gurlan binany, desgany, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralar (ýa-da beýleki degişli hukuk

eýeleri) tarapyndan bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, onuň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň döwlet belligine alynmandygyna garamazdan, şol binada, desgada, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerinde ýerleşýän üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň döwlet belligine alynmagy hakynda hukuk eýeleri tarapyndan arza berlen halatynda, şol binada, desgada, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerinde ýerleşýän üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary döwlet belligine alynýar.

165. 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan soň gurlan binany, desgany, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralar (ýa-da beýleki degişli hukuk eýeleri) tarapyndan bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, onuň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň döwlet belligine aldyrylmagy zerurdyr. Bu degişli hukuk döwlet belligine alynmazdan, hususylaşdyrylmagyň netijesinde ýüze çykan hukuk bellige alynmaga degişli däldir.

166. “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda, degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy ýa-da Geňeş ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmak hakynda karar kabul edýär. Şunda ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmak hakynda kararda (eger ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmak hakynda karar öň çykarylan bolsa, onda täze kararda) bu ýer bölegine degişli maglumatlary (meýdany, salgysy, niýetlenişi) hem-de ýaşaýyş jaýynyň ýerleşýän ýeri we oňa degişli bölegini (öň peýdalanmagynda bolan bölegini) ýaşaýyş jaýynyň eýesine hemişelik peýdalanmaga berilmegi görkezilýär we şol esasynda Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan ýere we oňa degişli bölegine peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy resmileşdirilýär.

Ýaşaýyş jaýy Geňeşiň karary esasynda hususylaşdyrylan halatynda, ýaşaýyş jaýynyň ýerleşýän ýeri we oňa degişli bölegini (öň peýdalanmagynda bolan bölegini) ýaşaýyş jaýynyň eýesine hemişelik peýdalanmaga bermek barada karar degişli etrap häkimi tarapyndan kabul edilýär.

167. “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda, hususylaşdyrmagyň subýektiniň hususylaşdyrylan obýekte bolan eýeçilik hukugy, onuň bahasy doly tölenilen pursatyndan ýüze çykýar. Aýratyn halatlarda Pudagara merkezi toparynyň hödürlemegi boýunça döwlet emlägini hususylaşdyrmak üçin serişdeleriň töleginiň satyn almak-satmak şertnamasynda görkezilen möhleti şu aşakdaky möhletlere süýşürilip bilner:

1) ygtyýarly edara tarapyndan - üç ýyla çenli;

2) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan –on ýyla çenli.

Hususylaşdyrmagyň subýekti şu halatlarda hususylaşdyrmagyň obýektine eýelik etmäge we ony peýdalanmaga haklydyr. Hususylaşdyrmagyň subýektiniň hususylaşdyrmagyň obýektine erk etmeklige bolan hukugy hususylaşdyrmagyň obýektiniň bahasy doly tölenilenden soň emele gelýär.

168. Ýaşaýyş jaýy, eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň obýektleri hususylaşdyrylanda, bu obýektiň ýerleşýän ýer bölegi bilen bagly ýer gatnaşyklary babatdaky hukuklar we borçlar "Ýer hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, hususylaşdyrmagyň subýektlerine hemişelik peýdalanmak hukugy bilen geçýär.

Şu kadalar bilen bagly, ýaşaýyş jaýy ýa-da gozgalmaýan beýleki emläk hususylaşdyrylanda, ilki bilen, bu gozgalmaýan emläkleriň ýerleşýän ýer bölegine bolan hukuk bellige alynmalydyr.

169. Hukuk döwlet belligine alnanda, hususylaşdyrylmagyň şertnamasyny baglaşýan taraplar anyklanylmalydyr. "Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlary, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlar ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmagyň subýektleri (mundan beýläk – hususylaşdyrmagyň subýektleri) bolup durýarlar.

170. "Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen Türkmenistanyň ýuridik şahslary (olaryň şahamçalary, wekillikleri), daşary ýurtlaryň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar, halkara guramalary, olaryň Türkmenistandaky şahamçalary we hemişelik wekillikleri, şeýle hem eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy babatda işi amala aşyrýan ýa-da bu işe gatnaşýan döwlet edaralary eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň subýektleri bolup bilerler.

Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2014-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda 796 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministriniň 2014-nji ýylyň 18-nji sentýabrynda çykaran MB-196 belgili buýrugy bilen Ýaşaýyş jaýyny muzdsuz, göni (salgyly) bermek şertnamasynyň we Ýaşaýyş jaýyny satyn almak şertnamasynyň birkysmy görnüşleri tassyklanyldy.

Bu şertnamalaryň görnüşi Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 30-njy martynda 852 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministriniň 2015-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran MB-51 belgili buýrugy bilen ýatyrylyp, onuň täze görnüşi tassyklanyldy. Bu buýrugyň ikinji bölegine laýyklykda, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we Geňeşleriň ýaşaýyş

jaýyny hususylaşdyrmak hakyndaky kararlarynda hususylaşdyrylýan ýaşaýyş jaýyna kesgitlenen bahasy we ony tölemegiň möhleti hem-de hususylaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy hakynda resminamalaryň resmileşdirilmegi boýunça hyzmatlaryň tölegini tölemegiň möhleti, hususylaşdyrmaga gatnaşyjylar hem-de hususylaşdyrylýan ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy hakynda şahadatnamany bermegiň möhleti görkezilmelidir.

Döwlet bellige alyjylary şertnamanyň tassyklanylan görnüşde bolmalydygyny hem-de ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmak hakyndaky kararlarda hususylaşdyrmagyň subýektleri baradaky maglumatlaryň öz beýanyny tapandygyny barlamalydyrlar.

Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 8-nji ýanwarynda 941 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Ýaşaýyş jaýyny bäsleşikli söwda arkaly satyn almak-satmak şertnamasynyň birkysmy görnüşini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministriniň 2015-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda çykaran MB-192 belgili buýrugy bilen Ýaşaýyş jaýlaryny bäsleşikli söwda arkaly satyn almak-satmak şertnamasynyň birkysmy görnüşi tassyklanyldy. Döwlet bellige alyjylary şertnamanyň şu buýruk bilen tassyklanylan görnüşde bolmalydygyny barlamalydyrlar.

171. “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň kireýine berlen ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjynyň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten ähli agzalarynyň razylygy bolan halatynda, ýaşaýyş jaýynyň hususylaşdyrylmagy maşgalanyň ähli agzalarynyň, şol sanda wagtlaýyn bolmadyklaryň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, umumy bilelikdäki ýa-da umumy paýly eýeçiligi hökmünde kireýine alyjynyň adyna ýa-da maşgalanyň kämillik ýaşyna ýeten beýleki agzasynyň adyna resmileşdirilýär. Şunda ýaşaýyş jaýy diňe är-aýalyň umumy eýeçiligi hökmünde däl-de, eýsem maşgalanyň ähli agzalarynyň umumy bilelikdäki ýa-da umumy paýly eýeçiligi hökmünde döwlet belligine alynýar. Gozgalmaýan emläge bolan umumy bilelikdäki we umumy paýly eýeçilik hukuklaryň döwlet belligine alynmagy şu Tertibiň X babyna laýyklykda resmileşdirilýär.

Eger, hususylaşdyrmak tölegli esasda geçirilen bolsa, hususylaşdyrylan döwlet emlägine bolan eýeçilik hukugy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen bahasy doly tölenilenden soň ýüze çykýar. Şunuň bilen baglylykda, tölegiň geçirilendigini tassyklaýan resminamanyň nusgasynyň hem bolmagy hökmandyr. Şeýle emläklere bolan hukugy bellige almak üçin satyn almak-satmak şertnamasy esas bolup durýar.

172. Hususylaşdyrylan gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet belligine alnandan soňra, ol emläk döwlet eýeçiliginden hususy eýeçilige geçýär. Eger bir ýaşaýyş jaýynda birnäçe adam ýaşaýan bolsa, onda bir emläge hukuk birnäçe adama umumy eýeçilik hukugy görnüşinde geçýär. Şunda umumy eýeçilik hukugyna gatnaşyjylaryň hemmesiniň hukugyny bellige alman, diňe biriniň hukugynyň bellige alynmagy mümkin däldir.

173. Hususylaşdyrylan gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet belligine alnanda döwlet bellige alyjysy tarapyndan baglaşylan şertnamanyň kanunylygyny tassyklaýan şu şertler barlanylmalydyr:

1) ýaşaýyş jaýynyň döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyna degişlidigi;

2) ýaşaýyş jaýyny berýän edaranyň we şertnama gol çekýän wezipeli adamyň ygtyýarlygy;

3) ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrýanyň Türkmenistanyň raýaty ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adam bolup durýandygy (degişli resminamalary talap etmek arkaly);

4) şertnamanyň görnüşiniň we mazmunynyň hereket edýän kanunçylyga laýyk gelýändigi (şertnamanyň baglaşylan wagty, ýeri, taraplaryň goly, şertnamanyň mazmuny, tölegli ýa-da tölegsiz berilýändigi, bir şahsyň eýeçiligine ýa-da birnäçe şahsyň umumy bilelikdäki ýa-da umumy paýly eýeçiligine berilýändigi we beýleki ýagdaýlar barada, şeýle hem döwlet emläginiň hususylaşdyrmagyň subýektine geçirilmeginiň tertibi, tölegiň görnüşi we möhletleri kesgitlenilmelidir).

174. Hususylaşdyrylan gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet belligine alnanda aşakda sanalyp geçilen resminamalar talap edilmelidir:

1) şahsyýetini tassyklaýan we Türkmenistanyň raýaty ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adam bolup durýandygyny tassyklaýan resminamalar;

2) gozgalmaýan emlägi berýän edaranyň gozgalmaýan emläge bolan hukugyny bellige aldyrmak üçin arzasy, eger hususylaşdyrylan, üzňeleşdirlen jaýyň ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuk öň döwlet tarapyndan bellige alynmadyk bolsa;

3) operatiw ýa-da hojalygy dolandyryş hukugyny bellige aldyrmak üçin zerur resminamalar;

4) hukuk eýesiniň arzasy (eger umumy paýly eýeçilik hukugy bilen döwlet bellige alynýan bolsa paýçylaryň ählisiniň arzasy, eger umumy bilelikdäki hukugy bilen döwlet belligine alynýan bolsa hukuk eýesiniň biriniň, ýagny şertnamany baglaşan adamyň arzasy, eger onuň arza bilen ýüz tutmaga mümkinçiligi bolmasa hukuk eýeleriniň haýsy bolsa hem biriniň arzasy boýunça);

5) hususylaşdyrmagyň şertnamasynyň asyl nusgasy;

6) tükelleýiş işi;

7) ýer böleginde ýerleşýän ýaşaýyş jaýy, eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň obýektleri

hususylaşdyrylanda, bu obýektleriň ýerleşýän ýer bölegi bilen bagly hukuk belleýji resminamalar.

175. “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasyna laýyklykda, şular eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň obýektleri bolup bilmeýärler: ýerasty baýlyklar, tokaý gaznasy, suw serişdeleri, howa giňişligi, territorial suwlaryň we deňiz ykdysady zolagynyň serişdeleri, döwlet tarapyndan goralýan ýa-da aýratyn görnüşde peýdalanylýan tebigy çäkler, Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasynyň obýektleri (seýrek duş gelýän medeni we tebigy ýadygärlikler hem-de tebigatyň, medeniýet taryhynyň, ylmyň we tehnikanyň obýektleri, şol sanda döwlet muzeýlerinde, arhiwlerinde we kitaphanalarynda saklanýan gymmatlyklar, olaryň ýerleşýän otaglaryny hem jaýlaryny goşmak bilen), şeýle hem ýer, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, milli howpsuzlyk edaralarynyň, serhet we içerki goşunlarynyň, döwletiň bilim berýän edaralarynyň, ylmy-barlag institutlarynyň, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň hem-de pudaklaýyn akademiýalaryň merkezleriniň we obýektleriniň emlägi, goranmak obýektleri, bir bitewi energetika ulgamy, awtomobil ýollary, demir ýollar, deňiz we içerki suw ýollary, uglewodorod serişdelerini we nebit önümlerini daşamak üçin niýetlenilen magistral turba-geçirijileri, howa ýollary, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleri, Türkmenistanyň Merkezi banky we onuň döredýän karz serişdeleri, döwletiň ätiýaçlyk, ätiýaçlandyryş we beýleki gaznalary, gidrometeorologiýa gullugynyň, daşky gurşawy we tebigy serişdeleri goramagyň, patent gullugynyň, standartlaşdyrmagyň we metrologiýanyň obýektleriniň emlägi.

Hususylaşdyrylan obýektleriň ýokarda sanalyp geçilen obýektlere degişli däldigi barlanylmalydyr.

176. Hususylaşdyrylýan emläge Türkmenistanyň kanunçylygy bilen borçlandyrma bellenilip bilner. Mysal üçin: ýer böleginde ýerleşýän ýaşaýyş jaýy, eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagynyň obýektleri hususylaşdyrylanda, bu obýektleriň ýerleşýän ýer böleginde, eger serwitut bellenilen bolsa, bu mesele hem çözülmäge degişlidir. Şu ýagdaýda, serwitut hususylaşdyrylan obýektiň ýerleşýän ýer böleginden peýdalanmak hukugynyň çäklendirilmegi görnüşinde bellige alynýar. Kesekiniň ýer böleginden çäklendirilen peýdalanmak hukugy (serwitut), ony bellemegiň esaslary ýatyrylan halatynda bes edilip bilner.

177. “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasyna laýyklykda, satyn almak-satmak şertnamasynda hususylaşdyrmagyň obýektiniň hususylaşdyrylandan soňky önümçilik ýa-da başga işi boýunça gaýry şertleriň berjaý edilmegi göz öňünde tutulyp bilner, şol sanda hususylaşdyrylandan soňky döwürdäki işiniň esasy ugurlarynyň, önümçiliginiň göwrümleriniň we iş ýerleriniň sanynyň saklanylyp galynmagy barada şertler göz öňünde tutulyp bilner. Şu kada bilen bagly,

eger şertnamada şeýle şertler bar bolsa, obýekt şertnamada göz öňünde tutulan maksatlara ulanylmalydyr we ol obýekt täzeden gurlanda hem, şertnamada agzalan şertleriň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän bolmalydyr, bu obýekte bolan hukugyň borçlanmasy bolýandyr. Bu ýagdaý (şertnamadan gelip çykýan borçlanma) hem obýekte bolan eýeçilik hukugynyň borçlanmasy hökmünde şol hukuk bellige alnanda bellige alynmalydyr.

Öň ýüze çykan hukuklar bellige alnanda şol kanunçylyga hem goldanylmalydyr, çünki hukuk belleýji resminamalar şol wagt hereket eden kanunçylyga laýyklykda alnan bolmalydyr.

TSSR Ministrler Sowetiniň we TSPS-niň 1989-njy ýylyň 14-nji iýunynda çykaran 184 belgili karary esasynda tassyklanan, Türkmenistan SSR-nde döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý fondunyň öýlerindäki kwartiralary graždanlaryň şahsy eýeçiligine satmak hakynda Düzgünnama laýyklykda kwartiralary, halk deputatlarynyň ýerli Sowetleriniň ispolkomlary, kärhanalar, birleşikler, guramalar tarapyndan satmaklyk aşakdaky ýaly amala aşyrylýardy:

a) Halk deputatlarynyň ýerli Sowetlerine degişli öýlerde - halk deputatlarynyň ýerli Sowetiniň degişli ispolkomynyň karary boýunça;

b) Kärhanalara, birleşiklere, guramalara degişli öýlerde - kärhananyň, birleşigiň, guramanyň administrasiýasynyň we profsoýuz komitetiniň bilelikdäki karary boýunça we zähmet kollektiwiniň Sowetiniň razylygy bilen;

ç) Kolhozlara we beýleki kooperatiw guramalaryna, olaryň birleşiklerine, profsoýuz hem-de beýleki jemgyýetçilik guramalaryna degişli öýlerde, degişli guramanyň organynyň we onuň profsoýuz komitetiniň bilelikdäki karary boýunça.

## X bap. Gozgalmaýan emläge bolan umumy bilelikdäki we umumy paýly eýeçilik hukuklary we olaryň döwlet belligine alynmagynyň aýratynlyklary

### § 1. Umumy düzgünler

178. Eýeçilik hukugy hususy eýeçilik hukugy hem-de umumy eýeçilik hukugy görnüşlerinde bolýar. Hususy eýeçilik hukugynda emläk şahsyň diňe öz eýeçiligine degişli bolup durýar. Umumy eýeçilik zadyň bir däl-de, birlikde iki ýa-da ondan hem köp şahsa (zat eýelerine) degişli bolmagyny aňladýar. Umumy eýeçilik gatnaşyklary belli bir obýekte bolan eýeçilik hukugynyň birnäçe subýektlere degişli bolmagy bilen hem-de bir obýekte birlikde, birnäçe şahslara degişli bolan zada bolan hukugynyň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Umumy eýeçilikde durýan emläge eýelik edilmegi,

onuň peýdalanylmagy we oňa ygtyýar edilmegi zat eýeleriniň razylygy boýunça amala aşyrylýar. Ol bolmadyk mahalynda bolsa, zat eýeleriniň haýsy-da bolsa biriniň talap arzasy boýunça kazyýet tarapyndan bellenilýär.

179. “Eýeçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, emläk umumy eýeçilik hukugynda bir wagtyň özünde olaryň hersiniň paýlarynyň kesgitlenilmegi bilen (paýly eýeçilik) ýa-da paýlary kesgitlenilmezden (bilelikdäki eýeçilik) birnäçe şahslaryň eýeçiligine degişli bolup biler. Eýeçilik iki we ondan köp şahslara degişli bolup biler. Bu bolsa birnäçe şahslaryň umumy eýeçiligini emele getirýär. Umumy eýeçiligiň iki görnüşi bar:

a) umumy paýly eýeçilik;

b) umumy bilelikdäki eýeçilik.

Umumy paýly eýeçilikde umumy eýeçilige gatnaşyjylaryň her haýsynyň umumy eýeçiligiň obýektine bolan eýeçilik hukugynda kesgitli paýy bar.

Umumy paýly eýeçiligiň gatnaşyjysynyň öz paýynyň bölünip berilmegine, umumy bilelikdäki eýeçiligiň gatnaşyjysynyň bolsa, paýynyň kesgitlenilmegine we bölünip berilmegine hukugy bardyr.

Umumy eýeçiligiň bir gatnaşyjysy tarapyndan öz paýy satylanda, şeýle eýeçiligiň galan gatnaşyjylary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde satylýan paýy satyn almakda artykmaçlyk hukugyna eýedirler.

180. Şol bir wagtda umumy eýeçilik diňe kanun esasynda ýa-da geleşik esasynda döräp bilýär. Mysal üçin:

1) kanun esasynda:

a) nika baglaşmak;

b) miras almak;

2) geleşikler esasynda:

a) şereket döretmek barada esaslandyryjy şertnama;

b) wesýetnama boýunça miras almak;

ç) daýhan hojalygynyň esaslandyryjy şertnamasy;

d) bilelikde emläk satyn almak barada şertnama;

e) gozgalmaýan emlägi bilelikde gurmak barada şertnama;

ä) hususylaşdyrylanda-ýaşaýyş jaýyny muzdsuz göni (salgyly) bermek şertnamasy;

f) ýaşaýyş jaýyny satyn almak şertnamasy we ýaşaýyş jaýyny bäsleşikli söwda arkaly satyn almak-satmak şertnamasy;

g) bölüp bolmaýan binanyň bölegini onuň eýesi tarapyndan aýrabaşgalanmagy;

h) bilelikdäki zähmetiň netijesinde ýüze çykmagy we beýlekiler.

181. Umumy eýeçilik hukugynyň obýekti anyk bir zat (mysal üçin: ýaşaýyş jaýy), şeýle-de, birnäçe zatlar (mysal üçin: miras galan birnäçe zatlaryň jemi) bolup biler. Şeýle hem hojalyk işinde ulanylýan emläkler toplumy umumy eýeçilik hukugynyň obýekti bolup biler. Gozgalmaýan emläge bolan umumy eýeçilik hukugy, emläk aýrybaşgalananda, emläge bolan hukukdan ýüz öwrülende, emläk zaýalananda ýa-da ýok bolanda bes edilýär.

182. Kitabyň her bölüminiň 2-nji kiçi bölümi hukuk belleýän resminamalarda görkezilen maglumatlar esasynda, eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklary barada, geleşikler barada ýazgylary özünde jemleýär. Umumy bilelikdäki ýa-da paýly eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda, gozgalmaýan emläge hukuklary bolan hemme eýeleri barada maglumatlar Kitabyň her bölüminiň 2-nji kiçi bölüminde görkezilýär.

“Hukugyň görnüşi” diýen böleginde “eýeçilik hukugy” diýip görkezilýär. Eger, umumy eýeçilik hukugy bolsa, onda “Hukugyň görnüşi” şeýle görkezilýär: “umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy” ýa-da “umumy paýly eýeçilik hukugy”.

Eger, obýekt umumy bilelikdäki eýeçilik hukugynda bolsa “Paý” diýen bölegi doldurylmaýar, eger obýekt umumy paýly eýeçilik hukugynda bolan halatynda “Paý” diýen bölegi doldurylýar we hukuk eýeleriniň paýlary görkezilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektine umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda, onuň her bir eýesiniň hukugy aýratyn ýazgy görnüşinde aýratyn sahypada döwlet belligine alynýar.

“Hukuk eýesi (eýeleri)” diýen bölegine şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda hukuk eýesi barada maglumatlar girizilýär.

Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda, gozgalmaýan emläge hukuklary bolan eýeleriň ählisi barada maglumatlar aýratyn sahypada däl-de, şol bölümiň şol bir sahypasynda görkezilýär.

### § 2. Umumy paýly eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy

183. Gozgalmaýan emläge bolan umumy paýly eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň döwlet belligine alynmagy barada arza bermegiň tertibi emlägiň nähili edinilendigine

we haýsy pursatda hukugyň ýüze çykandygyna bagly bolýar. Eger hukuk döwlet belligine alnan pursatynda ýüze çykýan bolsa, mysal üçin: bir obýekt birnäçe şahslar tarapyndan gurlan bolsa ýa-da haçan-da bir obýekt birnäçe şahsyň umumy paýly eýeçiligine geçýän geleşik baglaşylan bolsa, onda görkezilen eýeleriň bary birlikde umumy paýly eýeçilik hukugyny döwlet belligine alynmagy barada arza bermelidirler. Eger-de, hukuk başga ýagdaýlarda ýüze çykýan bolsa, mysal üçin: miras alanda, mirasdarlaryň her haýsysy beýlekilere garaşly bolmazdan, umumy emläkdäki öz paýynyň döwlet belligine alynmagy barada arza berip biler. Umumy eýeçilik hukugyndaky paýy alan şahs, beýleki eýelerine bagly bolmazdan, döwlet belligine alynmagy barada arza berýär. Umumy emläkdäki paýa bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy barada diňe şol paýyň hukuk eýesi arza bilen ýüz tutanda, belli bir paýyna bolan hukuk döwlet belligine alynýan umumy emläge bolan hukuk döwlet belligine alnan bolmalydyr.

Gozgalmaýan emläge bolan umumy paýly eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň, geçmeginiň we bes edilmeginiň döwlet belligine alynmagy, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da hukuk eýeleriniň arasyndaky ylalaşykda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hukuk eýeleri bolup durýan umumy paýly eýeçiligiň her bir gatnaşyjysynyň özüne degişli bolan paýa eýeçilik hukugyny döwlet belligine alynmagy baradaky arzasy esasynda amala aşyrylýar.

184. Hukuk eýesi barada maglumatlar (familiýasy, ady, atasynyň ady ýa-da ýuridik şahsyň ady, hasaba alyş maglumatlary we ş.m.) üýtgän ýagdaýynda, üýtgetmeleri döwlet belligine almak hakynda arza şol üýtgetmeler degişli bolan hukuk eýesi ýa-da onuň wekili tarapyndan berlip bilner.

185. Umumy paýly eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy her bir emläk eýesiniň umumy paýly eýeçilik hukugy barada döwlet sanawyna (bellige alyş kitabyň bölüminiň 2-nji kiçi bölümine) aýratyn ýazgy görnüşinde aýratyn sahypa girizilmegi arkaly amala aşyrylýar. Şunda, bir kadastr, inwentar tertip belgisi bilen kybaplaşdyrylan gozgalmaýan emlägiň obýekti iki we ondan köp şahslara degişli bolup durýar.

186. Gozgalmaýan emläge bolan umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet belligine alnan mahalynda, her bir emläk eýesiniň umumy eýeçilik hukugynyň gatnaşyjylarynyň razylygy boýunça umumy meýdanyň möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýän we şertnamada ýa-da başga hukuk belleýji resminamada görkezilýän umumy emläkdäki paýy görkezilýär. Döwlet sanawyna umumy paýly eýeçilikdäki paýlaryň möçberi hakynda ýazgy gozgalmaýan emlägiň obýektindäki paýyň kesgitlenilendigini tassyklaýan resminamanyň esasynda amala aşyrylýar.

187. Umumy paýly eýeçilik hukugy babatda şahadatnamada ähli hukuk eýeleri hem-de umumy paýly eýeçilik hukugynda olaryň paýlarynyň möçberi görkezilýär, şahadatnama bolsa her bir hukuk eýesi üçin aýratyn berilýär.

188. Umumy paýly eýeçilik hukugynda paýyň aýrybaşgalanmagy we umumy paýly eýeçilik hukugynda paýyň başga birine geçmegi döwlet belligine alnanda, bu paýy alýan şahs barada Bellige alyş kitabyň bölümleriniň (I-nji, II-nji, III-nji bölümleriniň degişlisinde) 2-nji kiçi bölüminde aýratyn sahypada, ýagny gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklar barada ýazgyda maglumat ýazylýar.

189. Umumy paýly eýeçilik hukugynyň gatnaşyjylarynyň birinden umumy eýeçilik hukugyndaky paýy alan şahs, beýleki eýelerine bagly bolmazdan döwlet belligine alynmagy barada arza berýär.

Umumy paýly eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagynyň birnäçe aýratynlyklary bardyr we olar şulardan ybaratdyr:

a) umumy paýly eýeçiligiň gatnaşyjylarynyň her biri tarapyndan döwlet belligine alynmagy barada arza ýazylýar;

b) her bir eýesiniň hukugy aýratyn ýazgy görnüşinde aýratyn sahypada döwlet belligine alynýar;

ç) umumy paýly eýeçiligiň gatnaşyjylarynyň her biri umumy paýly eýeçilik hukugy babatda şahadatnama alyp bilýär;

d) eýeçilik hukugy babatda şahadatnamada umumy paýly eýeçilik hukugynda olaryň paýlarynyň möçberi görkezilýär;

e) her birine berilýän eýeçilik hukugy babatda şahadatnamada ähli hukuk eýeleri görkezilýär.

190. Kanun esasynda ýa-da wesýetnama boýunça miras alnanda, hukugy döwlet belligine almak, mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama (umumy eýeçilikdäki paýa bolan hukuk hakynda şahadatnama) esasynda amala aşyrylýar. Mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama emläge bolan hukugyny tassyklaýan resminama bolup durýar we hukugy döwlet belligine almak üçin esas bolup durýar.

191. Umumy paýly eýeçilige gatnaşyjylara umumy emlägiň belli bir anyk bölegine däl-de, eýsem, umumy emläge bolan hukukda paýy bardyr. Umumy paýly eýeçilikde zat eýeleriniň her birine umumy obýekte bolan hukukda paý degişlidir. Paýlar deň hem-de deň däl bolup biler, ýöne hemme ýagdaýlarda umumy paýly eýeçilik hukugynda paýlaryň möçberi drob görnüşinde (1/2, 1/3 we ş.m.) anyk kesgitlenilen bolmalydyr.

192. Umumy paýly eýeçilik hukugynyň her gatnaşyjysynyň özüniň paýyna özbaşdak ygtyýarlyk etmek hukugyny amala aşyrmaklygy emläge umumy eýeçiligiň bes edilmegine getirmeýär we umumy paýly eýeçilik hukugynyň öňki eýesiniňkä garanda, täze gatnaşyjysynyň hukugynda hiç hili üýtgeşiklik ýüze çykmaýar, çünki ygtyýarlyk etmegiň predmeti hökmünde belli bir anyk emläk däl-de, umumy paýly eýeçilik hukugynda paý degişli bolup durýar. Umumy paýly eýeçilik hukugyna gatnaşyjynyň

her biriniň umumy bilelikdäki emlägiň özüne düşýän paýynyň natura görnüşinde bölünip berilmegine hukugy bardyr, bu bolsa öz paýyny natura görnüşinde böldürip alan zat eýesiniň umumy paýly eýeçilik hukugynyň bes edilmegine getirer. Umumy gozgalmaýan emläkden paýy böldürip almak barada şertnama notarial tertipde tassyklanylmaga degişlidir. “Notariat we notarial işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 81-nji maddasyna laýyklykda, döwlet notariusy umumy bilelikdäki eýeçilikde emlägi bolan şahslaryň bilelikdäki ýazmaça arzasy boýunça deslapdan olaryň her biriniň paýyny kesgitländen soň, umumy emläkden paýyny almak isleýän şahsa ýa-da şahslara umumy bilelikdäki eýeçilikdäki paýa bolan hukuk hakynda şahadatnama berýär. Umumy bilelikdäki eýeçilikde bolan gozgalmaýan emläge umumy bilelikdäki eýeçilikdäki paýa bolan hukuk hakynda şahadatnama döwlet notariuslary tarapyndan onuň ýerleşýän ýeri boýunça berilýär.

193. Umumy paýly eýeçilik hukugyna gatnaşyjylaryň umumy emlägi natura görnüşinde bölüşmäge hukuklary bardyr, bu bolsa şol emläge bolan umumy paýly eýeçilik hukugynyň bes edilmegine getirýär. Umumy gozgalmaýan emlägi bölmek barada şertnama notarial tertipde tassyklanylmaga degişlidir.

194. Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 55-nji maddasynda köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emläge eýeçilik hukugyndaky paýlary kesgitlemek baradaky kadalar bellenilen. Bu kadalara laýyklykda, köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emläkdäki paýlaryň möçberleri bu ýaşaýyş jaýynyň eýeleriniň hususy eýeçiliginde durýan ýaşaýyş jaýynyň sanyna, onuň ýerleşýän gatyna we beýleki şertlere laýyklykda, köp öýli ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdany bilen onuň ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanynyň gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy geçende, onuň täze eýesiniň köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emläge bolan hukukdaky paýy bu ýaşaýyş jaýynyň öňki eýesiniň köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emläge bolan eýeçilik hukugyndaky paýyna deňdir. Köp öýli ýaşaýyş jaýyndaky ýaşaýyş jaýynyň eýesi köp öýli ýaşaýyş jaýynda umumy emläkdäki öz paýyny aýrybaşgalamaga, beýleki adamlaryň peýdasyna ondan ýüz döndermäge, şeýle hem özüniň eýeçilik hukugyna degişli ýaşaýyş jaýyndan aýratynlykda umumy emläkdäki eýeçilik hukugyndaky öz paýynyň berilmegine eltýän beýleki hereketleri amala aşyrmaga hukugy ýokdur.

Şu ýagdaýda umumy emläge paýly eýeçilik kanun bilen bellenilen. Kanun boýunça umumy emläkdäki paýyň aýratynlygy aşakdakylardan ybaratdyr:

a) öýe bolan eýeçilik hukugyndan aýratynlykda aýrybaşgalanmaýar;

b) bölünip aýrylmaga degişli däldir;

ç) aýratyn döwlet belligine alynmaga degişli däldir, öýe bolan eýeçilik hukugy geçende, şol hukuk bilen birlikde geçýär;

d) zat satyn almakda artykmaç hukugy bermeýär.

195. Umumy emläk, emläk eýeleriniň özara ylalaşygynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň esasynda umumy emlägiň bölünmegi ýa-da ondan paýyň bölünip aýrylmagy bilen bes edilýär. Şunda obýektiň belli bir aýratyn bölegine (otaga) hususy eýeçilik hukugy ýüze çykýar. Eger zat eýeleriniň biriniň paýy bölünip aýrylsa, obýektiň beýleki bölegi beýleki zat eýeleriniň umumy paýly eýeçiliginde galýar.

## § 3. Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy

196. Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň döwlet belligine alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hukuk eýeleriniň biriniň arzasy esasynda amala aşyrylýar. Mysal üçin: eger hukuk belleýji resminamalarda (paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy, satyn almak-satmak, alyş-çalyş, ýaşaýyş jaýyny muzdsuz, göni (salgyly) bermek we ş.m.) olaryň diňe biri görkezilen bolsa, är-aýalyň biriniň arzasy boýunça är-aýalyň umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy döwlet belligine alynýar. Şunda nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamanyň görkezilmegi zerurdyr. Eger hukuk belleýji resminamalarda olaryň ikisi hem görkezilen bolsa, onda är-aýalyň ikisiniň arzasy boýunça är-aýalyň umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy döwlet belligine alynýar.

197. Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagyny amala aşyrmak üçin hukuk eýeleriniň biri tarapyndan berilýän arzada bu eýeçilik hukugyna beýleki gatnaşyjylar barada maglumatlar görkezilmelidir.

198. Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa umumy bilelikdäki eýeçiligiň emlägi bölünýänçä ýa-da bölünip aýrylýança bu eýeçilik hukugyna gatnaşyjynyň paýy bellenilmeýär.

199. Gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugy hakynda şahadatnamada ähli hukuk eýeleri görkezilýär we umumy bir şahadatnama berilýär.

200. Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan umumy eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň aşakda sanalyp geçilen halatlary bellenilen:

a) är-aýalyň umumy bilelikdäki eýeçiligi;

b) hususylaşdyrylan jaýa bolan umumy bilelikdäki eýeçilik;

ç) daýhan hojalygynyň umumy bilelikdäki eýeçiligi.

201. Är-aýalyň umumy bilelikdäki eýeçiligi Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, är-aýal tarapyndan nikaly döwründe edinilen emlägi är-aýalyň haýsysynyň satyn alandygyna ýa-da pul serişdeleriniň är-aýalyň haýsysyna ýa-da haýsysy tarapyndan harç edilendigine garamazdan, olaryň umumy bilelikdäki

eýeçiligi bolup durýar. Şol Kodeksiň 45-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda är-aýal nika şertnamasynyň esasynda är-aýalyň umumy bilelikdäki eýeçiliginiň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen düzgünini üýtgetmäge, nikaly döwründe edinilen bilelikdäki emläk ýa-da onuň aýry-aýry görnüşleri ýa-da är-aýalyň her biriniň emlägi üçin bilelikdäki, paýly ýa-da aýratyn eýeçilik düzgünini bellemäge haklydyrlar. Agzalan Kodeksiň 45-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda nika şertnamasy är-aýalyň hukuk ukyplylygyny ýa-da kämillik ukybyny, öz hukuklaryny goramak üçin kazyýete ýüz tutmaga bolan hukugyny çäklendirip, är-aýalyň arasynda şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklaryny, är-aýalyň çagalar babatda şahsy hukuklarynyň we borçlarynyň düzgünleşdirilmegine bolan hukugyny çäklendirýän, zähmete ukypsyz, mätäç bolan äriň (aýalyň) ekläp-saklanylmaga bolan hukugyny çäklendirýän düzgünleri göz öňünde tutup we är-aýalyň birini has amatsyz ýagdaýda goýýan ýa-da Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň umumy başlangyçlaryna we düýp manysyna garşy gelýän beýleki şertleri özünde saklap bilmez.

Şol Kodeksiň 53-nji maddasynyň birinji we dördünji böleklerinde är-aýalyň bilelikdäki emläge eýelik etmäge, peýdalanmaga we erk etmäge deň hukuklary bardyr. Är-aýalyň biri tarapyndan gozgalmaýan emläge ygtyýarlyk etmek boýunça geleşikleri we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde notarial tertibinde tassyklanylmagyny we (ýa-da) bellige alynmagyny talap edýän geleşikleri amala aşyrmak üçin är-aýalyň beýlekisiniň razylygynyň alynmagy zerurdyr.

202. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 54-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda nika baglaşylmazdan öň är-aýala degişli bolan emläk, şonuň ýaly-da olaryň nikaly döwründe sowgat görnüşinde ýa-da miras almak tertibinde alan emlägi olaryň her biriniň öz eýeçiligi bolup durýar. Emma, şol Kodeksiň 55-nji maddasyna laýyklykda eger kazyýet, är-aýalyň nikaly döwründe şol emläge aýrylmaz goýum goýup onuň gymmatyny ep-esli artdyrandygyny (düýpli abatlamak, doly gurmak, gaýtadan enjamlaşdyrmak we ş.m.) anyklan bolsa, är-aýalyň her haýsynyň emlägi olaryň umumy bilelikdäki eýeçiligi diýlip ykrar edilip bilner. Bu Kodeksiň 56-njy maddasyna laýyklykda, är-aýalyň bilelikdäki emläginiň bölünmegi är-aýalyň (olaryň biriniň) talap etmegi boýunça nikaly döwründe hem, ol bozulandan soň hem geçirilip bilner.

203. Är-aýalyň bilelikdäki emlägi olaryň özara ylalaşygy boýunça bölünip bilner. Är-aýalyň islegi boýunça bilelikdäki emlägini bölmek hakynda ylalaşyk notarial tertibinde tassyklanylmalydyr.

204. Är-aýalyň bilelikdäki gozgalmaýan emläge bolan hukuklary döwlet belligine alnanda, är-aýalyň gozgalmaýan emläge bolan hukuklarynyň haýsy ýagdaýlarda umumy bilelikdäki eýeçiligi, haýsy ýagdaýlarda bolsa, olaryň her biriniň öz eýeçiligi bolup durýandygy hem-de umumy bilelikdäki eýeçiliginiň ýa-da olaryň her biriniň öz eýeçiliginiň döwlet belligine alynmagynyň öz aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagy hökmandyr.

205. Umumy bilelikdäki eýeçiligiň gatnaşyjysynyň biriniň aradan çykan ýagdaýynda, mirasy resmileşdirmek üçin şol aradan çykanyň paýy kesgitlenilmelidir. Eger är-aýalyň biri aradan çykan bolsa, onuň paýyny mirasdarlaryň arzasy esasynda hem-de diri galan äriň (aýalyň) razylygy bilen notarial edarasy tarapyndan kesgitlenilýär. Aradan çykanyň we diri galan äriniň (aýalynyň) paýy deň bolup durýar.

206. Türkmenistanyň kanunçylygynda gozgalmaýan emlägiň şol bir obýekte birlikde bilelikdäki hem-de paýly eýeçiligiň ýüze çykmagy bilen bagly kadalar göz öňünde tutulmadyk.

207. Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň birnäçe aýratynlyklary bardyr we olar şulardan ybaratdyr:

a) umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy umumy bilelikdäki eýeçiligiň gatnaşyjylarynyň, ýagny hukuk eýeligine dalaşgärleriň biriniň arzasy esasynda döwlet belligine alynmagy amala aşyrylyp bilner (eger hukuk belleýji resminamalarda olaryň diňe biri görkezilen bolsa);

b) her bir eýesiniň hukugy aýratyn ýazgy görnüşinde aýratyn sahypada däl-de, şol bir bölümiň sahypasynda görkezilýär;

ç) ähli hukuk eýeleri üçin bir şahadatnama berilýär;

d) umumy bilelikdäki eýeçilik hukugyna gatnaşyjynyň paýy bellenilmeýär;

e) umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda şahadatnamada ähli hukuk eýeleri görkezilýär we olaryň ählisi üçin bir şahadatnama berilýär;

ä) umumy bilelikdäki eýeçilik hukugyndaky gozgalmaýan emläge ygtyýarlyk etmek boýunça geleşikleri amala aşyrmak üçin bu eýeçiligiň gatnaşyjylarynyň beýlekileriniň razylygynyň alynmagy zerurdyr (bu razylygyň alnandygy barlanylmalydyr).

208. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň $53^1$-nji maddasyna laýyklykda, eger-de eýeçilikde bolan gurluşyk edilen bir ýer böleginde birnäçe eýeleriň eýeçiliginde bir we birden köp obýekt ýerleşen ýagdaýynda, bu ýer bölegi umumy eýeçilikde bolup durýar. Umumy eýeçilikde durýan ýer bölegine bu ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy ýer bölegine hukugy bolan taraplaryň her biriniň görkezilen paýy boýunça olaryň hersine aýratynlykda resmileşdirilýär.

209. Umumy eýeçilikde durýan ýer böleginiň bölünmegi jemagat hyzmatlarynyň (suw, gaz, lagym, elektrik üpjünçiligi we gaýry hyzmat ediş desgalary we enjamlary), şeýle hem obýektiň eýeleriniň hersiniň bu obýekte özbaşdak girelgesiniň (pyýada ýa-da ulagly geçmek mümkinçiliginiň) bolmagynyň üpjün edilmegine mümkinçilik bolan ýagdaýynda amala aşyrylýar. Umumy eýeçilikde durýan ýer böleginiň bölünmegi hem-de täze eýesiniň adyna berkidilmegi häkimiň degişli karary esasynda resmileşdirilýär. Umumy eýeçilikde durýan ýer böleginiň bölünmegi esasynda täze

emele gelen ýer bökleriniň hersine aýratyn täze kadastr belgi berilýär hem-de bu ýer böleklerine hukugy kepillendirýän resminamalar aýratynlykda resmileşdirilýär.

210. Umumy eýeçilikde durýan ýer böleginiň bölünmegi hem-de täze eýeleriniň adyna berkidilmegi netijesinde öňki obýekt bes edilýär. Kitapda öň döredilen gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bölümi täze obýektiň döredilmegi bilen bes edilýän bolsa, onda täze obýektiň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri "Indiki (soňky) kadastr tertip belgisi", "Indiki (soňky) inwentar tertip belgisi", "Indiki (soňky) şertli tertip belgisi"diýen böleginde görkezilýär.

## XI bap. Operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

211. "Eýeçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, hojalygy ýörediş hukugy – kärhananyň emlägiň eýesi tarapyndan kanunda bellenilen çäklerde oňa berkidilen emläge eýelik etmäge, peýdalanmaga we ygtyýarlyk etmäge hukugy bolup durýar. Şol madda laýyklykda, dessin dolandyryş hukugy (bellik: bu Kanunda "operatiw dolandyryş" diýen düşünje "dessin dolandyryş" diýlip alnan) – kärhana (edara) eýesi tarapyndan dessin dolandyrylmaga berlen emläge eýelik etmek hukugynyň görnüşi, oňa laýyklykda, bu kärhana (edara) diňe zadyň eýesiniň razylygy bilen bu emläge ygtyýar edip biler.

212. "Eýeçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda ýa-da zadyň eýesiniň garaýşyna görä onuň emlägine eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek hukuklary beýleki şahslara berlip bilner, olar bu hukuklary kanun ýa-da emlägiň eýesi tarapyndan göz öňünde tutulan çäklerde amala aşyrýarlar.

213. Öz işini hojalygy ýörediş hukugynda amala aşyrýan döwlet kärhanasynyň zat eýesiniň ýa-da oňa ygtyýarly edilen döwlet edarasynyň razylygy bolmazdan şulary, ýagny ýöretmeginde durýan binalary, desgalary, enjamlary we kärhananyň beýleki esasy serişdelerini satmaga ýa-da üçünji taraplara bermäge, çalyşmaga, wagtlaýyn peýdalanmaga bermäge haky ýokdur. Şu ýerde döwlet edaralaryna degişli binany kärendesine bermek, üçünji taraplara bermegiň diňe bellenilen tertipde amala aşyrylýandygyny mysal hökmünde görkezip bolar. "Kärende hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda eger döwlet emlägi maksatlaýyn niýetlenilişi boýunça ulanylmaýan bolsa (oturdylmadyk, konserwirlenen bolsa), ýöne tehniki ýagdaýy boýunça ulanmaga ýaramly bolsa we eger şeýle emlägiň kärendesi önümçilige zyýan ýetirmeýän bolsa, onda ol emläk wagtlaýyn kärendesine berlip bilner. Şeýle-de, döwlet kärhanalarynyň, olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň emläk toplumlary, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olar üçin bölünip berlen ýer bökleriniň dolulygyna ýa-da bölekleýin goşulmagy bilen,

kärendesine berlip bilner. Döwlet emläginiň kärendesine berijisi bolup bu emlägi hasabynda saklaýjy çykyş edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi döwlet emläginiň aýry-aýry obýektleri we görnüşleri boýunça kärendesine beriji bolup çykyş edip biler. Döwlet edaralarynyň operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklarynda dolandyrmagynda durýan gozgalmaýan emläklerini aýrybaşgalamagyň, kärendä bermegiň, döwlet edara-kärhanalaryny, olaryň aýrybaşgalanan düzüm birliklerini we esasy serişdelerini başga bir edara-kärhana berilmeginiň kadalary aşakda sanalyp geçilen kadalaşdyryjy hukuk namalarda anyk kesgitlenilen we agzalan emläkler diňe şol kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde satylmaga ýa-da üçünji taraplara berilmäge, wagtlaýyn peýdalanylmaga berilmäge degişlidir:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 5835-nji karary bilen tassyklanylan, Döwlet emläginiň kärendesiniň tertibi hakynda Düzgünnama döwlet emläginiň kärendesiniň şertnamalaryny baglaşmagyň amalyny kesgitleýär, şeýle hem kärende tölegini hasaplamagyň we paýlamagyň tertibini we döwlet emlägini kärendä (kireýine) bermegiň beýleki şertlerini düzgünleşdirýär;

2) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 13600-nji karary bilen tassyklanan, Döwlet edara-kärhanalaryny, olaryň aýrybaşgalanan düzüm birliklerini we esasy serişdelerini başga bir edara-kärhana bermegiň Tertibi döwlet edara-kärhanalaryny, olaryň aýrybaşgalanan düzüm birliklerini we esasy serişdelerini başga bir edara-kärhana bermegiň tertibini kesgitleýär;

3) “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda”, “Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary döwlete degişli edaralarynyň operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklarynda dolandyrmagynda durýan gozgalmaýan emläkleriň hususylaşdyrylmagy babatda kadalary kesgitleýär.

214. Döwlet eýeçiligi bolup durýan emläk döwlet kärhanalaryna (edaralaryna) hojalygy ýörediş hukugynda ýa-da operatiw dolandyryş hukugynda berkidilýär.

Döwlet eýeçiliginiň obýektlerine ygtyýarlyk edilmegini we onuň dolandyrylmagyny degişli ygtyýarly edilen döwlet edaralary amala aşyrýarlar.

Agzalan Kanunyň 17-nji maddasyna laýyklykda, ýerli öz-özüňi dolandyryş (munisipal) edaralarynyň eýeçiliginde aşakdakylar bolup biler: degişli ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň emlägi, degişli býujetleriň serişdeleri, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasy we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy, döwlet ýaşaýyş jaý gaznasyna degişli jaýlardaky ýaşalmaýan jaýlar, oba hojalyk, söwda, durmuş hyzmaty kärhanalary, ulag, senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalar, döwletiň bilim, medeniýet, saglygy goraýyş edaralary hem-de etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň ykdysady we durmuş

taýdan ösdürilmegi üçin zerur bolan gaýry emläkler. Ýerli öz-özüňi dolandyryş (munisipal) edaralarynyň eýeçiligi bolup durýan emläk, kärhanalara (edaralara) hojalygy ýörediş hukugynda ýa-da operatiw dolandyryş hukugynda berkidilýär.

215. Jemgyýetçilik birleşikleri öz eýeçiligine binalary, desgalary, gurluşlary, ýaşaýyş jaý gaznasyny, ulaglary, enjamlary, abzallary, medeni aň-bilim we sagaldyş maksatly emläkleri, pul serişdelerini, paýnamalary, beýleki gymmatly kagyzlary, intellektual zähmetiň netijelerini hem-de olaryň tertipnamalarynda kesgitlenilen işiň maddy taýdan üpjün edilmegi üçin zerur bolan gaýry emlägi edinip bilerler.

216. Jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiliginde, şeýle-de öz tertipnamalaýyn maksatlaryna laýyklykda hususy serişdeleriniň hasabyna döredilýän we edinilýän edaralar, neşirýatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, banklar bolup biler.

Döwletiň we jemgyýetiň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygy ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasy bilen eýeleri jemgyýetçilik birleşikleri bolup bilmeýän emläkleriň görnüşleri kesgitlenilip bilner.

217. Jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan ýuridik şahslar hökmünde döredilen ýa-da edinilen kärhanalar we edaralar özlerine berkidilen emläge hojalygy ýörediş hukugynda ýa-da operatiw dolandyryş hukugynda eýe bolýarlar.

218. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasyna laýyklykda, gozgalmaýan emläge bolan operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklary döwlet belligine alynmaga degişlidir. Döwlet belligine alynmaga degişli gozgalmaýan emläge bolan hukuk, hukugyň borçlanmasy, olaryň degişlilikde ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet belligine alnan pursatyndan başlap ýüze çykýarlar, geçýärler, bes edilýärler.

Gozgalmaýan emläge bolan operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklarynyň döwlet belligine alnandan soň ýüze çykýar.

219. Operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklarynyň käbir aýratynlyklary şulardyr: hukugyň mazmuny boýunça - eýeçilik hukugynyň, operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukuklarynyň eýeleriniň ygtyýarlyklary meňzeş hem bolsa (emläge eýelik etmek, ondan peýdalanmak we ygtyýar etmek bu hukuklaryň üçüsine hem degişlidir), olaryň mazmuny biri-birinden tapawutlydyr. Operatiw dolandyryş hukugy öz içine emläge eýelik etmek, ondan peýdalanmak we ygtyýarlyk etmek hukugyny alýar, emma hojalygy ýörediş hukugyndan aýratynlykda, has çäklendirilen häsiýete eýedir. Gozgalmaýan emläge bolan operatiw dolandyryş hukugy - kärhana eýesi tarapyndan (edara) dessin dolandyrylmaga berlen emläge eýelik etmek hukugynyň görnüşi, oňa laýyklykda bu kärhana (edara) diňe zadyň eýesiniň razylygy bilen bu emläge ygtyýar edip biler.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da hukuk eýesiniň çözgüdi boýunça başgaça bellenilmedik bolsa, gozgalmaýan emläge bolan operatiw dolandyryş hukugy bu emläk döwlet edarasynyň balansynda göz öňünde tutulan pursatyndan ýüze çykýar we operatiw dolandyryş hukugy diýip bellige alynýar.

Operatiw dolandyryş hukugyny amala aşyrmagyň çäkleri diňe Kanun bilen däl-de, eýsem, bu ýuridik şahslaryň amala aşyrýan işleriniň maksatlary, emläk eýesiniň tabşyrygy we emlägiň niýetlenilişi bilen çäklendirilýändir.

Operatiw dolandyryş hukugy eýeçilik hukugy ýaly döwlet belligine alynmaga degişli wajyp zat hukuklarynyň hataryna girýändir. Bu hukugyň esasy manysy şudur, ýagny kärhana haýsy hem bolsa bir gozgalmaýan emläk babatda operatiw dolandyryş hukugynyň eýesi bolup, ol emlägi ulanmaga hukugy bardyr, emma emlägiň eýesiniň razylygy bolmazdan, oňa ygtyýarlyk edip bilmez.

Gozgalmaýan emläge bolan hojalygy ýörediş hukugy - kärhananyň emläginiň eýesi tarapyndan kanunda bellenilen çäklerde oňa berkidilen emläge eýelik etmäge, peýdalanmaga we ygtyýarlyk etmäge bolan hukuklaryny öz içine alýar.

Eger, Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da hukuk eýesiniň çözgüdi boýunça başgaça bellenilmedik bolsa, gozgalmaýan emläge bolan hojalygy ýörediş hukugy bu emläk döwlet edarasynyň hasabynda göz öňünde tutulan pursatyndan ýüze çykýar we hojalygy ýörediş hukugy diýip bellige alynýar.

220. Operatiw dolandyryş we hojalygy ýörediş hukugynyň döwlet belligine alynmagy üçin aşakdaky resminamalar talap edilmelidir:

1) gozgalmaýan emläge degişli resminamalar we şol emlägiň ýuridik şahsa operatiw dolandyryş ýa-da hojalygy ýörediş hukugynda bellenilendigini tassyklaýan resminama;

2) emlägi kabul ediş-tabşyryş namasy;

3) kärhananyň esaslandyryş resminamalary (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti) ýa-da öz ygtyýarlygyna laýyklykda, beýleki ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan döwlet kärhanasynyň döredilmegi hakynda kabul edilen nama, esaslandyryş şertnamasy, kärhananyň tertipnamasy ýa-da düzgünnamasy), ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme;

4) ýer bölegine hukugy tassyklaýan resminamalar;

5) tehniki tükelleýiş edarasynyň resminamalary;

6) döwlet pajynyň we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin tölegleriň tölenilendigini tassyklaýan resminamalar.

Edaranyň hakykat ýüzünde gozgalmaýan emlägiň obýektlerine eýelik edip başlandygyny diňe bir emlägi kabul ediş-tabşyryş namasy däl-de, eýsem ýaşaýyş jaýynyň ýa-da gozgalmaýan emlägiň obýektini ulanmaga kabul etmek barada Döwlet kabul ediş toparynyň resminamasynyň hem-de eger ýaşaýyş jaýy bolsa, gozgalmaýan emlägiň obýektini ulanmaga kabul etmek barada häkimiň kararynyň arhiw edaralary tarapyndan berlen nusgalary hem tassyklap biler.

221. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, Gozgalmaýan emlägiň obýektlerine eýeçilik edýän, olary peýdalanýan, kärendesine alan şahslaryň gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň döwlet belligine alynmagy üçin olaryň eýeçilik edýän, peýdalanýan, kärendesine alan gozgalmaýan emläginiň obýektlerine degişli hukuk belleýji resminamalara şular degişlidir:

1) häkimiň ýer böleklerini eýeçilige bermek, kärendä bermek hakyndaky karary, Türkmenistanyň Ýer meseleleri baradaky döwlet toparynyň ýer böleklerini peýdalanmaga bermek hakynda beren resminamasy;

2) ýer bölegine eyeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama;

3) ýaşaýyş jaýynyň ýa-da gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektiniň gurluşygyna rugsatnama hem-de şol obýekti ulanmaga kabul etmek barada Döwlet kabul ediş toparynyň resminamasy hem-de eger ýaşaýyş jaýy bolsa, häkimiň karary ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen beýleki resminamalar. Şunda 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň ýüze çykan gozgalmaýan emläge bolan hukuklar bellige alnanda, arza beriji tarapyndan şu bentde görkezilen resminamalaryň berilmeginiň mümkinçiligi bolmadyk halatynda, ýaşaýyş jaýyna ýa-da gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektine bolan degişli hukuk şol resminamalar bolmazdan bellige alynýar;

4) tehniki tükelleýiş edarasy tarapyndan taýýarlanylan gozgalmaýan emlägiň obýektiniň tükelleýiş işi;

5) degişli hukuk ýüze çykan pursatynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen beýleki resminamalar.

Ýokarda agzalan resminamalar öň resmileşdirilen, emma häzirki wagtda ýok bolsa (ýitirilen, zaýalanan we beýleki ýagdaýlarda) ol resminamalaryň öwezlikleri berilýär, öwezliklerini bermek mümkinçiligi bolmadyk halatynda bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, degişli edaralar tarapyndan şeýle resminamalar gaýtadan resmileşdirilýär, hasaba alynýar hem-de degişli namalar berilýär.

222. Gozgalmaýan emläge bolan hojalygy ýörediş hukugy bellige alnanda, Döwlet sanawynda “döwlet eýeçilik hukugy” diýlip ýazgy edilýär, gozgalmaýan emlägiň eýesi

döwlet bolup durýar. Şeýle hem “hojalygy ýörediş hukugynda” diýlip gelip çykýan hukuk barada ýazgy ýazylýar. Şunda onuň hukuk eýesi hökmünde hojalygy ýörediş hukugy bellige alynýan döwlet edarasynyň ady ýazylýar.

223. Gozgalmaýan emläge bolan operatiw dolandyryş hukugy bellige alnanda, Döwlet sanawynda “döwlet eýeçilik hukugy” diýlip ýazgy edilýär, gozgalmaýan emlägiň eýesi döwlet bolup durýar. Şeýle hem, “operatiw dolandyryş hukugynda” diýlip gelip çykýan hukuk barada ýazgy ýazylýar. Şunda onuň hukuk eýesi hökmünde operatiw dolandyryş hukugy bellige alynýan döwlet edarasynyň ady ýazylýar.

224. Degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, şeýle hem beýleki ýuridik şahslar özlerine degişli tertipde berlen gozgalmaýan emläge bolan hojalygy ýörediş hukugy we operatiw dolandyryş hukugyny döwlet belligine aldyrmalydyrlar.

Döwlet tarapyndan berlen emläge bolan hojalygy ýörediş hukugy we operatiw dolandyryş hukugy döwlet belligine alnanda, şol emläge bolan döwletiň eýeçilik hukugy bellige alynman, Döwlet sanawynda diňe “döwlet eýeçilik hukugy” diýlip ýazgy edilýär we edaranyň, kärhananyň, guramanyň hojalygy ýörediş hukugy we operatiw dolandyryş hukugy bellige alynýar.

## XII bap. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hem-de hossarlyk we howandarlyk bellenen şahslaryň gozgalmaýan emläge bolan hukuklarynyň döwlet belligine alynmagynyň aýratynlyklary

225. Doly raýat kämillik ukyby - 18 ýaşa ýeten hem-de öz hereketleriniň manysyna düşünip, şol hereketlere erk edip bilýän fiziki şahsda ýüze çykýar.

Doly däl raýat kämillik ukyby (çäklendirilen raýat kämillik ukyby) - 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli hem-de kazyýet tarapyndan spirtli içgileri ýa-da neşe serişdelerini kast bilen içmegi-çekmegi zerarly öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salýandygy üçin 18 ýaşyna ýeten, emma kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahsda ýüze çykýar;

Kämillik ukyby ýok fiziki şahs diýip, 7 ýaşa çenli hem-de psihiki ýarawsyzlygy (dälilik keseli ýa-da akyly kemlik) sebäpli öz hereketleriniň manysyna düşünip bilmeýän ýa-da şol hereketlere erk edip bilmeýän, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen fiziki şahs hasaplanylýar.

226. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 84-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, çaganyň öz alan girdejilerine, özüniň peşgeş ýa-da miras almak tertibinde alan emlägine, şeýle hem çaganyň serişdesine alnan islendik başga emläge eýeçilik hukugy bardyr. Çaganyň eýeçilik hukugy esasynda özüne degişli bolan emlägine ygtyýarlyk etmäge bolan hukugy Türkmenistanyň raýat kanunçylygy bilen

kesgitlenilýär. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, 18 ýaşyna ýetmedikler kämillik ýaşyna ýetmedik hasaplanylýar.

227. Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedikler iki topara bölünýärler. Olaryň birinjisi 7 ýaşyna çenli, ikinjisi bolsa 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar bolup durýarlar. Ikinji topardaky kämillik ýaşyna ýetmedikler birinji topardakylara garanyňda, raýat-hukuk geleşiklerini amala aşyranlarynda, artykmaç hukuklara eýedirler. 7 ýaşyna çenli çagalar kämillik ukyby ýok hasap edilýär we olaryň geleşikleri özleriniň amala aşyrmaga hukuklary ýokdur, olara derek ähli geleşikleri olaryň ata-enesi (olaryň biri) ýa-da beýleki kanuny wekilleri amala aşyrýarlar. 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli çagalar kämillik ukyby çäklendirilen hasap edilýär we olaryň ata-enesi (olaryň biri) ýa-da beýleki kanuny wekilleriň ýazmaça razylygy bilen geleşikleri özleriniň amala aşyrmaga hukuklary bardyr. Şunda iki ýagdaýda hem gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşikleri amala aşyrmaga hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň razylygy bilen ýol berilýär.

228. Türkmenistanyň Maşgala kodeksinde kämillik ýaşyna ýetmedik 7 ýaşa çenli çagalara, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlara hossarlyk bellenilýändigi, şonuň bilen birlikde, hossarlaryň kanuna laýyklykda, hossarlyk edilýänleriň wekilleri bolup durýandyklary hem-de olaryň adyndan we olaryň bähbitleri üçin ähli zerur geleşikleri baglaşýandyklary düzgünleşdirilýär. Kanunda kämillik ýaşyna ýetmedik 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli çagalara, şeýle hem kazyýet tarapyndan kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlara howandarlyk etmegiň hukuk kadasy bellenilýär.

229. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 129-njy maddasyna laýyklykda, ata-eneleriniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň, şeýle hem saglyk ýagdaýy sebäpli öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän we öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň ekläp-saklanylmagyny, terbiýelenmegini, bilim almagyny, olaryň şahsy emläk däl we emläk hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny üpjün etmek hossarlygyň we howandarlygyň maksatlary bolup durýar.

Şol Kodeksiň 130-njy maddasyna laýyklykda hossarlaryň hossarlyk we howandarlyk edaralaryndan deslapdan ygtyýarlyk alman hossarlyk edilýänleriň adyndan durmuş geleşikleriniň çäklerinden çykýan geleşikleri baglaşmaga haky ýokdur, howandarlaryň bolsa - şolar ýaly geleşikler baglaşylmagyna razylyk bermäge haky ýokdur.

Notarial tertibinde tassyklanylmaga degişli şertnamalary baglaşmak üçin, hossarlyk edilýänleriň degişli hukuklaryndan ýüz döndermegi, emlägi paýlaşmagy, ýaşaýyş jaýlaryny çalyşmagy we emlägi edinmegi üçin hossarlyk we howandarlyk edarasynyň deslapdan ygtyýarlyk bermegi talap edilýär. Hossarlaryň we howandarlaryň, olaryň äriniň (aýalynyň) hem-de olaryň ýakyn garyndaşlarynyň hossarlyk edilýänler bilen geleşikler baglaşmaga, şonuň ýaly-da, hossarlyk edilýänler bilen hossarlaryň we howandarlaryň äriniň (aýalynyň) we olaryň ýakyn garyndaşlarynyň arasynda

geleşikler baglaşylan ýa-da kazyýet işleri ýöredilen mahalynda özleriniň hossarlygynda we howandarlygynda duran adamlaryň adyndan wekilçilik etmäge haky ýokdur. Hossarlyk ediľýäniň adyndan emläk bagyşlamak şertnamasynyň baglaşylmagyna rugsat berilmeýär.

230. Kämillik ýaşly, emma, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahsyň gozgalmaýan emlägini ýa-da gozgalmaýan emläkden paýyny satmak üçin hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady talap edilýär. Kämillik ukyby ýok adamyň adyndan ähli hereketleri onuň hossary amala aşyrýar, kämillik ukyby çäklendirilen adam özüniň howandarynyň razylygy bilen hereket edýär. Şunda, adamyň hossary (howandary) kämillik ukyby ýok (kämillik ukyby çäklendirilen) diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdini hem-de hossar (howandar) bellemek barada häkimiň kararyny görkezmelidir. Eger hossar ýa-da howandar kämillik ýaşyna ýetmedige bellenilen bolsa, onda kazyýetiň çözgüdi talap edilmeýär.

231. Geleşigiň bir tarapy kämillik ýaşyna ýetmedikler hem-de kämillik ýaşly, emma kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen şahs bolan halatlarynda, ilki bilen olaryň kanuny wekilleriniň kim bolup durýandygyna, ýagny bu geleşige kimiň gatnaşmalydygyna hem-de haýsy resminamalaryň olaryň wekilligini tassyklaýandygyna düşünmeklik zerurdyr. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 1-nji maddasynyň 20-nji bendine laýyklykda, kanuny wekiller – kanun esasynda ähli edaralarda, şol sanda kazyýet edaralarynda kämillik ukyby ýoklaryň, kämillik ukyplary çäklendirilenleriň ýa-da kämillik ukyby bolanlaryň, ýöne fiziki ýagdaýyna görä (garrylygy, syrkawlygy boýunça we ş.m.) öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyrmaga we öz borçlaryny ýerine ýetirmäge ukypsyz bolanlaryň şahsy emläk däl we emläk hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça çykyş edýän adamlar (ata-eneler, perzentlige alanlar, hossarlar (howandarlar), şeýle hem bu fiziki şahsyň howandarlykda durýan edaralarynyň we guramalarynyň wekilleri) bolup durýar.

232. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekilleri olaryň ata-enesi ýa-da olary perzentlige alanlar bolup durýarlar. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ata-eneleri ýa-da olary perzentlige alanlar bolmadyk ýagdaýynda, ýagny çagalaryň diňe ata-eneleriniň howandarlygyndan galan halatlarynda, olaryň kanuny wekilleri bolup, 7 ýaşyna çenli çagalaryň hossary, 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolsa çagalaryň howandary çykyş edýär. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 29-njy maddasynda çagalaryň ata-eneleriniň howandarlygyndan galýan şu halatlary beýan edilýär: çaganyň ata-enesiniň aradan çykmagy bilen ýetim galmagy, çaganyň ata-eneleriniň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegi, olaryň ata-enelik hukuklarynyň çäklendirilmegi, ata-eneleriniň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilmegi, ata-eneleriniň syrkawlamagy, olar uzak wagtlap bolmadyk mahaly, ata-eneler öz çagalaryny terbiýelemekden we olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan, şol sanda öz çagalaryny degişli çagalar edaralaryndan, durmuş hyzmaty edaralaryndan ýa-da beýleki edaralardan almakdan ýüz dönderen halatlary, şeýle hem çagalaryň ata-eneleriniň howandarlygyndan galýan başga halatlary degişlidir. Şu ýagdaýlarda olaryň

hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

233. Kanuny wekiller kämillik ýaşyna ýetmedikleriň adyndan we olaryň bähbitlerinden ugur alyp, ählisi ýuridik ähmiýetli hereketleri amala aşyryp bilýärler.

234. Kanuny wekiller öz ygtyýarlyklaryny degişli resminamalar bilen tassyklaýarlar:

1) ata-eneler - pasporty (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy) we çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasy;

2) perzentlige alanlar-perzentlige alnandygy hakynda şahadatnama;

3) hossarlar we howandarlar ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan berlen resminama;

4) eger çaga ýetim çagalaryň we ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalaryň terbiýelenýän döwlet edaralarynda terbiýelenýän bolsa, onda şol edaranyň ýolbaşçysy ygtyýarly edaranyň çagany şol edara ýerleşdirmek baradaky çözgüdi esasynda, çaganyň adyndan we onuň bähbidinde hereket edýän çaganyň hossary (howandary) bolup durýar, beýleki şahslar bolsa, çaganyň ýerleşdirilen edarasynyň adyndan hereket etmäge bolan onuň ygtyýarlygyny tassyklaýan ynanç hatyny (eger hossarlyk ýa-da howandarlyk şol edara tarapyndan amala aşyrylýan bolsa) bermelidir.

235. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy barada arza bilen 7 ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we kämillik ýaşly, emma kämillik ukyby ýok fiziki şahslaryň adyndan olaryň kanuny wekilleri ýüz tutýarlar we geleşiklere hem kanuny wekiller gol çekýärler. Eger çaga 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli aralykda bolsa we kämillik ýaşly, emma kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahs bolan ýagdaýynda, onda olar arzany özleri berýärler we geleşige hem özleri gol çekýärler. Emma şu ýagdaýlarda olaryň kanuny wekilleriniň razylygy zerurdyr.

236. Arzadan başga-da, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan resminamalar talap edilýär, şol sanda aşakdaky resminamalar berilmelidir:

1) kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hem-de kämillik ýaşly, emma kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilenleriň kanuny wekilleriniň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminama;

2) 17 ýaşdan 18 ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň öz emläklerine kanuny wekilleriniň razylygy bolmazdan özbaşdak erk edip bilmek hukugyny tassyklaýan resminama: hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdi, nika baglaşylandygy hakyndaky şahadatnama (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 23-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda);

3) 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň geleşik baglaşmagyna olaryň kanuny wekilleriniň razylygy (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 25-nji maddasy);

4) kämillik ýaşly, emma kämillik ukyby çäklendirilenleriň kanuny wekilleriniň razylygy (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 27-nji maddasy);

5) 7 ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hem-de kämillik ýaşyna ýeten, ýöne kämillik ukyby ýoklaryň emlägine ygtyýarlyk etmäge, ýagny emlägini eýeçiliginden aýyrmak, şol sanda çalyşmak ýa-da sowgat etmek barada, emlägi kireýine (kärendesine), mugt peýdalanmaga bermek ýa-da girewe goýmak barada geleşikleri baglaşmaga, hossarlyk-howandarlyk edilýäne degişli hukuklardan ýüz dönderilmegine getirýän geleşikleri baglaşmaga, hossarlyk-howandarlyk edilýäniň emlägini bölmäge ýa-da oňa düşýän paýdan bölüp almaga getirýän geleşikleri baglaşmaga, şonuň ýaly-da hossarlyk-howandarlyk edilýäniň emläginiň kemelmegine getirýän islendik beýleki geleşikleri baglaşmaga hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň rugsady (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 26-njy, 37-nji, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 84-nji, 130-njy maddalary);

6) 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hem-de kämillik ýaşyna ýeten, ýöne kämillik ukyby çäklendirilenleriň emlägine ygtyýar etmegine olaryň kanuny wekilleriniň razylyk bermegine hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň rugsady (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 25-nji, 27-nji, 37-nji, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 84-nji, 130-njy maddalary).

Ýokarda görkezilen resminamalaryň berilmezligi geleşikleri döwlet belligine almaklykdan ýüz dönderilmegine getirýär.

237. Aşakda sanalyp geçilen ýagdaýlarda hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň rugsady (razylygy) hökmandyr:

kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hem-de kämillik ýaşly, emma, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahsyň emlägi kireýine (kärendesine) berlende, aýrybaşgalananda, mugt peýdalanmaga berlende ýa-da emlägi girewe goýlanda, olara degişli hukuklardan ýüz dönderilmegine getirýän geleşikler baglaşylanda, olaryň emlägini bölmäge ýa-da oňa düşýän paýdan bölüp almaga getirýän geleşikler baglaşylanda, eýeçilikdäki zadyň bir bölegini satyn almakda artykmaç hukugyndan ýüz dönderilende, ýaşaýyş jaýynyň hususylaşdyrylmagyna gatnaşmakdan ýüz dönderilende, mirasdan ýüz dönderilende, hususy ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzalarynyň ýaşaýan ýaşaýyş jaýy aýrybaşgalananda (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň 35-nji maddasynyň dördünji bölegi), şonuň ýaly-da, olaryň emläginiň kemelmegine getirýän islendik beýleki geleşikler baglaşylanda, emläk eýesiniň maşgala agzasy bolup durýan, hossarlyk we howandarlyk bellenilen ýa-da ata-enesiniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýaşaýan ýaşaýyş jaýy aýrybaşgalananda, görkezilen fiziki şahslaryň bähbidine degip geçýän bolsa.

238. Hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň rugsadynyň (razylygynyň) kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we hossarlyk ýa-da howandarlyk bellenilen fiziki şahslaryň emläginiň diňe aýrybaşgalanýan halatlarynda däl-de, eýsem, beýleki ýagdaýlarda hem zerurlygyna üns berilmelidir.

Mysal üçin: kämillik ýaşyna ýetmedikler we hossarlyk, howandarlyk bellenilen fiziki şahslar miras alyp bilerler ýa-da pul serişdelerini sowgat hökmünde alyp bilerler hem-de öz adyna gozgalmaýan emlägi almak bilen bagly çykdajylary özüniň tölemäge bolan mümkinçiligi döreýär, şunda bir zada üns berilmelidir, eger, gozgalmaýan emläk kämillik ýaşyna ýetmedigiň we hossarlyk ýa-da howandarlyk bellenilen fiziki şahsyň serişdesiniň hasabyna alynýan bolsa, özem onuň emläginiň görnüşiniň biri bolan pul serişdesiniň kemelmegine getirýän bolsa, onda şeýle geleşigi amala aşyrmak üçin hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň rugsady (razylygy) zerurdyr.

239. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we hossarlyk ýa-da howandarlyk bellenilen fiziki şahslaryň gatnaşmagy bilen bagly geleşikleriň aýratynlygynyň biri hem şol geleşikleriň käbiriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmegidir.

240. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 37-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, hossaryň, howandaryň, olaryň ýanýoldaşlarynyň we ýakyn garyndaşlarynyň hossarlyk-howandarlyk edilýän fiziki şahs bilen geleşik baglaşmaga emlägi howandarlyk-hossarlyk edilýäne sowgat etmek hökmünde ýa-da mugt peýdalanmaga berilmegi muňa girmeýär, şonuň ýaly-da, hossarlyk-howandarlyk edilýän fiziki şahs bilen hossaryň ýa-da howandaryň ýanýoldaşynyň we olaryň ýakyn garyndaşlarynyň arasynda geleşikler baglaşylan ýa-da kazyýet seljerişi alnyp barylan mahalynda hossarlyk-howandarlyk edilýäniň wekilçiligini etmäge haky ýokdur. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 23-nji maddasyny, şeýle hem, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 84-nji maddasyny göz öňünde tutmak bilen, bu görkezilen talaplar geleşige olaryň kanuny wekilleri hökmünde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ata-eneleriniň gatnaşýan halatlary hem degişlidir. Bu kada laýyklykda, meselem: 7 ýaşdan bärdäki kemala gelmedige (kiçi ýaşly çaga) degişli jaýy satylanda, eger onuň adyndan çaganyň ejesi baglaşýan bolsa, çaganyň ejesiniň ata-enesine ýa-da beýleki ýakyn garyndaşlaryna jaýy satmak bolmaýar. Emlägi satyn alyjy ýa-da satyjy hökmünde çykyş edýändigine garamazdan, kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen olaryň kanuny wekilleriniň ýakyn garyndaşlarynyň arasynda tölegli şertnamasynyň baglaşylmagyna ýol berilmeýär. Kanuny wekiller (ýa-da olaryň garyndaşlary) kämillik ýaşyna ýetmediklere we kämillik ýaşyna ýeten, ýöne kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslara öz gozgalmaýan emlägini (ýa-da umumy emläkdäki öz paýyny) diňe sowgat edip bilerler, ýagny, olaryň emläginiň artmagyna getirýän tölegsiz şertnamalary baglaşyp bilerler.

241. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 38-nji maddasyna laýyklykda, hossarlyk-howandarlyk edilýäniň gozgalmaýan emlägini we gozgalýan gymmatly emlägini hemişelik dolandyrmak zerur bolan mahalynda, hossarlyk-howandarlyk edarasy eýeçiligi ynançly dolandyrmak hakynda şol eýeçiligiň bu edara tarapyndan

kesgitlenilen dolandyryjysy bilen şertnama baglaşýar. Şeýle halatda hossar ýa-da howandar hossarlyk-howandarlyk edilýäniň ynançly dolandyrmaga berilmedik emlägi babatynda öz ygtyýarlaryny saklap galýar. Eýeçiligi dolandyryjy hossarlyk-howandarlyk edilýäniň eýeçiligini dolandyrmak baradaky ygtyýarlaryny amala aşyran mahalynda Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 37-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan kadalaryň güýji şol eýeçiligi dolandyryja degişli bolýar. Hossarlyk-howandarlyk edilýäniň eýeçiligini ynançly dolandyrmak işi eýeçiligi ynançly dolandyrmak hakyndaky şertnamany ýatyrmak üçin kanunda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, şonuň ýaly-da, hossarlyk we howandarlyk bes edilen halatlarda bes edilýär.

242. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we kämillik ýaşyna ýeten, ýöne kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslaryň gozgalmaýan emläk babatda hukuklaryny şu iki topara bölüp görkezip bolar:

1) birinjisi-bu gozgalmaýan emlägiň eýesi bolup durmaýan kämillik ýaşyna ýetmedikler we kämillik ýaşly, emma, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslar;

2) ikinjisi-bu gozgalmaýan emlägiň eýesi (eýeleriniň biri) bolup durýan kämillik ýaşyna ýetmedikler we kämillik ýaşly, emma, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslar.

Görkezilen bu iki topardaky fiziki şahslaryň hukuklary bellige alnanda Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň we Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň degişli maddalarynyň talaplary ýerine ýetirilmelidir.

243. “Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasynyň üçünji böleginde kireýine alyjynyň maşgalasynyň kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen agzalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýaşaýyş jaýynyň hususylaşdyrylmagyna gatnaşyp bilerler diýip bellenilen kadalar ýerine ýetirilende hem Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň ýokarda agzalyp geçilen degişli maddalarynyň talaby ýerine ýetirilmelidir.

Şeýle-de, şu Tertibe laýyklykda, Kitabyň “Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri” diýen böleginde kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adamlar barada, hossarlykda (howandarlykda) bolan ýaşaýyş jaýynyň eýesi bilen bile ýaşaýan agzalary barada, ata-enesiniň howandarlygyndan galan ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzalary (eger şeýle şahslar bar bolsa) barada maglumatlar görkezilýär. Kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen adam barada ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adam barada maglumatlar kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ýazylýar (degişli kazyýet edarasynyň adyny hem-de çözgüdiň rekwizitlerini görkezmek bilen).

244. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we kämillik ýaşly, emma, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslaryň gozgalmaýan emläge bolan hukuklary döwlet belligine alnanda, olaryň ýaşaýyş jaýyna bolan hukuklarynyň goragynyň aýratynlyklarynyň bardygyny göz öňünde tutmaly. Şeýle hem, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we kämillik ýaşly, emma, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslaryň gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşikleri kanuny wekilleriniň üsti bilen, olaryň razylygy bilen amala aşyrmaga hukuklary bardyr. Gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşikler baglaşylanda görkezilen hukuklar diňe olaryň kämillik ukyplarynyň görnüşini hasaba almak bilen, kanuny wekilleriniň razylygynyň bolmagy bilen däl-de, eýsem, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy bilen amala aşyrylmalydyr.

## XIII bap. Gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy esasynda ýüze çykan hukuklaryň (hukuklaryň borçlanmasynyň) döwlet tarapyndan bellige alynmagy

245. Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň birleşmegi, bölünmegi ýa-da bölünip aýrylmagy döwlet belligine alynmaga degişlidir.

246. Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň birleşmegi, bölünmegi ýa-da bölünip aýrylmagy täze bölümiň açylmagy bilen bellige alynýar, şunda şu Tertibiň on altynjy böleginde görkezilen düzgünler berjaý edilmelidir.

247. Gozgalmaýan emläge bolan hukugyň geçmegi bilen bagly gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň bölünmegi esasynda täze döredilen gozgalmaýan emläge bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy, emele gelen ýer bölekleriniň eýeleriniň adyna degişli häkimiň karary esasynda ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasy, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasy, ýeriň kärendä berlendigi barada Şahadatnama resmileşdirilenden soň amala aşyrylýar. Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bölünmegi netijesinde obýekt bes edilende, kitapda onuň bilen bagly bölüm ýapylýar. Degişli bölümiň "Obýektiň barlygynyň bes edilendigi (bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy) barada ýazgy" diýen böleginde bölümiň ýapylmagyna esas bolan resminamalar we olardaky maglumatlar ýazylýar. Sahypanyň ýüz tarapyna obýektiň bes edilendigi barada möhürçe basylýar, möhürçede goşmaça täze ýüze çykan hukuk barada ýazgy edilen degişli bölümiň we sahypanyň belgisi görkezilýär.

248. Gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň birleşmegi, bölünmegi ýa-da bölünip aýrylmagy täze döredilen gozgalmaýan emlägiň obýektlerine kybaplaşdyryş resminamalaryny düzmek arkaly geçirilmedik bolsa, obýektleriň birleşmegi ýa-da bölünmegi geçirilen wagty bu gozgalmaýan emläge çäklendirilen emläk hukugy ýa-da başga hukuklary bolan şahslaryň, şol sanda girew saklaýjylaryň, kärendeçileriň,

serwitut hukugy bolanlaryň we beýlekileriň bähbitlerini üpjün etmek bilen bagly kanunçylygyň talaplary berjaý edilmedik bolsa ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynyň başga talaplary berjaý edilmedik bolsa bellige alynmaga degişli däldir.

249. Girew, kärende, serwitut ýa-da beýleki borçlanmalary bolan gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň birleşmegi, bölünmegi ýa-da bölünip aýrylmagy bellige alnanda, täze döreýän gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň bellige alyş sahypalaryna görkezilen obýektlere täsiri saklanyp galýan borçlanmalar barada ýazgylar geçirilýär. Beýleki ýazgylar eger, olar hakyky bolsalar we olaryň ähmiýeti saklanýan bolsa geçirilýär.

250. Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň birleşmegi, bölünmegi ýa-da bölünip aýrylmagy Döwlet sanawynda bellige alnan wagtyndan birleşen ýa-da bölünen diýlip hasap edilýär.

## XIV bap. Ynançly dolandyrmagyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

251. Gozgalmaýan emlägi ynançly dolandyrmak şertnamasy döwlet tarapyndan Döwlet sanawynda bellige alynmaga degişlidir we şertnama bellige alnan pursadyndan başlap baglaşylan diýlip hasap edilýär.

Gozgalmaýan emlägi ynançly dolandyrmaga berilmegi oňa bolan eýeçilik hukugynyň ynançly dolandyryja geçmegine eltmeýär.

252. Ynançly dolandyrmak döwlet tarapyndan bellige alnan halatynda bellige alyş kitabyna gozgalmaýan emlägiň dolandyrylmagyna ygtyýarlyk etmek boýunça ynançly dolandyryjynyň ygtyýarlyklary hakynda maglumatlar girizilýär.

Hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň gozgalmaýan emlägini hemişelik dolandyrmak zerur bolan mahalynda, hossarlyk we howandarlyk edarasy gozgalmaýan emlägi ynançly dolandyrmak hakynda şol eýeçiligiň bu edara tarapyndan kesgitlenilen dolandyryjysy bilen şertnama baglaşýar.

Hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň gozgalmaýan emlägini ynançly dolandyrylmagy ynançly dolandyrmak hakyndaky şertnamany ýatyrmak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, şonuň ýaly-da hossarlyk (howandarlyk) bes edilen halatlarda bes edilýär.

## XV bap. Emläk toplumlary hökmündäki kärhanalara bolan hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

253. Emläk toplumlary hökmündäki kärhanalara bolan hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bir arzanyň esasynda, onuň ýanyna emläk toplumyna (onuň düzümine girýän her bir obýekti üçin) hukuk belleýän resminama goşulanda amala aşyrylyp bilner.

254. Emläk toplumlary hökmündäki kärhana toplum hökmünde ýa-da onuň düzümine girýän bölegi emläk hukuklarynyň emele gelmegine, üýtgedilmegine ýa-da bes edilmegine gönükdirlen satyn almak-satmak, girew, kärende ýa-da beýleki geleşikleriň obýekti bolup biler.

255. Eger, şertnamada ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalaryň düzümine onuň işini alyp barmak üçin zerur bolan ähli emläk girýär.

256. Emläk toplumlary hökmündäki kärhana umumy emläk hökmünde ýa-da onuň bir bölegine bolan hukugyň geçmegi döwlet tarapyndan bellige alnyp bilner.

Emläk toplumlary hökmündäki kärhananyň düzümine girýän ýer bölegine ýa-da gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine bolan hukugyň, onuň bilen bagly geleşikleriň bellige alynmagy şol obýektleriň ýerleşýän ýeri boýunça amala aşyrylýar.

257. Emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emlägiň bir ýa-da birnäçe obýektleri aýrybaşgalanan mahalynda emläk toplumy üçin hukuk belleýän resminamada bu aýrybaşgalanmagyň bellige alnandygy barada degişli bellik edilýär.

**XVI bap. Gurluşyk etmek hukugynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy**

258. Ýer bölegi başga bir şahsyň peýdalanmagyna berlip bilner, munuň özi öz peýdasyna ýer bölegi berlen şahs şol ýer böleginde ýa-da onuň astynda gurluşyk işlerini geçirmek barada eýeçilikden aýrylýan we miras alynýan hukugy (gurluşyk etmek hukugyny) ediner ýaly edilip berilmelidir.

259. Gurluşyk etmek hukugy bu hukugy bolan şahsyň arzasy esasynda döwlet tarapyndan bellige alynýar.

260. Gurluşyk etmek hukugynyň döremegine gurluşyk etmek hukugynyň şertnamasy we/ýa-da şol ýer böleginde gurluşyk etmek hukugyny tassyklaýan başga nama esas bolup durýar.

261. Gurluşyk etmek hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda Döwlet sanawynda degişli ýer bölegi barada, guruljak obýekt barada, gurluşyk etmek hukugynyň möhleti barada, gurluşyk etmek hukugy üçin tölenýän hakyň möçberi barada we

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki maglumatlar girizilmäge degişlidir.

262. Bir ýer böleginde birnäçe gurluşyk etmek hukugy döräp biler. Her bir gurluşyk etmek hukugy Döwlet sanawynda bellige alynmaga degişlidir.

263. Gurluşyk etmek hukugy esasynda gurulan obýekt gurluşyk etmek hukugy bolan şahsa eýeçilik hukugy hökmünde gurluşyk etmek hukugyň möhletiniň dowamynda degişli bolup durýar.

264. Gurluşyk etmek hukugy onuň bes edilmegi barada Döwlet sanawyna ýazgynyň girizilen pursatyndan bes edilýär.

Gurluşyk etmäge hukugy ýer uçastogynda gurlan gurluşyklaryň ýykylmagy bilen ýatyrylmaýar.

## XVII bap. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalarynyň we paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy

### § 1. Umumy düzgünler

265. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy – paýly gurluşygyň obýektiniň gurluşygy bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, gurujynyň we paýçynyň arasynda baglaşylýan ylalaşykdyr. Bu Kanunyň 1-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, gurujy – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde özüne berlen ýer böleginde ýaşaýyş jaýyny we (ýa-da) gozgalmaýan emläge degişli başga obýekti öz güýji we (ýa-da) üçünji bir şahslary çekmek bilen gurmak üçin paýçylaryň pul serişdelerini çekýän, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahs bolup durýar.

266. “Gurujy” diýen düşünje paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň bir tarapyny häsiýetlendirýär.

267. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda, paýçy – gurujy bilen ýaşaýyş jaýynyň ýa-da gozgalmaýan emläge degişli başga obýektiň paýly gurluşygyna gatnaşmagyň şertnamasyny baglaşan Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan, 18 ýaşyny dolduran Türkmenistanyň raýaty,

ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahs bolup durýar.

268. Ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar (öýler we bir öýli ýaşaýyş jaýlar; köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda ýerleşýän durmuş-medeni, administratiw, durmuş we söwda maksatly obýektler ýa-da olaryň aýratyn bölekleri, aýratyn durýan sosial-medeni, administratiw, durmuş, söwda we önümçilik maksatly obýektler ýa-da olaryň aýratyn bölekleri) paýly gurluşygyň obýektleri bolup durýarlar. Paýly gurluşygyň obýekti öý bolup durýan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýçy bolup diňe Türkmenistanyň raýaty çykyş edip bilýär. Paýly gurluşygyň obýekti aýratyn durýan durmuş-medeni, administratiw, durmuş, söwda we önümçilik maksatly obýektleriň aýratyn bölegi, şeýle hem köp öýli ýaşaýyş jaýynda duran durmuş-medeni, administratiw, durmuş we söwda maksatly obýekt ýa-da onuň aýratyn bölegi bolup durýan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýçylar bolup, diňe ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar çykyş edip bilýärler.

269. Gurujy tarapyndan paýça paýly gurluşygyň obýektiniň berilmegi ol ýaşaýyş jaýynyň we (ýa-da) gozgalmaýan emläge degişli başga obýektiň ulanylmaga berilmegine rugsat alnandan soň amala aşyrylýar.

270. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň birkysmy şertnamasyna laýyklykda, ýazmaça görnüşde baglaşylýan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy paýly gurluşygy amala aşyrmak üçin esas bolup durýar.

271. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasynyň 3-nji bendinde Paýly gurluşyk hakynda birkysmy şertnamasynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýandygy bellenilen

272. 2017-nji ýylyň 20-nji martynda kabul edilip, 2017-nji ýylyň 30-njy martynda güýje giren “Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasynyň 3-nji bendi güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilip, 7-nji maddasynyň 9-njy bendine laýyklykda, Ygtyýarlyk berlen edara “Paýly gurluşyga gatnaşmagyň birkysmy şertnamasyny işläp düzýär we tassyklaýar” diýen görnüşde beýan edildi. Bu üýtgetme 2017-nji ýylyň 1-nji maýyndan güýje girizildi. Şol Kanunyň esasynda Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2017-nji ýylyň 23-nji awgustynda 1092 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň w.w.ýe.ýe-niň 2017-nji ýylyň 19-njy iýulynda çykaran MB-52 belgili buýrugy bilen Paýly gurluşyga gatnaşmagyň birkysmy şertnamasy tassyklanylan.

273. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalary “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryna doly laýyk gelmelidir we bu şertnamalar agzalan Kanunyň 13-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda hökmany bolan maglumatlary özünde saklamalydyr.

Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynda agzalan maddanyň talaplarynyň bolmadyk ýagdaýynda, bu şertnama baglaşylmadyk diýlip hasaplanylýar.

274. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 14-nji maddasy paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyny baglaşmagyň tertibini belleýär. Tejribede gurujy tarapyndan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalaryna Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelýän, paýly gurluşyga gatnaşyjylaryň hukuklaryny kemsidýän şertleriň (meselem: ýaşaýyş jaýynyň we (ýa-da) gozgalmaýan emläge degişli başga obýektiň ulanylmaga berilmeginiň möhletini guruja birtaraplaýyn üýtgetmek hukugyny bermek) goşulmagyna ýol berilmezligi üçin bu şertnamalar doly seljerişden geçirilmäge degişlidir.

275. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, gozgalmaýan emläge bolan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary, şeýle hem gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşikler döwlet belligine alynmaga degişlidir.

Şunuň bilen bagly aşakda sanalyp geçilýän kadalara laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň we paýly gurluşygyň obýektine bolan paýçynyň eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy hökmandyr:

1) Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 326-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda geleşik esasynda başga bir şahsdan haýsydyr bir şahsyň peýdasyna edinilýän hukuk, eger-de, şony elden berýän şahsyň adyna bellige alnan bolsa, onda reýestrde edilen ýazgy ygtybarly ýazgy diýlip hasap edilýär, bu ýazgy barada protest bildirilen ýa-da ýazgynyň nätakyklygyny hukuk ediniji şahsyň bilmedik halatlary muňa girmeýär;

2) “Girew hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda raýat ulanyşyndan aýrylmaly edilmedik hemem Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, töleg tutup almak bolýan her bir emläk (kärhanalar, jaýlar, desgalar, enjamlar, beýleki önümçilik gaznalary, gymmat bahaly kagyzlar, pul serişdeleri), şeýle hem emläk baradaky hukuklar, intellektual (akyl) eýeçilige degişli zatlar girew bolup biler. Bu Kanunyň 9-njy maddasynyň ikinji böleginde girew hakyndaky şertnama girew goýujynyň geljekde edinmegi mümkin bolan hukuklary barada hem baglaşylyp bilner diýip göz öňünde tutulan. Şunuň bilen baglylykda, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy esasynda geljekde edinmegi mümkin bolan hukuklar hem girew şertnamasynyň mazmuny bolup biler. Agzalan Kanunyň 15-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda gozgalmaýan emlägiň girew goýulmagy hem-de şoňa bolan hukuk döwlet belligine alynmalydyr;

3) Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 206-njy maddasyna laýyklykda gozgalmaýan zady edinmek üçin notarial tertipde tassyklanylan resminama we zat edinijini Sanawda bellige alynmagy zerurdyr.

Şoňa görä-de, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalary (paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň üýtgedilmegi we ýatyrylmagy), paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça talabyň başga birine berilmegi, paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugy döwlet belligine alynmaga degişlidir;

4) "Döwlet ýer kadastry hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, ýer bölekleriniň eýeleri, ýerden peýdalanyjylar hem-de ýer kärendeçileri, (daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerlerinden başga) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýer bölegine bolan hukugyny döwlet belligine aldyrmaga borçludyrlar.

276. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalarynyň (paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň üýtgedilmegi we ýatyrylmagy, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça talaplaryň geçilmegi, paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugy) döwlet belligine alynmazdan öň, ilki bilen, paýly gurluşygy amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde guruja berlen ýer bölegine bolan degişli hukuk bellige alynmalydyr. Döwlet sanawyna ýer bölegi barada degişli maglumatlar girizilmelidir.

## § 2. Paýly gurluşygyň obýektini gurmak üçin guruja berlen ýer bölegine bolan degişli hukugyň döwlet belligine alynmagy

277. Paýly gurluşygyň obýektini gurmak üçin guruja berlen ýer bölegine bolan degişli hukugyň döwlet belligine alynmagy gurujynyň arzasy esasynda amala aşyrylýar.

278. Paýly gurluşygy amala aşyrýan guruja Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde berlen ýer bölegi barada maglumatlar girizilende, talap edilmeli resminamalar şulardan ybarat bolmalydyr:

1) Ýer bölegini bermek barada Türkmenistanyň Prezidentiniň buýrugy;

2) Welaýatlarda welaýat häkiminiň we Aşgabat şäheriniň häkiminiň bölünip berilýän ýerde gurulmaly obýektler baradaky karary;

3) Ýer meseleleri baradaky toparyň mejlisiniň teswirnamasy;

4) Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan "Ýer böleklerini eýeçilige, peýdalanmaga we kärendä bermek boýunça namalary

resmileşdirmegiň, hasaba almagyň we bermegiň Tertibine" laýyklykda, resmileşdirilen namalary (Döwlet nama, Şahadatnama);

5) Gurujy ýuridik şahsyň resminamalary:

a) Türkmenistanyň ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme;

b) Döwlet tarapyndan bellige almak hem-de Türkmenistanyň ýuridik şahslaryny ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnama;

ç) esaslandyryş resminamalary (Tertipnama);

d) gurluşyk işleriniň degişli görnüşleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen ygtyýarnama;

e) eger ýaşaýyş jaýynyň gurluşygy gurujy tarapyndan öz güýji bilen amala aşyrylmaýan bolsa, ol ygtyýarlyk berlen edara gurluşyk-gurnama işleriniň ýerine ýetirilmegi üçin şertnama baglaşan potratçy guramanyň şeýle işleri amala aşyrmak üçin ygtyýarnamasynyň göçürme nusgasy.

279. Guruja berlen ýer bölegine bolan degişli hukugyň döwlet belligine alynmagy Kitabyň "Ýer bölegi barada ýazgy" atly 1-nji kiçi bölüminiň hem-de "Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklar barada ýazgy" atly 2-nji kiçi bölüminiň doldurylmagy arkaly bellige alynýar.

280. Gurujy tarapyndan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegi üçin paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň döwlet belligine alnan pursatyndan ýaşaýyş jaýyny we (ýa-da) gozgalmaýan emläge degişli başga obýektini gurmak üçin guruja peýdalanmak hukugy bilen berlen ýer bölegi paýly gurluşyga gatnaşyjylaryň girewinde bolup durýar.

281. Gurujy diňe paýly gurluşygy guramak boýunça rugsat alandan hem-de gurluşyk üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde berlen ýer bölegine bolan hukugynyň döwlet belligine alnandan soň ýaşaýyş jaýlarynyň we (ýa-da) gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň gurluşygy üçin paýçylaryň pul serişdelerini çekmäge, ýagny paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalaryny baglaşmaga hukugy bardyr.

282. Bellige alyş kitapda paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy barada ýazgy (onuň üýtgedilmegi, ýatyrylmagy, şertnama boýunça talaplaryň geçirilmegi we ş.m.) paýly gurluşygy amala aşyrylýan ýer bölegi barada degişli hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandan soň girizilýär.

### § 3. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň döwlet belligine alynmagy

283. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň döwlet belligine alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, bu şertnamanyň taraplarynyň (gurujy, paýçy) arzalary esasynda amala aşyrylýar.

284. Gurujy bilen paýly gurluşyga birinji gatnaşyjysy bilen baglaşylan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy (soňky şertnamalaryň bellige alynmagynda bu tapawutly aýratynlygy bolup durýar) döwlet belligine alnanda, gurujy babatynda, hem-de paýçy babatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen resminamalaryň bütin toplumy berilmäge degişlidir.

285. Gurujy we paýly gurluşyga soňky gatnaşyjylar bilen baglaşylan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy döwlet belligine alnanda, gurujy babatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen resminamalaryň bütin toplumy berilmäge degişli däldir, paýçy babatynda bolsa, bellenilen resminamalaryň bütin toplumy berilmäge degişlidir.

286. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň döwlet belligine alynmagy Bellige alyş kitabynyň degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölümine, ýagny "Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy" sahypasyna degişli maglumatlaryň girizilmegi arkaly amala aşyrylýar.

287. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalary döwlet belligine alnanda, Bellige alyş kitabynyň degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölümine, ýagny "Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy" sahypasynda:

1) "Geleşigiň mazmunynyň beýany" diýen böleginde "paýly gurluşygyň obýekti" diýen sözler ýazylýar, şeýle hem, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynda hem-de beýleki resminamalarda beýan edilenlere laýyklykda, obýekt barada maglumatlar (ýerleşýän ýeri; ady (niýetlenilişi), meselem: iki otagly öý; obýektiň ýerleşýän gatynyň belgisi; obýektiň meýdany) girizilýär;

2) "Geleşigiň şertleri" diýen böleginde paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň esasy şertleri görkezilýär (paýly gurluşygyň obýektiniň gurujy tarapyndan paýça ulanylmaga berilmeginiň möhletleri; paýly gurluşygyň obýekti üçin kepillik möhleti; paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň bahasynyň tölenilmeli tertibi we möhleti);

3) "Geleşigiň bahasy" diýen böleginde paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynda bellenilen baha görkezilýär;

4) "Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs" diýen böleginde şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşýan tarap - gurujy barada maglumatlar görkezilýär;

5) "Öz peýdasyna borçlanmalar bellenilen şahs" diýen böleginde şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşýan tarap - paýçy barada maglumatlar görkezilýär;

6) “Hukugy belleýän resminamalar” diýen böleginde paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň rekwizitleri: ady, belgisi (bolan halatynda), senesi, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyny hasaba alan gurluşyk babatda ygtyýarlyk berlen edaranyň ady görkezilýär.

288. Döwlet sanawynda şol bir paýly gurluşygyň obýekti babatda paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy döwlet belligine alnan bolsa, soňky paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyny döwlet belligine alynmakdan ýüz dönderilýär.

## § 4. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň üýtgedilmeginiň döwlet belligine alynmagy

289. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 24-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan şertleriň üýtgedilmegi, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyna üýtgetme girizmek barada gurujynyň we paýçynyň ylalaşygy esasynda amala aşyrylýar.

290. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyna üýtgetme girizmek barada ylalaşyk paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň baglaşylmagynyň tertibine we bildirilýän talaplara laýyklykda baglaşylmalydyr.

291. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň üýtgedilmeginiň döwlet belligine alynmagy şertnamanyň taraplarynyň haýsy hem bolsa biriniň (gurujy, paýçy) arzalary esasynda amala aşyrylýar.

## § 5. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň ýatyrylmagynyň döwlet belligine alynmagy

292. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 24-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda paýçynyň we gurujynyň talaby boýunça paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy bozulyp bilner.

Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň ýatyrylmagy paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň baglaşylmagynyň tertibine we bildirilýän talaplara laýyklykda ýatyrylmalydyr.

293. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň ýatyrylmagynyň döwlet belligine alynmagy, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň taraplarynyň biriniň arzasy

boýunça, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň ýatyrylandygy barada notarial taýdan tassyklanan taraplaryň baglaşan özara geleşikleri esasynda amala aşyrylýar.

294. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy kazyýet tarapyndan ýatyrylan ýagdaýynda, arzanyň ýanyna kanuny güýje giren kazyýetiň çözgüdi goşulýar. Şunda döwlet belligine alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň degişli ýerli edarasy paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň taraplarynyň biriniň arzasyny kabul eden pursatyndan 3 (üç) iş günüň dowamynda paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň beýleki tarapyna bu barada ýazmaça görnüşinde habar bermelidir.

295. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy kazyýet tarapyndan ýatyrylanda, degişli çözgüdi kazyýet tarapyndan Gullugyň degişli ýerli edarasyna iberlen ýagdaýynda, “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 51-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, kazyýetiň çözgüdi bilen bellenilen gozgalmaýan emläge bolan hukuklar umumy esaslarda döwlet belligine alynmaga degişlidir. Kazyýetiň çözgüdi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça we tertipde ýatyrylan ýa-da üýtgedilen mahalynda, Döwlet sanawyndaky ýazgy, degişlilikde ýatyrylmaga ýa-da üýtgedilmäge degişlidir.

296. Taraplar paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyny ýatyran halatynda, Kitabyň degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölümi, ýagny “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy” sahypasy hem doldurylýar

297. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň ýatyrylmagynyň döwlet belligine alynmagy Kitabyň degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölüminde, ýagny “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy” sahypasynda “Geleşigiň bes edilmegi barada ýazgy” böleginiň doldurylmagy hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyn 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň togsan ikinji-togsan dördünji bölekleriniň talaplarynyň berjaý edilmegi arkaly amala aşyrylýar.

## § 6. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça talabyň başga birine berilmeginiň döwlet belligine alynmagy

298. Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 465-nji maddasyna laýyklykda, kreditor talaby özüniň başga bir şertnama baglaşan şahsyna (talaby başga birine bermek) berip biler. Şeýle şertnama baglaşylan pursatyndan beýläk, ilkibaşky kreditor öz ornuny täze kreditora berýär.

299. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň birinji bölegine

laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça talabyň başga birine berilmegi, şertnama Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginde hasaba alnan pursatyndan başlap, taraplaryň paýly gurluşygyň obýektini kabul ediş-tabşyryş ykrarhatyna gol çeken pursatyna çenli rugsat berilýär.

300. “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, talabyň başga birine berilmeginiň amala aşyrylmagy, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyna goşmaça ylalaşyk bilen resmileşdirilýär, onda özi boýunça paýçynyň geçirýän, täze paýçynyň bolsa edinýän paýly gurluşygyň obýektine talap bildirmek hukugynyň bahasy hakynda maglumatlar bolmalydyr.

301. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça talabyň başga birine berilmegi döwlet belligine alnanda, paýly gurluşyga täze gatnaşyjy babatda Kitabyň degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölümi, ýagny “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşik barada ýazgy” atly täze sahypasy doldurylýar. Bu sahypa talabyň başga birine berilmegi hakynda ylalaşyk esasynda degişli maglumatlaryň girizilmegi arkaly, paýly gurluşyga täze gatnaşyjynyň hukugy döwlet belligine alynýar.

302. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň täze şertnamasy döwlet belligine alnanda, öňki hukuk eýesiniň hukugy babatda doldurylan “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşik barada ýazgy” sahypasynda (talabyň başga birine berilmeginden öňki eýesi barada doldurylan sahypa) talabyň başga birine berilmegi hakynda ylalaşyk esasynda “Geleşigiň bes edilmegi barada ýazgy” bölegi doldurylýar hem-de şu Tertibiň IV babynyň talaplarynyň berjaý edilmegi arkaly bellige alyş ýazgy bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçe bilen berkidilýär.

## § 7. Paýly gurluşygyň obýektine bolan paýçynyň eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy

303. Guruja paýly gurluşygyň obýektini ulanyşa berilmegi üçin rugsat (ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan berilýär), kabul ediş-tabşyryş ykrarhaty (ýa-da gurujy tarapyndan paýly gurluşygyň obýektiniň berlendigini tassyklaýan beýleki resminama), paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy, paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagyna esas bolup durýar.

304. Paýly gurluşygyň gurluşygy tamamlanan desgalaryny ulanmaga kabul etmek we bermek Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda 949 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2016-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda çykaran MB-01 belgili buýrugy bilen tassyklanan, “Gurluşygy tamamlanan binalary we desgalary kabul etmeklik. Esasy düzgünler” atly TGK 3.01.02-16 belgili Türkmenistanyň gurluşyk

kadalary bilen bellenilen we “Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 20-21-nji maddalarynyň düzgünlerini göz öňünde tutmak bilen, gurluşygy tamamlanan desgalary kabul etmegiň umumy tertibi bilen geçirilýär.

305. Kabul ediş toparynyň ähli agzalary tarapyndan gol çekilen we paýly gurluşyk desgasyny gurmaga rugsat beren hem-de Kabul ediş toparyny bellän ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy tarapyndan tassyklanan gurluşygy tamamlanan paýly gurluşyk desgasyny kabul etmek hakyndaky delilnama Kabul ediş toparynyň işiniň netijesidir.

306. Çäginde gurulýan desgasy ýerleşen şäheriň (etrabyň) häkiminiň karary paýly gurluşygyň desgasyny ulanmak üçin hukuk namadyr.

307. Paýly gurluşyk desgasyny paýça bermek, gurujy tarapyndan ýaşaýyş jaýyny we (ýa-da) gozgalmaýan emlägiň beýleki desgasyny ulanmaga bermek üçin özüne rugsat alanyndan soň amala aşyrylýar.

308. Paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy, paýçynyň arzasy esasynda amala aşyrylýar.

309. Paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy, paýly gurluşygyň obýektiniň görnüşine görä, Kitabyň degişli bölüminde degişli maglumatlaryň girizilmegi esasynda amala aşyrylýar.

310. “Hukugy belleýän resminamalar” diýen böleginde paýly gurluşygyň obýektini ulanyşa berilmegi üçin rugsadyň rekwizitleri (ady, belgisi (bolan halatynda), senesi, beren edaranyň ady); paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň (bolan ýagdaýynda, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça talabyň başga birine berilmeginiň) döwlet belligine alnan senesi we belgisi; kabul ediş-tabşyryş ykrarhatynyň (ýa-da gurujy tarapyndan paýly gurluşygyň obýektiniň berlendigini tassyklaýan beýleki resminamanyň) rekwizitleri (ady, belgisi (bolan halatynda), senesi, beren edaranyň ady) görkezilmäge degişlidir.

311. Paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy üçin paýçynyň hukuk oruntutary (mirasdarlary) ýüz tutan bolsa, onda “Hukugy belleýän resminamalar” diýen böleginde goşmaça bu şahsyň hukuk oruntutarlygyny tassyklaýan resminamanyň ady we onuň rekwizitleri (belgisi (bolan halatynda), senesi, beren edaranyň ady) görkezilmäge degişli (mysal üçin: mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama).

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalaryna laýyklykda, paýly gurluşyga gatnaşýan raýat ölen ýagdaýynda, şertnama boýunça onuň hukuklary we borçlary onuň mirasdüşerlerine geçýär.

312. Paýçy tarapyndan paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň resmileşdirilmegi üçin zerur bolan resminamalar berlen mahalynda, Gullugyň degişli

ýerli edaralary tarapyndan paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugy döwlet belligine alynýar we görkezilen hukugy tassyklaýan degişli eýeçilik hukugy hakynda şahadatnama berilýär.

313. Paýly gurluşyga gatnaşyjysynyň, paýly gurluşygyň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň döremegi bilen bilelikde, umumy emläge bolan eýeçilik hukugynda onuň paýy hem döreýär.

## XVIII bap. Gurluşygy tamamlanylmadyk obýekte bolan eýeçilik hukugynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

314. Gurluşygy tamamlanylmadyk obýekte bolan eýeçilik hukugy şu resminamalaryň esasynda amala aşyrylýar:

1) gozgalmaýan emlägiň gurluşygy üçin ýer bölegini bölüp bermek hakynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň çözgüdi;

2) Ýer bölegine hukugy kepillendirýän resminamalar, gurluşyk babatda ygtyýarly edara ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlarda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan berlen tamamlanylmadyk gurluşygyň saklanylandygyny tassyklaýan resminama;

3) taslama guramasy tarapyndan berlen gurluşygyň taslamadan düýpli gyşarman we gurluşyk kadalary we düzgünleri bozulman alnyp barlandygyny tassyklaýan resminama.

315. Gurluşygy tamamlanylmadyk obýekt bilen geleşigiň amala aşyrylmagy üçin şahsyň bu obýekte bolan eýeçilik hukugy bellige alynmaga degişlidir.

316. Gurluşygy tamamlanylmadyk obýekt paýly gurluşygyň obýekti bolsa, gurujynyň gurluşygy tamamlanylmadyk obýekte bolan eýeçilik hukugy bellige alnanda bu obýekt paýly gurluşyga gatnaşyjylaryň girewinde bolan diýip hasap edilýär.

317. Gurluşygy tamamlanylmadyk obýektiň beýany Kitabyň degişli bölüminde hukuk belleýän resminamalar esasynda görkezilýär.

318. Gurluşygy tamamlanylmadyk obýekte bolan eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda Döwlet sanawynyň resminamalarynda “gurluşygy tamamlanylmadyk obýekt” diýen sözler ýazylýar.

## XIX bap. Ipoteka hakynda şertnamanyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

319. Döwlet sanawynda ipoteka hakynda şertnamanyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy gozgalmaýan emlägiň bu obýektine bolan girewine goýujynyň degişli hukugy bellige alnandan soň amala aşyrylyp bilner.

320. Ipoteka hakynda şertnamanyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy gozgalmaýan emlägi girewine goýujynyň ýa-da girewine alyjynyň arzasy esasynda amala aşyrylýar. Arzanyň ýanyna şertnamada görkezilen resminamalar bilen bilelikde ipoteka hakynda şertnama goşulýar.

321. Ipoteka hakynda şertnama ýazmaça görnüşde baglaşylýar we döwlet bellige alynmaga degişlidir. Ipoteka döwlet tarapyndan bellige alnan pursatyndan başlap ýüze çykýar.

322. Ipoteka hakynda şertnama döwlet tarapyndan bellige alnan mahalynda Kitapda degişli bölüminiň 3-nji kiçi bölümi “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy” sahypasy we degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölümi “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşik barada ýazgy” sahypasy doldurylýar. Bu sahypalarda ipoteka hakynda şertnamanyň mazmuny, taraplar, ipoteka bilen üpjün edilen borçnamanyň bahasy, möhleti, şertleri, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi we şu Tertibiň 8-nji, 9-njy goşundylaryna laýyklykda beýleki maglumatlar görkezilýär.

Ipoteka hakynda şertnama Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda baglaşylmadyk bolsa, ipoteka hakynda şertnama döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişli däldir.

323. Ipoteka gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugyň borçlanmasy hökmünde bellige alynýar.

324. Ipoteka hakynda şertnamanyň ähli asyl nusgalaryna ipotekanyň döwlet tarapyndan belligine alnandygyny tassyklaýan bellige alyş ýazgylar girizilmäge degişlidir.

Gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça bergi bilen bilelikde Öýi kabul eden üçünji şahs (geljekde täze Karz alyjy), Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, öýi hususy eýeçiligine hem-de girewe resmileşdirmäge, şeýle hem bellenen tertipde ygtyýarly döwlet edaralarynda bellige aldyrmaga hem-de onuň bilen bagly ähli çykdajylary tölemäge borçlanýar.

Girew şertnamasy degişli döwlet notarial edarasynda tassyklananda, şol döwlet notarial edarasy tarapyndan girew emlägine bolan eýeçilik hukugynyň aýrybaşgalanmagyna bellenilen tertipde gadaganlyk girizilýär.

325. Ipoteka hakynda şertnama boýunça girewine goýlan gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşigi we/ýa-da oňa bolan eýeçilik hukugynyň geçmegini döwlet belligine almak üçin resminamalary kabul eden döwlet bellige alyjysy şulara borçludyr:

1) gozgalmaýan emlägiň obýektini alýan şahsa Döwlet sanawynda bu obýekt bilen bagly diňe geleşigi we/ýa-da oňa bolan eýeçilik hukugynyň geçmegini däl-de, eýsem ipoteka bilen onuň hukugynyň borçlanmasy hem döwlet bellige alynýandygyny duýdurmaga;

2) degişli şahs tarapyndan berilýän döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arzada bu şahsyň Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň bu obýektine bolan hukugyň borçlanmasynyň (ipotekanyň) hem bellige alynýandygy barada duýdurylandygy barada bellik etmäge.

326. Ipoteka we onuň üpjün edýän talaby diňe bir wagtyň özünde we bilelikde başga şahsa berlip bilner. Talap täze kreditora berlen mahalynda, ipoteka hem oňa geçýär. Ipoteka hakynda notarial tertipde tassyklanylan resminama diňe täze kreditora bermek we ony täze kreditor hökmünde bellige almak şerti bilen talabyň berilmegi hakyky hasap edilýär.

Gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça bergi bilen birwagtda girew emlägine bolan eýeçilik hukugynyň geçirilmegi, ilkibaşdaky Karz alyjynyň we üçünji şahsyň (geljekde täze Karz alyjynyň) özaralarynda ylalaşmaklary bilen gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça bergini we şonuň bilen birlikde girew emlägine bolan eýeçilik hukugy üçünji şahsa (geljekde täze Karz alyja) geçirmek bilen bagly, aşakdaky kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edildi:

1) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 5-nji iýulynda 1000 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 156-iş buýrugyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 2016-njy ýylyň 14-nji iýunynda çykaran 192-iş belgili buýrugy bilen Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibine üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi;

2) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2018-nji ýylyň 29-njy iýunynda 1139 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2009-njy ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 86 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna şäherlerde, etrap merkezlerinde we şäherçelerde dört gatly köp öýli ýaşaýyş jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2018-nji ýylyň 16-njy iýunynda çykaran 249-iş belgili buýrugy bilen Türkmenistanyň raýatlaryna şäherlerde, etrap merkezlerinde we

şäherçelerde dört gatly köp öýli ýaşaýyş jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi;

3) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2018-nji ýylyň 29-njy iýunynda 1140 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda çykaran 426-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ýerli gurluşyk kärhanalaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin hem-de Türkmenistanyň raýatlaryna gurlup ulanylmaga taýýar edilen hususy ýaşaýyş jaýlary we jaýlardaky öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup satyn almaga karzlary bermegiň Tertibine üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2018-nji ýylyň 16-njy iýunynda çykaran 250-iş belgili buýrugy bilen Türkmenistanda eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ýerli gurluşyk kärhanalaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin hem-de Türkmenistanyň raýatlaryna gurlup ulanylmaga taýýar edilen hususy ýaşaýyş jaýlary we jaýlardaky öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup satyn almaga karzlary bermegiň Tertibine üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi;

4) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2018-nji ýylyň 29-njy iýunynda 1141 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2011-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 10 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2018-nji ýylyň 16-njy iýunynda çykaran 251-iş belgili buýrugy bilen Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi;

5) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2018-nji ýylyň 29-njy iýunynda 1142 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2008-nji ýylyň 12-nji maýynda çykaran 47 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gozgalmaýan emläk hökmünde girewine goýup, satyn almaga karzlary bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2018-nji ýylyň 16-njy iýunynda çykaran 252-iş belgili buýrugy bilen Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gozgalmaýan emläk hökmünde girewine goýup, satyn almaga karzlary bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

Ýokarda agzalyp geçilen kadalaşdyryjy hukuk namalarda göz öňünde tutulan üýtgetmelere we goşmaçalara laýyklykda, karz we girew şertnamalary boýunça bergini we şol emläk babatynda eýeçilik hukugyny başga birine geçirmek baradaky şertnamasynyň bir ülňüdäki görnüşiniň tassyklanylandygy bilen baglylykda, karz we

girew şertnamalary boýunça bergini we şol emläk babatynda eýeçilik hukugyny başga birine geçirmek baradaky baglaşylýan şertnamanyň şol tassyklanan degişli görnüşe laýyk gelýändigi barlanylmaga degişlidir.

327. Üçünji şahs kreditor bilen şertnama baglaşmak esasynda bergini ilkibaşky bergidaryň ornuny tutar ýaly özüne kabul edip biler.

Kanunda bellenen tertipde girew saklaýjy girew bilen üpjün edilen talaby üçünji bir şahsa beren (geçen) wagtynda ýa-da girew goýujy girew bilen üpjün edilen borçnamadan gelip çykýan bergini başga bir şahsa geçiren wagtynda, girew öz güýjünde galýar.

328. Ipoteka hakynda şertnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ýagdaýynda degişli üýtgetmeler we goşmaçalar Döwlet sanawyna girizilmäge degişlidir.

329. Ipoteka hakynda bellige alyş ýazgysy esasy şertnamanyň ýerine ýetirilmegi hakynda resminamalaryň ýanyna goşulmagy bilen ýa-da kazyýetiň güýje giren çözgüdiniň esasynda girewine alyjynyň arzasy, girewine goýujynyň arzasy esasynda öçürilýär.

330. Ipotekanyň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň aýratynlyklary Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen hem bellenilip bilner.

## XX bap. Kärende şertnamasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

331. Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kärendesi döwlet tarapyndan bellige alynmagy Döwlet sanawynda bu obýekte bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnan ýagdaýynda mümkindir.

332. Gozgalmaýan emlägiň bäş ýyldan köp möhlete kärendesiniň islendik şertnamasy döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir.

333. Kärende şertnamasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy kärende şertnamasynyň taraplarynyň biriniň arzasy esasynda geçirilýär. Göçürme nusgasy bellige alyş işinde goýulýan, kärende şertnamasy arzanyň ýanyna goşulýar.

334.Gozgalmaýan emlägiň kärendesi döwlet tarapyndan bellige alnan mahalynda, kärende şertnamasy baradaky ýazgylar Kitapda degişli bölüminiň (I, II, III bölüminiň ýagny, degişlisiniň) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler baradaky 4-nji kiçi bölümi hökmünde doldurylýar.

335. Kärende şertnamasy gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugyň borçlanmasy hökmünde hem bellige alynýar we degişli bölümiň (I, II, III bölümiň ýagny, degişlisiniň) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary,

gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi baradaky 3-nji kiçi bölümi hökmünde doldurylýar.

336. Bu sahypalarda kärende şertnamasynyň mazmuny, taraplar, kärendäniň möhleti, bahasy, şertleri, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi we şu Tertibiň 8-nji, 9-njy goşundylaryna laýyklykda beýleki maglumatlar görkezilýär.

337. Kärende şertnamasynyň asyl nusgalaryna kärende şertnamasynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyny tassyklaýan bellige alyş ýazgylar girizilmäge degişlidir.

338. Kärende şertnamasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ýagdaýynda degişli üýtgetmeler we goşmaçalar Döwlet sanawynyň resminamalaryna girizilmäge degişlidir.

339. Eger bina, desga, şeýle hem olardaky jaýlar ýa-da jaýlaryň bölekleri kärendesine berilýän bolsa, döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän kärende şertnamasynyň ýanyna binalaryň, desgalaryň kärendä alynýan meýdanynyň göwrüminiň görkezilmegi bilen, kärendä berilýän jaýlary bellenilýän gatlar boýunça meýilnamalary goşulýar.

340. Kärende şertnamasynyň bes edilendigini ýa-da ýatyrlandygyny döwlet tarapyndan bellige almak üçin Kitabyň degişli bölümleriniň bellige alyş sahypalaryndaky ýazgylara bellige alyş ýazgylary öçürmek üçin möhürçe basylýar. Bu kärende şertnamasynyň taraplarynyň biriniň arzasy esasynda geçirilýär.

Kärende şertnamasynyň bes edilmeginiň ýa-da ýatyrylmagynyň döwlet belligine alynmagy Kitabyň degişli bölüminiň 4-nji kiçi bölüminiň, ýagny “Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşikler barada ýazgy” sahypasynyň “Geleşigiň bes edilmegi barada ýazgy” böleginiň doldurylmagy hem-de şu Tertibiň IV babynyň talaplarynyň berjaý edilmegi arkaly amala aşyrylýar.

341. Gozgalmaýan emlägiň bäş ýyldan köp möhlete Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň döwlet tarapyndan bellige alnan kärendesi barada maglumat (şu Tertibe 20-nji goşundy) Türkmenistanyň salgyt edaralaryna iberilmäge degişlidir.

342. Kärendäniň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň aýratynlyklary Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen hem bellenilip bilner. Şu aşakda sanalyp geçilen kadalaşdyryjy hukuk namalar kärende gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär:

1) “Kärende hakynda” Türkmenistanyň Kanuny;

2) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 5835-nji karary bilen tassyklanan, Döwlet emläginiň kärendesiniň tertibi hakynda Düzgünnama;

3) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2011-nji ýylyň 24-nji noýabrynda 611 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Döwlet emlägini kärendä (kireýine) we tölegsiz peýdalanmaga bermegiň şertnamalaryny baglaşmagyň hem-de hasaba almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada” Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriniň 2011-nji ýylyň 11-nji noýabrynda çykaran 167 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Döwlet emlägini kärendä (kireýine) we tölegsiz peýdalanmaga bermegiň şertnamalaryny baglaşmagyň hem-de hasaba almagyň tertibi hakynda Düzgünnama;

4) Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 8-nji maýynda 865 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Kärende şertinde ulanylýan obýektiň satylmagynyň Tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriniň 2015-nji ýylyň 3-nji aprelinde çykaran 138-e belgili buýrugy bilen tassyklanan, Kärende şertinde ulanylýan obýektiň satylmagynyň Tertibi.

## XXI bap. Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

343. Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagy, gozgamasyz edilmegi (mundan beýläk - tussag etmek) bu gozgalmaýan emläge hukugyň borçlanmasyny bellige almak üçin esas bolup durýar.

Şunda, Döwlet sanawynda hukugyň borçlanmasy barada ýazgy hukuk eýesiniň arzasy bolmazdan amala aşyrylýar.

344. Kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gozgalmaýan emlägiň tussag edilmegi we onuň ýatyrylmagy baradaky degişli hatlar gelip gowşan badyna umumy esaslarda döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir. Degişli hatlaryň ýanyna kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gozgalmaýan emlägiň tussag edilmegi barada çykarylan çözgüdiň nusgasy goşulmalydyr.

345. Kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gozgalmaýan emlägiň tussag edilmegi barada çykarylan çözgüdiň nusgasy degişli gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bellige alyş işinde saklanylýar. Şu Tertibiň XXIX babyna laýyklykda ýöredilýän Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynda bu barada degişli ýazgy ýazylýar.

346. Gozgalmaýan emlägiň eýesiniň ýa-da ony peýdalanyjynyň hukuklaryny çäklendirýän ygtyýarly edaralaryň çykaran çözgütleri, hökümleri, kesgitnamalary we kararlary esasynda Gullugyň müdirliklerinde we ýerli edaralarynda gozgamasy gadagan edilen gozgalmaýan emlägiň aýratyn sanawy, ýagny Gozgalmaýan emlägiň

girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitaby (şu Tertibe 21-nji goşundy) ýöredilýär.

347. Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmadyk we şunuň bilen baglylykda, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak ýagdaýynda, gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň tussag edilmegi barada gelip gowşan kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykarylan çözgütler Gullugyň ýerli edarasynyň gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda (Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine 3-nji goşundy) hasaba alynýar hem-de "Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak çözgütleri saklaýyş işi" (şu Tertibe 23-nji goşundy) atly işde aýratyn saklanylýar hem-de "Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitaby" atly kitap şu Tertibiň 22-nji goşundysyna laýyklykda ýöredilýär.

348. Gozgalmaýan emlägiň tussag edilendigi (tussagyň ýatyrlandygy) barada maglumat gelen pursatyndan bu barada döwlet notarial edaralaryna Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň (ýatyrylmagynyň) döwlet belligine alnandygy barada habar (şu Tertibe 34-nji goşundy) iberilýär.

Şeýle hem, gozgalmaýan emlägiň tussag edilendigi (tussagyň ýatyrlandygy) döwlet tarapyndan bellige alnan pursatyndan 5 (bäş) iş gününiň dowamynda Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bu barada obýektiň hukuk eýesine Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň (ýatyrylmagynyň) döwlet belligine alnandygy barada habar (şu Tertibe 34-nji goşundy) berilýär.

Bellige alyş kitabyndan geleşigiň notarial taýdan tassyklanylmagy üçin berlen göçürmede "Geleşigiň notarial taýdan tassyklanylmagy üçin berlen" diýen ýörite bellik bolmalydyr hem-de ol berlen gününden başlap 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda hakyky güýjündedir. Eger-de, bu göçürmäniň berlen gününden 10 (on) iş gün geçen bolsa, döwlet notarial edaralary görkezilen maglumatlar barada Gullukdan, onuň müdirliginden ýa-da ýerli edarasyndan goşmaça tassyklaýyş talapnama soraýar.

349. Tussag etmegiň ýatyrylmagy tussag eden edaranyň teklipnamasy boýunça, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tussag etmek bikanun diýlip ykrar edilen halatynda amala aşyrylýar. Şunda, bellige alyş kitabyndaky degişli ýazgy ýatyrylmaga degişlidir we Döwlet sanawynyň beýleki resminamalarynda, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynda hem-de

Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynda (eger hukuk döwlet belligine alynmadyk bolsa, Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitabynda) degişli ýazgy edilýär.

## XXII bap. Kazyýetiň çözgüdi bilen bellenilen gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

350. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklary belleýän kazyýetiň çözgüdi hukugy bellige almak üçin esas bolup durýar. Kazyýetiň çözgüdi bilen bellenilen gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy – hak isleýiş işleri (raýat, maşgala, ýaşaýyş jaý, ýer we beýleki gatnaşyklardan gelip çykýan jedeller boýunça) we aýratyn önümçiligiň işleri boýunça ýüze çykýar. Şunda, bu hukuk gozgalmaýan emläge bolan degişli hukugyň bellige alynmagy babatda gyzyklanýan şahsda kanuny güýje giren kazyýetiň çözgüdiniň tassyklanan nusgasy bolanda, bellige alynmaga degişlidir.

351. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklary belleýän kazyýetiň çözgüdi gullugyň ýerli edaralaryna kazyýet edaralarynyň ugradyş haty esasynda gelip gowşan ýagdaýynda, bu hat ýerli edaranyň gelip gowşan resminamalary hasaba alyş kitabynda hasaba alynýar. Eger-de, Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bellige alnan bolsa, kazyýetiň çözgüdi döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alyş kitabynda hasaba alynýar.

352. Eger-de, Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bellige alynmadyk bolsa we şunuň bilen bagly kazyýet edarasynyň ugradyş haty esasynda gelip gowşan kazyýetiň çözgüdi esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýüze çykmagynyň, geçmeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak ýagdaýynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykarylan kazyýet çözgüdi aýratyn bu çözgütleri saklaýyş işinde, ýagny “Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak çözgütleri saklaýyş işi” atly işde (şu Tertibe 23-nji goşundy) saklanylýar hem-de “Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitaby” atly kitapda (şu Tertibe 22-nji goşundy) hasaba alynýar.

353. Kazyýetiň çözgüdi esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýüze çykmagy, geçmegi ýa-da bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnandan soň, ozal döwlet sanawynda bellige alnan hukuklar babatyndaky ýazgy, degişlilikde ýatyrylmaga ýa-da üýtgedilmäge degişlidir. Döwlet sanawynda bellige alnan obýekte bolan hukugy bes edilen öňki hukuk eýesiniň bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň sanawynyň kitabynyň, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan sanawynyň bellikler böleginde hukugyň bes edilendigi ýa-da üýtgändigi barada degişli ýazgy edilýär we muňa esas bolan resminamanyň rekwizitleri ýazylyp, döwlet bellige alyjysy tarapyndan ady, atasynyň ady, familiýasy görkezilip gol çekilýär we onuň möhri bilen berkidilýär.

354. Geleşigi hakyky däl diýip bilmek hakyndaky kazyýetiň çözgüdi esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýüze çykmagy, geçmegi ýa-da bes edilmegi döwlet belligine alnanda, gozgalmaýan emläge bolan hukuklary dikeldilen öňki eýesiniň hukugy bellige alnan kitabyň degişli bölüminiň "Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri" diýen sütüninde obýektiň öňki eýesiniň hukugynyň dikeldilendigi babatda ýazgy ýazylýar we hukugyň bes edilmeginiň ýa-da üýtgemeginiň esasyny we senesini görkezip, döwlet bellige alyjysy tarapyndan ady, atasynyň ady, familiýasy görkezilip gol çekilýär we onuň möhri bilen berkidilýär.

355. Hukuklary döwlet sanawynda bellige alnan obýektiň hukuk eýesiniň kämillik ukybynyň ýoklugy ýa-da kämillik ukybynyň çäklendirilendigi baradaky kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdiniň esasynda döwlet bellige alyjysy Bellige alyş kitabynyň degişli bölümleriniň "Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri" diýen sütüninde "kämillik ukyby ýok" ýa-da "kämillik ukyby çäklendirilen" diýen bellik edýär, esas bolan resminamanyň rekwizitlerini, senesini, ýerli edaranyň gelip gowşan resminamalary hasaba alyş kitabynda hasaba alnan belgisini görkezip, döwlet bellige alyjysy tarapyndan ady, atasynyň ady, familiýasy görkezilip gol çekilýär we onuň möhri bilen berkidilýär.

356. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan kazyýetiň çözgüdi esasynda Gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýüze çykmagy, geçmegi ýa-da bes edilmegi barada degişli hukuk eýelerine, hasaba alyş edaralaryna 10 (on) iş gününüň dowamynda ýazmaça görnüşde Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanlar barada habar (şu Tertibe 31-nji goşundy) iberilýär.

357. Kazyýet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýüze çykmagy, geçmegi ýa-da bes edilmegi barada çykaran çözgüdiniň nusgasy, degişli gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bellige alyş işinde saklanylýar.

## XXIII bap. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin döwlet pajyny tölemegiň tertibi

358. "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasyna laýyklykda, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy üçin arza beriji arza bermezinden öň döwlet pajyny töleýär we ýokarda agzalan Kanunyň 33-nji maddasyna laýyklykda, ol arzanyň ýanyna hukuklaryň döwlet belligine alynmagy üçin zerur bolan we şol Kanunyň talaplaryna laýyk gelýän resminamalary hem-de tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminamany hökman goşmalydyr.

359. Döwlet pajy Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 21-nji dekabrynda çykaran 14520-nji karary bilen tassyklanylan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy üçin döwlet pajynyň möçberlerine laýyklykda tölenilýär.

360. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy üçin arza berlende, döwlet pajy şu aşakdaky tertipde tölenilýär:

1) eger, bir emläge bolan hukuk birlikde birnäçe hukuk eýelerine umumy bilelikdäki eýeçilik hukugynda degişli bolup, bellige aldyrmak üçin döwlet pajyny tölemekden boşadylmadyk bir ýa-da birnäçe şahs ýüz tutan bolsa, onda bular deň derejede döwlet pajyny tölemelidirler, ýagny bir degişli hukuk üçin göz öňünde tutulan döwlet pajy bilelikde tölenilýär;

2) döwlet pajyny tölemekden boşadylan halatlarda döwlet pajyny tölemekden boşadylýandygyny tassyklaýan resminamanyň goşulmagy zerurdyr;

3) döwlet pajy bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylýan ýeri boýunça tölenilýär.

Umumy paýly eýeçilik hukugynyň gatnaşyjylarynyň her biri öz hukuklaryny bellige aldyrmak üçin bellenilen döwlet pajynyň moçberini aýratynlykda doly töleýär. Gozgalmaýan emlägiň obýektine umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda, mysal üçin: miras alanda mirasdarlaryň her biri beýlekilere garaşly bolmazdan, umumy emläkdäki öz paýynyň döwlet belligine alynmagy barada arza berip biler. Şeýle-de, umumy bilelikdäki eýeçilik hukugyndaky paýy alan şahs, beýleki eýelerine bagly bolmazdan, döwlet belligine alynmagy barada arza berýär. Gozgalmaýan emlägiň obýektine umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet belligine alnanda her bir zat eýesiniň hukugy aýratyn ýazgy görnüşinde aýratyn sahypada bellige alynýar, şeýlelikde, gozgalmaýan emläge bolan umumy paýly eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň, geçmeginiň we bes edilmeginiň döwlet belligine alynmagy, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da hukuk eýeleriniň arasyndaky ylalaşykda

başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hukuk eýeleriniň her biriniň arzasy (umumy paýly eýeçiligiň her bir gatnaşyjysynyň özüne degişli bolan paýa eýeçilik hukugyny döwlet belligine alynmagy baradaky) esasynda amala aşyrylýar.

361. Ýer böleklerinde ýerleşen gozgalmaýan emläge bolan hukuk mirasdüşerlik tertipde geçende we degişli häkimiň karary we Döwlet namasy ýa-da Şahadatnamasy bolup, mirasdüşerleriň hukugy döwlet belligine alnanda bir kararda we Döwlet namasynda ýa-da Şahadatnamasynda mirasdüşerleriň birnäçesi görkezilen hem bolsa, döwlet pajy olaryň her birinden aýratyn degişli hukugyny bellige almak üçin alynýar (kanunda döwlet pajyndan boşatmaklyk göz öňünde tutulanlardan başgalary).

Eger-de, bir şahs tarapyndan bir arzada ýa-da birwagtda berilýän birnäçe arzada birnäçe hukuk we (ýa-da) hukugyň borçlanmasyny bellige alynmagy barada soralýan bolsa, onda her hukuk üçin tassyklanylan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy üçin döwlet pajynyň möçberlerine (mundan beýläk – döwlet pajynyň möçberleri) laýyklykda döwlet pajy tölenilýär.

Ýer böleginde ýerleşýän jaýa bolan hukugyny bellige aldyrmak üçin ýüzlenilende, eger öň ýere bolan hukugy bellige aldyrylmadyk bolsa, hukugy bellige alynýan şahs ýer bölegine bolan hukugyny bellige aldyrmak üçin döwlet pajyny hem-de jaýa bolan hukugyny bellige aldyrmak üçin döwlet pajyny töleýär, şeýle-de, eger bu jaýyny girewine goýmak barada şertnama baglaşsa, onda bu hukugyň borçlanmasy hökmünde bellige alynýar we degişli döwlet pajy tölenilýär. Şeýlelikde, her bir hukuk we (ýa-da) hukugyň borçlanmasy üçin aýratyn töleg döwlet pajynyň möçberine laýyklykda tölenilýär.

362. Döwlet pajynyň möçberi birnäçe ýagdaýlara, esasan hem hukugyň subýektine hem-de bellige alynýan hukugyň görnüşine baglydyr. Hukugyň subýekti fiziki we ýuridik şahsdyr. Tassyklanylan döwlet pajynyň möçberine laýyklykda, fiziki şahsyň emläge bolan hukugy bellige alnanda tölenilýän döwlet pajynyň möçberi ýuridik şahsyň hukugy bellige alnanda tölenilýän döwlet pajynyň möçberinden azdyr.

Döwlet pajynyň möçberi bellige alynýan hukugyň görnüşine-de baglydyr. Ýuridik şahsyň obýekte bolan kärende (kireý) hukugyny döwlet belligine almak üçin tölenýän döwlet pajynyň möçberi bilen köp öýli ýaşaýyş jaýyndaky öýe bolan eýeçilik hukugynyň möçberi deň däldir. Döwlet pajynyň möçberi ol babatda hukuk bellige alynýan obýektiň görnüşine hem baglydyr. Binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler babatdaky hukuklaryň bellige alynmagy üçin tölenýän döwlet pajynyň möçberi, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar babatdaky hukuklaryň bellige alynmagy üçin tölenýän döwlet pajynyň möçberi bilen deň däldir.

363. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy üçin döwlet pajy tölenilende, döwlet pajynyň möçberleriniň bellik böleginde görkezilen şu aşakdaky kadalarynyň talaplary ýerine ýetirilýär:

1) döwlet paçlary, jerimeler hem-de jenaýat kanunçylygy boýunça hasaplamalar üçin binýatlyk mukdaryna göterim görnüşinde bellenilýär. “Türkmenistanda binýatlyk mukdarlary bellemek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 11-nji maýynda çykaran PP-5594-nji Permanynyň ikinji bölegine laýyklykda, 2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndan başlap döwlet paçlarynyň hasaplamalar üçin binýatlyk mukdarynyň 300 manat döwlet pajy möçberinde bellenilen;

2) gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet belligine alynmagy boýunça gyssagly tertipde 5 (bäş) iş gününiň dowamynda amala aşyrylýan hereketler üçin alynýan döwlet pajynyň möçberi iki esse möçberde tölenilýär;

3) şu aşakdakylar döwlet pajyny tölemekden boşadylýarlar:

a) ähli topardaky maýyp adamlar, Beýik Watançylyk urşunyň we beýleki döwletleriň çägindäki söweş hereketleriniň weteranlary, Beýik Watançylyk urşunyň we beýleki döwletleriň çägindäki söweş hereketlerinde wepat bolan (aradan çykan) weteranlaryň dul galan ýanýoldaşlary, radiasiýa heläkçiliginiň we betbagtçylygynyň netijesinde ejir çeken adamlar, ata-enesiniň howandarlygyndan galan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar;

b) döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagynyň netijesinde ýüze çykan eýeçilik hukugynyň döwlet belligine alynmagy;

ç) paýly gurluşygyň obýekti öý bolup durýan bolsa, onda şeýle şertnamanyň döwlet belligine alynmagy;

d) gozgalmaýan emläge bolan “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň güýje girmeginden öň ýüze çykan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň döwlet belligine alynmagy;

e) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, dolandyryş-çäk düzümlerine, ilatly ýerlere we olaryň düzüm böleklerine, şeýle hem döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna, beýleki obýektlere atlaryň dakylmagy we olaryň atlarynyň üýtgedilmegi bilen bagly gozgalmaýan emlägiň kybaplaşdyryş maglumatlarynyň üýtgedilmegini döwlet belligine alynmagy;

ä) kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmegi we onuň ýatyrylmagy barada degişli arzalar gelip gowşanda, umumy esaslarda döwlet belligine alynmagy;

f) kazyýetiň çözgüdi bilen Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça we tertipde gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet belligine alynmagy ýatyrylan ýa-da üýtgedilen mahalynda Döwlet sanawyndaky ýazgynyň degişlilikde ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi;

g) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

364. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň öwezliginiň berilmegi (ýitirilmegi, zeper ýetirilmegi ýa-da başga sebäpler) bilen bagly arzalar boýunça döwlet pajynyň möçberleri töledilende döwlet bellige alyjysynyň günäsi bilen goýberilen ýalňyşlyklary bolan resminamalaryň çalşyrylmagy muzdsuz amala aşyrylýandygy baradaky “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 28-nji maddasynyň altynjy böleginiň talaplary ýerine ýetirilmelidir.

## XXIV bap. Amala aşyrylan döwlet tarapyndan bellige alnyşynyň tassyk edilmegi

365. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, geçmeginiň ýa-da bes edilmeginiň amala aşyrylan döwlet tarapyndan bellige alynmagyň tassyklanylmagy Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan hukuk belleýji resminamanyň asyl nusgasyna bellige alyş ýazgysynyň ýazylmagy we (ýa-da) arza berijä gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň bellenilen tertipde berilmegi arkaly geçirilýär.

366. Berilýän Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnama (mundan beýläk - şahadatnama) berk hasabatlylykdaky, gorag tory bilen örtülen, ýörite gorag kagyzyndan taýýarlanan resmi resminama bolup durýar.

367. Şahadatnama awtomatlaşdyrylan usul bilen doldurylýar.

368. Şahadatnamada aşakdaky maglumatlar şu tertipde görkezilýär:

1) şahadatnamanyň belgisi: şahadatnamanyň belgisi berlen şahadatnamanyň Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabyndaky (şu Tertibe 24-nji goşundy) tertip belgisinden emele gelýär. Şahadatnamalaryň tertip belgileri yzygiderli tertip sanlar boýunça belgilenilýär. Aşgabat şäher müdirliginde şahadatnamanyň belgisi Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabyndaky yzygiderli tertip boýunça berilýän tertip belgisinden hem-de Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda her bir döwlet bellige alyjysy tarapyndan aýratynlykda ýöredilýän Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň (şu Tertibe 13-nji goşundy) belgisinden emele gelýär.

2) şahadatnamany beren Gullugyň ýerli edarasynyň ady: degişli Gullugyň ýerli edarasynyň ady görkezilýär;

3) eýeçilik hukugynyň obýektiniň beýany: eýeçilik hukugynyň obýekti, niýetlenilişi, meýdany, salgysy (ýerleşýän ýeri), obýektiň kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi barada maglumat görkezilýär;

4) eýeçilik hukugynyň hukuk eýesi (eýeleri): şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyklykda maglumat doldurylýar;

5) bar bolan hukuklaryň borçlanmalary: bar bolan hukuklaryň borçlanmalary barada maglumat;

6) hukugy belleýän resminamalar: eýeçilik hukugynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna hukuk belleýän resminamanyň (resminamalaryň) rekwizitleri: ady, belgisi (bolan halatynda), senesi, beren edaranyň ady;

7) bellikler: döwlet bellige alyjysynyň bellikleri bolan ýagdaýynda doldurylýar;

8) Döwlet sanawynda bellige alnan senesi we belgisi görkezilýär;

9) şahadatnamanyň taýýarlanan senesi: şahadatnamanyň taýýarlanan wagtynyň senesi görkezilýär;

10) şahadatnamada ony taýýarlan döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, san belgisi görkezilýär, onuň goly bilen tassyklanylýar we möhri bilen berkidilýär.

369. Şahadatnama gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda onuň hukuk eýesine (eýelerine) ýa-da onuň ygtyýarly wekiline berilýär.

370. Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda umumy bilelikdäki eýeçilik hukugyny döwlet tarapyndan bellige almak barada ähli hukuk eýeleri görkezilip bir arza alynýar. Arzany ähli hukuk eýeleri bilelikde ýa-da hukuk eýeleriniň haýsysy hem bolsa biri ähli hukuk eýeleriniň adyndan berip biler. Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy babatda şahadatnamada ähli hukuk eýeleri görkezilýär, ähli hukuk eýeleri üçin bir şahadatnama berilýär.

371. Umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda hemme hukuk eýeleri bir wagtda umumy paýly eýeçilik hukugyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza bilen ýüz tutan bolsalar, onda olaryň her haýsysyndan aýratyn arza alynýar we Döwlet tarapyndan gelip gowuşýan resminamalarynyň hasaba alyş kitabynda aýratyn hasaba alyş belgisi berilýär. Bellige alnan hukuklaryň hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynda aýratyn bellige alyş belgisi berilýär. Şahadatnamada ähli hukuk eýeleri hem-de umumy paýly eýeçilik hukugynda olaryň paýlarynyň möçberi görkezilip, şahadatnama her bir hukuk eýesi üçin aýratyn berilýär.

372. Umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda bir hukuk eýesi umumy paýly eýeçilik hukugyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza bilen ýüz tutsa, beýleki umumy paýly eýeçilik hukugynyň eýeleriniň paýa bolan hukugy öň

döwlet tarapyndan bellige alynmadyk bolsa, ýüz tutan hukuk eýesiniň umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnyp şahadatnama berlende, şahadatnamada arza bilen ýüz tutan hukuk eýesi hem-de umumy eýeçilik hukugynda onuň paýynyň möçberi görkezilip, şahadatnama bu hukuk eýesi üçin aýratyn berilýär. Şahadatnamanyň "Bellikler" diýen böleginde "hukuk belleýji resminama esasynda beýleki hukuk eýesine degişli paýa bolan hukuk döwlet tarapyndan belligine alynmadyk" diýip bellik edilýär.

373. Umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda bir hukuk eýesi umumy paýly eýeçilik hukugyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza bilen ýüz tutan bolsa, beýleki umumy paýly eýeçilik hukugynyň eýeleriniň paýa bolan hukugy öň döwlet tarapyndan bellige alnan bolsa, ýüz tutan hukuk eýesine berilýän şahadatnamada arza bilen ýüz tutan hukuk eýesi hem-de umumy eýeçilik hukugynda onuň paýynyň möçberi, paýa bolan hukugy öň bellige alnan beýleki hukuk eýeleriniň ählisi we olaryň paýlary görkezilip şahadatnama berilýär.

374. Umumy paýly eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan bellige alnanda bir hukuk eýesi ýa-da birnäçe hukuk eýeleri umumy paýly eýeçilik hukugyny döwlet tarapyndan bellige almak hakynda arza bilen ýüz tutsa, şol wagt bilelikde ýüz tutmadyk umumy paýly eýeçilik hukugynyň beýleki eýeleriniň paýa bolan hukugy öň döwlet tarapyndan bellige alnyp, umumy paýly eýeçilik hukugynyň eýeleriniň käbiriniň paýa bolan hukugy öň döwlet tarapyndan bellige alynmadyk bolsa, ýüz tutan hukuk eýesine ýa-da birnäçe hukuk eýelerine berilýän şahadatnamada arza bilen ýüz tutan hukuk eýesi hem-de umumy eýeçilik hukugynda onuň paýynyň möçberi, öň paýa bolan hukugy bellige alnan hukuk eýeleri we olaryň paýlary görkezilip şahadatnama berilýär, şahadatnamanyň "Bellikler" diýen böleginde "hukuk belleýji resminama esasynda beýleki hukuk eýelerine degişli paýa bolan hukuk döwlet tarapyndan belligine alynmadyk" diýip bellik edilýär.

375. Şahadatnama ýazgylar onuň arka tarapyna hem ýazylýar.

Eger şahadatnama hemme ýazgylary ýazmak üçin bir sahypa ýeterlik bolmasa, ýazgylar goşmaça sahypalarda beýan edilýär. Şunda şahadatnamanyň hemme sahypalary tikilýär, şahadatnamanyň iň soňky sahypasynyň arka tarapynda şahadatnamanyň sahypalarynyň umumy sany görkezilýär. Şeýle hem, şahadatnamanyň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyza döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar hem-de onuň möhri bölekleýin dört burç kagyzy we şahadatnamanyň iň soňky sahypasyny basmalydyr.

Şahadatnamanyň her sahypasynyň aşaky sag burçunda şahadatnamanyň sahypasynyň degişli tertip belgisi hem-de şahadatnamanyň sahypalarynyň umumy sany görkezilýär.

376. Taýýar şahadatnama hukuk eýesine yzyna berilmäge degişli resminamalar bilen bilelikde berilýär.

Taýýar bolan şahadatnamanyň nusgasy edilýär we bu nusga degişli bellige alyş işinde galýar we onda “Bellige alyş işi üçin nusga” diýen bellik edilýär.

377. Şahadatnamanyň ýazgysynda düzedilen, pozulan ýerler, goşulan, üsti çyzylan sözler bolmaly däldir.

378. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy onuň esasynda hukuk, hukugyň borçlanmasy ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamanyň asyl nusgasyna basylýan bellige alyş ýazgysy bilen tassyklanylmagy arkaly amala aşyrylýar.

379. Bellige alyş ýazgysynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyran Gullugyň degişli ýerli edarasynyň ady, bellige alnan senesi we belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan hukugyň (hukugyň borçlanmasynyň) görnüşi, şeýle hem döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, san belgisi, goly goýulýar we onuň möhüri bilen berkidilýär.

380. Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnandan soň tükelleýiş işine döwlet bellige alyjysy tarapyndan degişli bellik edilýär. Şeýle hem, bu barada Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan degişli gozgalmaýan emlägi hasaba alyjy edaralaryna her hepdäniň soňunda hepdäniň jemi boýunça Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanlar barada habar (şu Tertibe 31-nji goşundy) berilýär. Şunda, iberilýän habara berlen gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň we/ýa-da bellige alyş ýazgysy basylan hukuk belleýji resminamanyň nusgasy goşulýar. Bu maglumatlary alan degişli hasaba alyjy döwlet edaralar tarapyndan degişli resminamalarda gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi barada ýazgy edilýär.

381. Düzedişleriň, üýtgetmeleriň we (ýa-da) goşmaçalaryň girizilmegi bilen baglanyşykly çalyşmak üçin tabşyrlan, ýatyrlan şahadatnamalar, şeýle hem zaýalanan, könelen we tapylan şahadatnamalar ýok edilmäge degişlidir.

Üç ýylyň dowamynda eýeleri tarapyndan alynmadyk şahadatnamalar hem ýok edilmäge degişlidir.

## XXV bap. Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby

382. Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby (şu Tertibe 14-nji goşundy) Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawyny ýöretmek maksady bilen alnyp barylýar.

383. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby (şu Tertibe 15-nji goşundy) aýratyn görnüşde ýöredilýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgileri şu Tertibiň 13-nji goşundysynda göz öňünde tutulandyr. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne kitaby ýöretmeklik ýüklenilen halatynda, bu bellige alyjy Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynyň 01 belgili Sanawynyň kitabyny ýöredýär. Şu Tertibiň 13-nji goşundysynda görkezilen belgilerden soňra işgär sanynyň üýtgemegi bilen bagly döwlet bellige alyjylarynyň sany azaldylsa, şol belgili kitap ýapylýar we talaba laýyk kabul-ediş tabşyryş delilnamasy esasynda arhiwe tabşyrylýar hem-de Kitabyň ýüzünde “bellik” diýen ýazgynyň deňinde “işgär sanynyň üýtgändigi sebäpli, döwlet bellige alyjysynyň sany azaldylandygy bilen bagly Kitap ýapyldy” diýip ýazylýar hem-de ýapylan wagty görkezilýär. Eger, işgär sany köpeldilse, şol kitap kabul-ediş tabşyryş delilnamasy esasynda şol kitaby ýöretmeklik tabşyrylan döwlet bellige alyjysy tarapyndan kabul edilýär we Kitabyň ýüzünde “bellik” diýen ýazgynyň deňinde - ýöredilip başlanan wagty hem-de öň ýapylan kitabyň dowam etdirilýändigi barada ýazgy görkezilýär.

Şu Tertibiň 13-nji goşundysynda görkezilen belgilerden soňra işgär sanynyň üýtgemegi bilen bagly döwlet bellige alyjylarynyň sany köpeldilse, öň bar bolan belginiň dowamy boýunça yzygiderliligi saklap täze belgi bilen kitap açylýar.

384. Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynda:

1) “Tertip belgisi” diýen böleginde kitapdaky ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär;

2) “Müdirligiň, ýerli edarasynyň belgisi” diýen sütüninde müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi görkezilýär;

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda “Aşgabat şäher müdirliginiň, ýerli edarasynyň we Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgisi” diýen sütüninde müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň hem-de Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyň belgisi görkezilýär.

3) “Hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň bellige alnan belgisi we senesi” diýen böleginde hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň, bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynda bellige alnan belgisi we senesi görkezilýär;

4) “Gelip gowşan belgisi we senesi” diýen bölegi döwlet tarapyndan bellige almak üçin resminamalar kabul edilende döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan

resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda görkezilen gelip gowşan belgisi we senesi (şu Tertibiň on ýedinji bölegine laýyklykda berilýän hasaba alyş belgisi) esasynda emele gelýär;

5) “Hukuklary, hukuklaryň borçlanmalary bellige alnan şahsyň (wekiliniň) familiýasy, ady, atasynyň ady we hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy” diýen böleginde degişli şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady we hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy görkezilýär;

6) “Bellige alnan hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi, obýektiň beýany we salgysy” diýen böleginde bellige alnan hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi we obýektiň beýany hem-de hukuk salgysy görkezilýär;

7) “Döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi ýa-da döwlet pajyndan boşadylmagy hakyndaky bellik” diýen böleginde döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi ýa-da döwlet pajyndan boşadylmagy hakyndaky bellik edilýär.

8) “Berlen resminamalar” diýen böleginde döwlet bellige alyjysy tarapyndan (bellige alyş ýazgysy ýazylan hukuk belleýji resminamanyň ady we (ýa-da) arza berijä berlen gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnama) berlen resminamalar görkezilýär.

9) “Resmileşdirilen resminamany alan adamynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, goly we senesi” diýen böleginde resmileşdirilen resminamany alan adamynyň familiýasy, ady we atasynyň ady, goly we senesi görkezilýär.

## XXVI bap. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanawy ýöretmegiň tertibi

385. Gullugyň müdirlikleriniň ýerli edaralary tarapyndan etrap ýa-da şäher boýunça gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw (mundan beýläk – etrap ýa-da şäher boýunça Sanaw) ýöredilýär.

Gullugyň müdirlikleri tarapyndan degişli welaýat boýunça gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw (mundan beýläk - welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanaw) ýöredilýär.

Gulluk tarapyndan Türkmenistan boýunça gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji

görkezijileri toplanan Sanaw (mundan beýläk-Türkmenistan boýunça Sanaw) ýöredilýär.

386. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw (şu Teribe 26-njy goşundy) elektron we kagyz görnüşinde alnyp barylýar. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

387. Gullugyň müdirlikleriniň ýerli edaralarynyň uly döwlet bellige alyjylary, eger-de, uly döwlet bellige alyjysy ýok bolsa, müdirligiň başlygynyň buýrugy bilen berkidilen döwlet bellige alyjysy (mundan beýläk-ygtyýarly döwlet bellige alyjysy) tarapyndan Gullugyň müdirlikleriniň ýerli edaralarynyň etrap ýa-da şäher boýunça Sanawy ýöredilýär.

Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanaw Gullugyň müdirliginiň başlygynyň buýrugy bilen berkidilen müdirligiň döwlet sanawyny alyp barýan döwlet bellige alyjysy tarapyndan ýöredilýär. Eger-de, döwlet sanawyny alyp barýan döwlet bellige alyjysy ýok bolsa, Gullugyň müdirliginiň başlygynyň buýrugy bilen berkidilen Gullugyň müdirliginiň beýleki döwlet bellige alyjysy tarapyndan ýöredilýär. Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanaw Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan degişli tertipde resmileşdirmek arkaly iberlen maglumatlaryň esasynda emele gelýär. Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanawy Gullugyň müdirlikleriniň ýerli edaralarynyň Sanawynyň kitabynyň esasynda yzygiderlikde ýöredilýär.

Gulluk tarapyndan ýöredilýän Türkmenistan boýunça Sanaw Gullugyň Döwlet sanawyny alyp barýan bölüminiň başlygy, eger-de Döwlet sanawyny alyp barýan bölüminiň başlygy ýok bolsa, Gullugyň Baş döwlet bellige alyjysynyň buýrugy bilen berkidilen Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjysy tarapyndan ýöredilýär. Türkmenistan boýunça Sanaw Gullugyň müdirlikleri tarapyndan degişli tertipde resmileşdirmek arkaly iberlen Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanawyň maglumatlarynyň esasynda emele gelýär.

388. Her bir ygtyýarly döwlet bellige alyjysy tarapyndan degişlilikde ýöredilýän Türkmenistan boýunça Sanawyň, welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanawyň hem-de etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň elektron görnüşi ygtyýarly döwlet bellige alyjysynyň özüniň goýan açar sözi bilen goralýar.

389. Her hepdäniň soňunda (mundan beýläk - etrap ýa-da şäher boýunça Sanawynyň hasabat döwri) etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň elektron görnüşinden kagyz görnüşinde çykarylan nusgasy iki nusgada çap edilýär, onuň birinji sahypasy hökmünde şu Tertibiň "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw" atly 27-nji goşundysyna laýyklykda doldurylan baş sahypa goşulýar we bu sahypada döwlet bellige alyjysy tarapyndan ady, atasynyň ady, familiýasy görkezilip

gol çekilýär we onuň möhri bilen berkidilýär. Soňra ähli sahypalary tikilýär, we iň soňky sahypasynyň arka tarapynda sahypalarynyň umumy sany görkezilýär. Şeýle hem iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyza ygtyýarly döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar hem-de onuň möhri bilen berkidilýär.

390. Etrap ýa-da şäher boýunça Sanawynyň kagyz we elektron görnüşindäki nusgasy hem-de ýerli edarada açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalary bilelikde bir elektron göterijide jemläp, hasabat döwri üçin aýratynlykda ygtyýarly döwlet bellige alyjysy tarapyndan Gullugyň müdirligine “Gullukda peýdalanmak üçin” (GPÜ) diýen bellikli ugradyş haty bilen iberilýär.

391. Gullugyň ýerli edarasynyň ygtyýarly döwlet bellige alyjysy etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň şu bölegiň birinji tesiminde bellenilen tertibe laýyklykda hasabat döwründe tikilen nusgasyny ýylyň soňunda 12 aý boýunça jemläp, 1 ýylyň etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyny şu bölegiň birinji tesiminde bellenilen tertibe laýyklykda jemläp tikip, onuň birinji sahypasy hökmünde “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw” şu Tertibiň 27-nji goşundysyna laýyklykda doldurylan baş sahypa goşup we bu sahypada döwlet bellige alyjysy adyny, atasynyň adyny, familiýasyny görkezip, gol çekip we öz möhri bilen berkidip, şol tikilen resminamanyň iň soňky sahypasyna etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň hem-de ýerli edarada açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalary bilelikde bir elektron göterijide bir bukja salyp ýelmäp, degişli ýerli edaranyň arhiwine tabşyrýar.

392. Gullugyň müdirliginiň Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanawy Gullugyň müdirliginiň ýerli edaralarynyň iberýän etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyndan elektron görnüşindäki göçürmäniň esasynda emele gelýär. Gullugyň müdirlikleriniň welaýat boýunça Sanawyna maglumatlar Gullugyň ýerli edaralarynyň belgileriniň (şu Tertibiň 12-nji goşundysyna laýyklykda) yzygiderligi boýunça girizilýär.

393. Gullugyň müdirliginiň ygtyýarly döwlet bellige alyjysy gelip gowşan etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň elektron görnüşini onuň kagyz görnüşinde çykarylan nusgasy bilen deňeşdirýär, olaryň biri-birine laýyklygyny barlaýar we deň gelýändigine hem-de kanuna laýyklykda resmileşdirilendigine göz ýetireninden soňra gelip gowşan etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň kagyz görnüşinde çykarylan nusgalarynyň ikisiniň hem birinji sahypasynyň degişli ýerinde kabul edendigi barada özüniň adyny, atasynyň adyny, familiýasyny görkezip, gol çekýär we möhri bilen berkidýär. Onuň bir nusgasyny ugradyş haty bilen etrap ýa-da şäher boýunça Sanawynyň hasabat döwründen bir hepdeden soň (mundan beýläk- Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça sanawynyň hasabat döwri) Gulluga iberýär. Gullugyň müdirliginiň ygtyýarly döwlet bellige alyjysy ýerli edarada açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalarynyň birini özüne degişli welaýaty boýunça jemläp saklaýar.

394. Welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça sanawynyň elektron görnüşinden kagyz görnüşinde çykarylan nusgasy iki nusgada çap edilýär, onuň birinji sahypasy hökmünde "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw" şu Tertibiň 27-nji goşundysyna laýyklykda doldurylan baş sahypa goşulýar we bu sahypada ygtyýarly döwlet bellige alyjysynyň ady, atasynyň ady, familiýasy görkezilip, gol çekilýär we möhri bilen berkidilýär. Soňra ähli sahypalary şu bölegiň birinji tesiminde bellenilen tertibe laýyklykda tikilýär.

395. Gullugyň müdirlikleriniň welaýat boýunça Sanawynyň kagyz (iki nusgada) we elektron görnüşindäki nusgasy hem-de ýerli edaralarynda açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalary her Welaýat ýa-da Aşgabat şäher boýunça sanawynyň hasabat döwri üçin aýratynlykda Gullugyň müdirliginiň başlygy tarapyndan Gulluga ugradyş haty bilen iberilýär.

396. Gullugyň müdirliginiň ygtyýarly döwlet bellige alyjysy Welaýat ýa-da Aşgabat şäher boýunça Sanawyň şu bölegiň ikinji tesminde bellenilen tertibe laýyklykda hasabat döwründe tikilen nusgasyny ýylyň soňunda 12 aý boýunça jemläp, 1 ýylyň etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyny şu bölegiň ikinji tesminde bellenilen tertibe laýyklykda jemläp tikip, onuň birinji sahypasy hökmünde "Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw" şu Tertibiň 27-nji goşundysyna laýyklykda doldurylan baş sahypa goşup we bu sahypada döwlet bellige alyjysy özüniň adyny, atasynyň adyny, familiýasyny görkezip, gol çekýär we möhri bilen berkidýär. Şol tikilen resminamanyň iň soňky sahypasyna etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň hem-de ýerli edarada açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalary bilelikde bir elektron göterijide bir bukja salyp ýelimläp, degişli ýerli edaranyň arhiwine tabşyrýar.

397. Türkmenistan boýunça Sanaw Gullugyň müdirlikleriniň iberýän Welaýat ýa-da Aşgabat şäher boýunça Sanawynyň esasynda emele gelýär. Türkmenistan boýunça Sanawa maglumatlar Gullugyň müdirlikleriniň belgileriniň (şu Tertibe 12-nji goşundysyna laýyklykda) yzygiderligi boýunça girizilýär.

398. Gullugyň ygtyýarly döwlet bellige alyjysy gelip gowşan Welaýat ýa-da Aşgabat şäher boýunça Sanawyň elektron görnüşini onuň kagyz görnüşinde çykarylan nusgasy bilen deňeşdirýär, olaryň biri-birine laýyklygyny barlaýar we deň gelýändigine hem-de kanuna laýyklykda resmileşdirilendigine göz ýetireninden soňra gelip gowşan welaýat boýunça Sanawynyň kagyz görnüşinde çykarylan nusgalarynyň ikisiniň hem birinji sahypasynyň degişli ýerinde kabul edendigi barada özüniň adyny, atasynyň adyny, familiýasyny görkezip, gol çekýär we möhri bilen berkidýär, onuň bir nusgasyny Gullugyň müdirligine ugradyş haty bilen iberýär. Ýerli edarada açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalarynyň birini özünde Türkmenistan boýunça jemläp saklaýar.

399. Gullugyň ygtyýarly döwlet bellige alyjysy Türkmenistan boýunça Sanawyň şu Tertibiň üç ýüz togsanynjy böleginde bellenilen tertibe laýyklykda hasabat döwründe tikilen nusgasyny ýylyň soňunda 12 aý boýunça jemläp, 1 ýylyň Türkmenistan boýunça Sanawyny şu Tertibiň üç ýüz togsanynjy böleginde bellenilen tertibe laýyklykda jemläp tikip, onuň birinji sahypasy hökmünde “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw” şu Tertibiň 27-nji goşundysyna laýyklykda doldurylan baş sahypa goşup we bu sahypada bellige alyjysy özüniň adyny, atasynyň adyny, familiýasyny görkezip, gol çekýär we möhri bilen berkidýär. Şol tikilen resminamanyň iň soňky sahypasyna Türkmenistan boýunça Sanawyň hem-de ýerli edarada açylan bellige alyş kitaplarynyň elektron görnüşindäki nusgalary bilelikde bir elektron göterijide bir bukja salyp ýelmäp, Gullugyň arhiwine tabşyrýar.

400. Türkmenistan boýunça Sanaw, welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanaw, Etrap ýa-da şäher boýunça Sanaw ýöredilende, “Türkmenistan boýunça elektron t/b” (bu sütün diňe Türkmenistan boýunça Sanawda bolýar), “Müdirlik boýunça elektron t/b” (bu sütün diňe welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça Sanawda bolýar) diýen sütüninden beýleki sütünleri birmeňzeş doldurylýar. Sanawyň sütünleri şu aşakdaky tertipde doldurylýar:

1) “Türkmenistan boýunça elektron t/b” diýen sütüninde Gullugyň degişli müdirlikleriniň belgileriniň yzygiderliligi saklanylyp Türkmenistan boýunça elektron tertip belgileri görkezilýär (bu sütün diňe Türkmenistan boýunça Sanaw ýöredilende doldurylýar);

2) “Müdirlik boýunça elektron t/b” diýen sütüninde Gullugyň müdirliginiň ýerli edaralarynyň belgileriniň yzygiderliligi saklanylyp müdirlik boýunça tertip belgileri görkezilýär (bu sütün müdirlik boýunça Sanaw ýöredilende doldurylýar);

3) “Müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi” diýen sütüninde Gullugyň müdirliginiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi görkezilýär;

4) “Giriş belgisi” diýen sütüninde arzanyň Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndaky gelip gowşan belgisi görkezilýär;

5) “Giriş senesi” diýen sütüninde arzanyň Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndaky gelip gowşan senesi görkezilýär;

6) “Bellige alnan belgisi” diýen sütüninde Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyndaky bellige alnan belgisi görkezilýär;

7) “Bellige alnan senesi” diýen sütüninde hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabyndaky bellige alnan senesi görkezilýär;

8) “Hukuklaryny bellige aldyrmaklyk üçin ýüz tutan şahs” diýen bölegindäki sütünlerde:

a) “Familiýasy (üýtgän ýagdaýynda öňki familiýasy), ýuridik şahs üçin doly ady” diýen sütüninde degişli şahsyň familiýasy (üýtgän ýagdaýynda öňki familiýasy), ýuridik şahs bolan halatynda ýuridik şahsyň doly resmi ady görkezilýär;

b) “Ady (üýtgän ýagdaýynda öňki ady)” diýen sütüninde degişli şahsyň ady (üýtgän ýagdaýynda öňki ady) görkezilýär;

ç) “Atasynyň ady (üýtgän ýagdaýynda atasynyň öňki ady)” diýen sütüninde degişli şahsyň atasynyň ady (üýtgän ýagdaýynda atasynyň öňki ady) görkezilýär;

d) “Doglan senesi” diýen sütüninde degişli şahsyň doglan senesi görkezilýär;

e) “Doglan ýeri” diýen sütüninde degişli şahsyň doglan ýeri görkezilýär;

ä) “Şahsyýeti tassyklaýan resminama (ýuridik şahs üçin Salgyt belgisi)” diýen sütüninde degişli şahsyň şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (Meselem: pasport, ölüm hakyndaky şahadatnama), ýuridik şahs bolan halatynda ýuridik şahsyň salgyt belgisi görkezilýär;

f) “Resminamanyň belgisi (ýuridik şahs üçin Tertipnamasynyň bellige alyş sanaw belgisi)” diýen sütüninde degişli şahsyň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň belgisi, ýuridik şahs bolan halatynda ýuridik şahsyň Tertipnamasynyň bellige alyş sanaw belgisi görkezilýär;

g) “Resminamanyň berlen senesi (ýuridik şahs üçin Tertipnamasynyň bellige alnan senesi)” diýen sütüninde degişli şahsyň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň berlen senesi, ýuridik şahs bolan halatynda ýuridik şahsyň Tertipnamasynyň hasaba alnan senesi görkezilýär;

h) “Resminamanyň berlen ýeri (ýuridik şahs üçin Tertipnamasyny bellige alan edara)” diýen sütüninde degişli şahsyň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň berlen ýeri, ýuridik şahs bolan halatynda ýuridik şahsyň Tertipnamasyny bellige alan edarasy barada maglumatlar görkezilýär;

i) “Raýatlygy” diýen sütüninde degişli şahsyň raýatlygy (daşary ýurt raýaty bolan halatynda ýurduň doly resmi ady) görkezilýär, raýatlygy bolmadyk adamlar babatda “raýatlygy bolmadyk” diýip görkezilýär;

9) “Ýazgyda duran ýeri (ýuridik şahs üçin hukuk salgysy)” diýen sütüninde degişli şahsyň ýazgyda duran ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy, ýuridik şahs bolan halatynda ýuridik şahsyň hukuk salgysy görkezilýär;

10) “Hukugyň görnüşi” diýen sütüninde bellige alnan hukuk we hukugyň borçlanmasynyň görnüşi görkezilýär;

11) “Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy ýa-da umumy paýly eýeçilik hukugy” diýen sütüninde eger-de Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy bolsa, “Umumy bilelikdäki

eýeçilik hukugy”, umumy paýly eýeçilik hukugy bolsa, “umumy paýly eýeçilik hukugy” diýip görkezilip, degişli hukuk eýesiniň paýy görkezilýär;

12) “Obýektiň görnüşi” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň görnüşi görkezilýär (mysal üçin: ýer bölegi, bina, desga, üzňeleşdirilen jaýlar we ş.m.);

13) “Obýektiň salgysy” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň salgysy görkezilýär;

14) “Obýektiň beýany” diýen sütüninde obýektiň maksady we niýetlenilişi görkezilýär (mysal üçin: ýaşaýyş öýi, ýaşaýyş jaýy, dükan we ş.m.);

15) “Kadastr/şertli belgisi” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň kadastr/şertli belgisi görkezilýär;

16) “Inwentar belgisi” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň iwentar belgisi görkezilýär;

17) “Meýdany” diýen bölegindäki sütünlerde:

a) “Umumy ya-da peýdaly” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň umumy ýa-da peýdaly meýdany görkezilýär;

b) “Ýaşaýyş” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň ýaşaýyş meýdany görkezilýär;

18) “Gaty” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň gatynyň (gatlarynyň) belgisi görkezilýär;

19) “Otag sany” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň otag sany görkezilýär;

20) “Tükelleýiş bahasy” diýen sütüninde bellige alynan obýektiň tükelleýiş bahasy görkezilýär;

21) “Geleşik bahasy” diýen sütüninde bellige alnan obýektiň geleşik bahasy bar bolan halatynda, obýektiň geleşik bahasy görkezilýär;

22) “Döwlet bellige alyjysy” diýen sütüninde döwlet bellige alyjysynyň ady, familiýasy, atasynyň ady görkezilýär;

23) “Şahadatnama №” diýen sütüninde berlen şahadatnamanyň belgisi görkezilýär;

24) “Döwlet pajynyň möçberi” diýen sütüninde döwlet pajynyň tölenilen möçberi görkezilýär;

25) “Tehniki hyzmat üçin alynýan töleg” diýen sütüninde tehniki hyzmatyň tölenilen möçberi görkezilýär,

26) “Hukugy belleýän resminama” diýen sütüninde hukugy belleýän resminamanyň atlary we onuň rekwizitleri görkezilýär;

27) “Bellik” diýen sütüninde döwlet bellige alyjysynyň belikleri görkezilýär.

401. Ygtyýarly döwlet bellige alyjysy zähmet rugsadyna çykan halatynda, işden çykan halatynda, wezipesi üýtgän halatynda, Türkmenistan boýunça Sanawyň, welaýat Aşgabat şäheri boýunça Sanawyň hem-de etrap ýa-da şäher boýunça Sanawyň kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlary bellenen talaplara laýyklykda bu işi amala aşyrmaklyk ýüklenilen ygtyýarly döwlet bellige alyja tabşyrýar.

## XXVII bap. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby

402. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby (şu Tertibe 24-nji goşundy, mundan beýläk - şahadatnamalary hasaba alyş kitaby) Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky berlen şahadatnamalary hasaba almak maksady bilen ýöredilýär.

Gullugyň Aşgabat şäher müdirliginde Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby (şu Tertibe 25-nji goşundy) aýratyn görnüşde ýöredilýär. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän şahadatnamalary hasaba alyş kitabyň belgileri şu Tertibiň 13-nji goşundysynda göz öňünde tutulan kitaplaryň belgilerine laýyklykda emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne kitaby ýöretmeklik ýüklenilen halatynda, bu bellige alyjysy Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynyň 01 belgili Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabyny ýöredýär.

403. Şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda:

1) “Tertip belgisi” diýen böleginde kitapdaky ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär;

2) Aşgabat şäher müdirliginde “Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabyň belgisi” diýen böleginde şu Tertibiň 13-nji goşundysynda göz öňünde tutulan Şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgisi görkezilýär;

3) “Hukugyň bellige alnan belgisi we senesi” diýen böleginde hukugyň bellige alnan belgisi we senesi görkezilýär;

4) “Şahadatnamanyň rekwizitleri” diýen böleginde şahadatnamanyň rekwizitleri: belgisi, taýýarlanan senesi, seriýasy görkezilýär;

5) “Gozgalmaýan emlägiň obýekti” diýen böleginde degişli gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ady we onuň salgysy (ýerleşýän ýeri) görkezilýär;

6) “Berlen senesi” diýen böleginde şahadatnamanyň şahsa berlen senesi görkezilýär;

7) “Berlen şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady” diýen böleginde şahadatnama berlen şahsyň familiýasy, ady we atasynyň ady görkezilýär:

8) “Bellik” diýen böleginde şahadatnamanyň berilmegi bilen bagly goşmaça maglumatlar görkezilip bilner.

## XXVIII bap. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitaby

404. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalar Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda (mundan beýläk - gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitaby, şu Tertibe 28-nji goşundy) ýöredilýär.

Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitaby Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky berilýän Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary (mundan beýläk- Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary) hasaba almak maksady bilen ýöredilýär.

405. Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda:

1) “Tertip belgisi” diýen böleginde kitapdaky ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär;

2) “Hukugyň bellige alnan belgisi we senesi” diýen böleginde hukugyň bellige alnan belgisi we senesi görkezilýär;

3) “Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen öňki şahadatnamanyň rekwizitleri” diýen böleginde öňki berlen şahadatnamanyň belgisi we rekwizitleri görkezilýär;

4) “Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamanyň rekwizitleri” diýen böleginde täze berilýän Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamanyň belgisi we rekwizitleri: taýýarlanan senesi we tapgyry görkezilýär;

5) “Gozgalmaýan emlägiň obýekti” diýen böleginde degişli gozgalmaýan emlägiň obýektiniň ady we onuň salgysy (ýerleşýän ýeri) görkezilýär;

6) “Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamanyň berlen senesi” diýen böleginde gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamanyň şahsa berlen senesi görkezilýär;

7) “Alan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady we goly” diýen böleginde Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamany alan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär we onuň goly çekdirilýär, eger şahs wekil hökmünde çykyş edýän bolsa, şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy görkezilýär;

8) “Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamany beren döwlet bellige alyjysy” diýen böleginde Gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamany beren döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär;

9) “Döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi” diýen böleginde döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi hakyndaky bellik edilýär;

10) “Bellik” diýen böleginde Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamanyň berilmegi bilen bagly goşmaça maglumatlar görkezilip bilner.

406. Gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnama öňki berlen şahadatnamanyň doly mazmunyny özünde saklamalydyr we onuň tertip belgisi öňki berlen şahadatnamanyň tertip belgisi bolmalydyr.

## XXIX bap. Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitaby

407. Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitaby (şu Tertibe 21-nji goşundy) Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň tussag edilmegi, gozgamasyz edilmegi, geleşikleriň amala aşyrylmagynyň gadaganlygy barada gelip gowşan kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykarylan çözgütleri hasaba almak maksady bilen ýöredilýär.

408. Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynda:

1) “Tertip belgisi” diýen böleginde kitapdaky ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär;

2) “Gelip gowşan senesi we belgisi” diýen böleginde döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndaky hasaba alnan belgisi we gelip gowşan senesi görkezilýär;

3) “Resminamany iberiji, onuň iberilen senesi we belgisi” diýen böleginde resminamany iberen edaranyň doly ady, resminamanyň ady we onuň rekwizitleri (belgisi, berlen senesi) görkezilýär;

4) “Gozgalmaýan emlägiň obýekti” diýen böleginde gozgalmaýan emlägiň obýekti, ady, salgysy (ýerleşýän ýeri), onuň niýetlenilişi görkezilýär;

5) “Resminamanyň mazmuny” diýen böleginde resminamanyň mazmuny görkezilýär;

6) “Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs” diýen böleginde resminamada görkezilen gozgalmaýan emlägiň obýektiniň hukuk eýesi barada maglumatlar görkezilýär;

7) “Borçlanma bellenilýän hukugyň bellige alnan belgisi we senesi” diýen böleginde “bellige alnan” diýen sözler, şeýle hem Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň, döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi görkezilýär;

8) “Borçlanmanyň ýatyrylandygy barada maglumat” diýen böleginde döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasyna Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň ýatyrylmagy barada tussag eden edaranyň çözgüdi gelip gowşan ýagdaýynda “ýatyrylan” diýen söz ýazylýar hem-de degişli resminamanyň belgisi we senesi görkezilýär.

9) “Bellik” diýen bölegine gozgalmaýan emlägiň obýekti bilen bagly goşmaça maglumat girizilip bilner.

## XXX bap. Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitaby

409. Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitaby (şu Tertibe 22-nji goşundy) Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada kazyýet, beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykarylan çözgütleri hasaba almak maksady bilen ýöredilýär.

410. Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet

tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitabynda:

1) “Tertip belgisi” diýen böleginde kitapdaky ýazgynyň tertip belgisi görkezilýär;

2) “Gelip gowşan senesi we belgisi” diýen böleginde Gullugyň ýerli edarasynyň gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndaky hasaba alnan belgisi we gelip gowşan senesi görkezilýär;

3) “Resminamany iberiji, onuň iberilen senesi we belgisi” diýen böleginde resminamany iberen edaranyň doly ady, resminamanyň ady we onuň rekwizitleri (belgisi, berlen senesi) görkezilýär;

4) “Gozgalmaýan emlägiň obýekti” diýen böleginde gozgalmaýan emlägiň obýekti, ady, salgysy (ýerleşýän ýeri), onuň niýetlenilişi görkezilýär;

5) “Resminamanyň mazmuny” diýen böleginde resminamanyň mazmuny görkezilýär;

6) “Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs” diýen böleginde resminamada görkezilen gozgalmaýan emlägiň obýektiniň hukuk eýesi barada maglumatlar görkezilýär;

7) “Borçlanma bellenilýän hukugyň bellige alnan belgisi we senesi (eger resminama gelip gowşandan soň borçlanma bellenilýän hukuk bellige alnan bolsa doldurylýar)” diýen böleginde eger bellige alynmadyk bolsa “bellige alynmadyk” diýen sözler, eger resminama gelip gowşandan soň borçlanma bellenilýän hukuk bellige alnan bolsa, onda hukugyň bellige alnan belgisi we senesi görkezilýär;

8) “Borçlanmanyň ýatyrylandygy barada maglumat” diýen böleginde döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasyna Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň ýatyrylmagy barada tussag eden edaranyň çözgüdi gelip gowşan ýagdaýynda “ýatyrylan” diýen söz ýazylýar hem-de degişli resminamanyň belgisi we senesi görkezilýär.

9) “Bellik” diýen bölegine gozgalmaýan emlägiň obýekti bilen bagly goşmaça maglumat girizilip bilner.

## XXXI bap. Jemleýji düzgünler

411. Döwlet tarapyndan bellige alnan hukuklar hukuk eýesiniň, ýagny fiziki şahs babatda - familiýasyndan, ýuridik şahs babatda - adyndan ugur alnyp, gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklaryň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň sanawynyň kitabyna elipbiý tertibinde ýazylmaga degişlidir.

412. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alyş kitabynyň, Bellige alyş işiniň, Döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň, gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanawyň kagyz görnüşi Tükelleýiş kitabynda (şu Tertibe 29-njy goşundy) hasaba alynmaga degişlidir.

413. Resminamalar arhiwden alnan we arhiwe tabşyrlan wagtynda degişli jogapkär işgär tarapyndan Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alyş kitabynyň, Bellige alyş işiniň, Döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň, gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanawyň arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitapda (şu Tertibe 30-njy goşundy) ýazgy edilýär.

414. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň alnyp barylmagy üçin zerur resminamalaryň görnüşleriniň belgileri şu Tertibiň “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň alnyp barylmagy üçin zerur resminamalaryň görnüşleriniň sanawy” atly 32-nji goşundysyna laýyklykda ýöredilýär.

415. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik beýleki gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyrjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

1-nji goşundy

**Görnüş 59**

**Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çäginde gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumat**

**“___”_________________ 20___ ý.**

______________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

______________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri), bellige alnan belgisi we senesi)

döwlet tarapyndan bellige alnandygy barada Size habar berýär.

Goşundy (resminamalaryň sanawy):

1.

2.

3. we ş.m.

________________ ___________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

2-nji goşundy

**Görnüş 60**

**Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çäginde gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumatlary özünde saklaýan kitap**

20___ýyl (ýyllar)

__________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty “___” _____________ 20___ý.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

3-nji goşundy

Görnüş 16

Jilt___

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

**BELLIGE ALYŞ KITABY**

_______________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň görnüşi)

_________________________________________________________________

(kadast, inwentar, (şertli) tertip belgisi)

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri)

Bellige alyş işiniň belgisi __________________________

(hasaba alyş belgisinden emele gelýär)

Bellige alyş kitabynyň açylan wagty:______________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuk döwlet belligine alnan wagty görkezilýär)

Bellige alyş kitabynyň ýapylan wagty:______________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukugyň bes edilmegi döwlet belligine alnan wagty görkezilýär)

Bellikler

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

4-nji goşundy

Görnüş 61

**I bölüminiň**

**1-nji kiçi bölümi**

Sahypa ______

Kadastr tertip belgisi ____________________________

Şertli tertip belgisi ______________________________

Öňki kadastr (şertli) tertip belgisi __________________

Soňky kadastr (şertli) tertip belgisi _________________

Hasaba alyş belgisi _____________________________

Bellige alyş belgisi ____________________________

Bellige alyş işiniň belgisi _________________________

**ÝER BÖLEGI BARADA ÝAZGY**

Salgysy (ýerleşýän ýeri) __________________________________________

Niýetlenilişi ____________________________________________________

Meýdany________________________________________________________

**Obýektiň barlygynyň bes edilendigi (bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy) barada ýazgy**

Obýektiň bes edilmegine esas bolan resminamalar _______________________

___________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

Döwlet bellige alyjysy _______ ____________ __________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**I bölüminiň**

**2- nji kiçi bölümi**

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN EÝEÇILIK HUKUGY WE BEÝLEKI EMLÄK HUKUKLAR BARADA ÝAZGY**

Hukugyň görnüşi ________________________________________________

Paý _____________________________________________________________

Möhleti__________________________________________________________

Hukuk eýesi (eýeleri) ____________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________________

_________________________________________________________________

Hukugyň ýüze çykmagyna geleşik esas bolan bolsa:

Geleşigiň mazmunynyň beýany _____________________________________

_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

Geleşigiň şertleri _____________________________________________________

Geleşigiň bahasy ______________________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________________

Bellige alnan senesi “____”_________20__ ý. Bellige alyş belgisi_________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri ____________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ______________ _______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Hukugyň bes edilmegi barada ýazgy

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________________

Hukugyň bes edilmegine esas bolan resminama_________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri ____________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

5-nji goşundy

**Görnüş 62**

**II bölüminiň**

**1-nji kiçi bölümi**

Sahypa _____

Kadastr tertip belgisi _______________________________

Şertli tertip belgisi _________________________________

Öňki kadastr (şertli) tertip belgisi _____________________

Soňky kadastr (şertli) tertip belgisi ____________________

Inwentar tertip belgisi ______________________________

Şertli tertip belgisi _________________________________

Öňki inwentar (şertli) tertip belgisi ____________________

Soňky inwentar (şertli) tertip belgisi___________________

Hasaba alyş belgisi__________________________________

Bellige alyş belgisi ________________________________

Bellige alyş işiniň belgisi ___________________________

**BINA, DESGA, GURLUŞYGY TAMAMLANMADYK OBÝEKT (GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ BAŞGA OBÝEKTLERI) BARADA ÝAZGY**

Salgysy (ýerleşýän ýeri) ____________________________________________

Ady ___________________________________________________________

Niýetlenilişi _____________________________________________________

Meýdany (m²) ______________________________

Gatlygy ____ ýer asty gatlygy ____ýer üsti gatlygy _____otag sany______

Düzümi ______________________________________________________

Bahasy _______________________________________________________

**Obýektiň barlygynyň bes edilendigi (bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy) barada ýazgy**

Obýektiň bes edilmegine esas bolan resminamalar ________________________

_______________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri ___________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ______________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**II bölüminiň**

**2-nji kiçi bölümi**

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN EÝEÇILIK HUKUGY WE BEÝLEKI EMLÄK HUKUKLAR BARADA ÝAZGY**

Hukugyň görnüşi ___________________________________________________

Paý __________________________________________________________________

Möhleti _______________________________________________________________

Hukuk eýesi (eýeleri) ______________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar _______________________________________

Hukugyň ýüze çykmagyna geleşik esas bolan bolsa:

Geleşigiň mazmunynyň beýany ______________________________________

_____________________________________________________________________

Geleşigiň şertleri ___________________________________________________

Geleşigiň bahasy ____________________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar _________________________________________

Bellige alnan senesi “____”________20___ý. Bellige alyş belgisi________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri ___________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ _____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**Hukugyň bes edilmegi barada ýazgy**

Hukugyň bes edilmegine esas bolan resminama_________________________

_____________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri ___________________________________

Döwlet bellige alyjysy __________ _____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

6-njy goşundy

Görnüş 63

**II bölüminiň**

**1-nji kiçi bölümi**

Sahypa______

Kadastr tertip belgisi _________________________________

Şertli tertip belgisi ___________________________________

Öňki kadastr (şertli) tertip belgisi ______________________

Soňky kadastr (şertli) tertip belgisi _____________________

Inwentar tertip belgisi ________________________________

Şertli tertip belgisi ___________________________________

Öňki inwentar (şertli) tertip belgisi _____________________

Soňky inwentar (şertli) tertip belgisi____________________

Hasaba alyş belgisi____________________________________

Bellige alyş belgisi ____________________________________

Bellige alyş işiniň belgisi ____________________________

**EMLÄK TOPLUMLARY HÖKMÜNDÄKI KÄRHANALARY (EMLÄK TOPLUMYNYŇ DÜZÜMINE GIRÝÄN GOZGALMAÝAN EMLÄKLER) BARADA ÝAZGY**

Salgysy (ýerleşýän ýeri) _______________________________________________

Niýetlenilişi _____________________________________________________

Meýdany _______________________________________________________

Gatlygy ____________________ ýerasty gatlygy_______________________

Düzümi ________________________________________________________

Bahasy __________________________________________________________

**Obýektiň barlygynyň bes edilendigi (bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy) barada ýazgy**

Obýektiň bes edilmegine esas bolan resminamalar _______________________

___________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri___________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**II bölüminiň**

**2-nji kiçi bölümi**

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN EÝEÇILIK HUKUGY WE BEÝLEKI EMLÄK HUKUKLAR BARADA ÝAZGY**

Hukugyň görnüşi ______________________________________________

Paý ____________________________________________________________

Möhleti _________________________________________________________

Hukuk eýesi (eýeleri) ____________________________________

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________

Hukugyň ýüze çykmagyna geleşik esas bolan bolsa:

Geleşigiň mazmunynyň beýany __________________________________

__________________________________________________________________

Geleşigiň şertleri ________________________________________________

Geleşigiň bahasy _________________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________

__________________________________________________________________

Bellige alnan senesi "____"________20___ý. Bellige alyş belgisi__________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri _________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ _____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**Hukugyň bes edilmegi barada ýazgy**

Hukugyň bes edilmegine esas bolan resminama________________________

__________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri _______________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

7-nji goşundy

Görnüş 64

**III bölüminiň**

**1-nji kiçi bölümi**

Sahypa______

Kadastr tertip belgisi _______________________________

Şertli tertip belgisi _________________________________

Öňki kadastr (şertli) tertip belgisi _____________________

Soňky kadastr (şertli) tertip belgisi ____________________

Inwentar tertip belgisi ______________________________

Şertli tertip belgisi _________________________________

Öňki inwentar (şertli) tertip belgisi ____________________

Soňky inwentar (şertli) tertip belgisi___________________

Hasaba alyş belgisi_________________________________

Bellige alyş belgisi _________________________________

Bellige alyş işiniň belgisi ___________________________

**ÜZŇELEŞDIRILEN JAÝLAR BARADA ÝAZGY**

Salgysy (ýerleşýän ýeri) ___________________________________________

Ady __________________________________________________________

Niýetlenilişi ______________________________________________________

Meýdany (m²) ____________________________________________________

Gat ___________ Belgisi __________otag sany_______

Bahasy __________________________________________________________

**Obýektiň barlygynyň bes edilendigi (bölünmegi, goşulmagy ýa-da bölünip aýrylmagy) barada ýazgy**

Obýektiň bes edilmegine esas bolan resminamalar _______________________

_________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ _____________ ______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý

**III bölüminiň**

**2-nji kiçi bölümi**

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN EÝEÇILIK HUKUGY WE BEÝLEKI EMLÄK HUKUKLAR BARADA ÝAZGY**

Hukugyň görnüşi __________________________________________________

Paý _____________________________________________________________

Möhleti _________________________________________________________

Hukuk eýesi (eýeleri) ____________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar _____________________________________

Hukugyň ýüze çykmagyna geleşik esas bolan bolsa:

Geleşigiň mazmunynyň beýany ______________________________________

________________________________________________________________

Geleşigiň şertleri _________________________________________________

Geleşigiň bahasy _________________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________________

_______________________________________________________________

Bellige alnan senesi “____”________20___ý. Bellige alyş belgisi__________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ___________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Hukugyň bes edilmegi barada ýazgy

Hukugyň bes edilmegine esas bolan resminama_______________________

________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ _____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

8-nji goşundy

Görnüş 65

**I ýa-da II ýa-da III bölüminiň**

**3-nji kiçi bölümi**

*(Bellik: doldurylanda degişli bölümini görkezmeli, mysal üçin: ýer böleginde ýerleşýän bina, desga hukuklaryň borçlanmalary bellenilen ýa-da gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilen bolsa, gozgalmaýan emlägiň obýektlerine hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgynyň ýokarsynda II bölüminiň 3-nji kiçi bölümi diýip görkezmeli)*

Sahypa ____

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN HUKUKLARYŇ BORÇLANMALARY, GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ GOZGAMASYZ EDILMEGI BARADA ÝAZGY**

Hukugyň borçlanmasynyň görnüşi, beýany ______________________________

Möhleti: başlanan wagty ______________ tamamlanan wagty ______________

Bahasy ____________________________________________________________

Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs _______________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

Öz peýdasyna borçlanmalar bellenilen şahs ______________________________

______________________________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar ______________________________________

Bellige alnan senesi “____”________20___ý. Bellige alyş belgisi___________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**Hukuklaryň borçlanmalarynyň bes edilmegi barada ýazgy (Gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmeginiň ýatyrylandygy barada ýazgy)**

Hukugyň bes edilmegine esas bolan resminama_________________________

______________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ___________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

9-njy goşundy

Görnüş 66

**I ýa-da II ýa-da III bölüminiň**

**4-nji kiçi bölümi**

*(Bellik: doldurylanda degişli bölümini görkezmeli, mysal üçin: ýer böleginde ýerleşýän bina, desga bilen bagly geleşik baglaşylan bolsa, geleşik barada ýazgynyň ýokarsynda II bölüminiň 4-nji kiçi bölümi diýip görkezmeli)*

Sahypa ____

Kadastr tertip belgisi ______________________________

Şertli tertip belgisi ________________________________

Inwentar tertip belgisi _____________________________

Şertli tertip belgisi ________________________________

Hasaba alyş belgisi___________________ _____________

Bellige alyş belgisi _______________________________

Bellige alyş işiniň belgisi __________________________

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN HUKUKLAR BILEN BAGLY GELEŞIK BARADA ÝAZGY**

Geleşigiň mazmunynyň beýany ________________________ ______________

________________________________________________________________

Möhleti: başlanan wagty ___________ tamamlanan wagty ________________

Geleşigiň şertleri _________________________________________________

Geleşigiň bahasy____________________ ______________________________

Taraplar _________________________________________________________

Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs ______________________________

__________________________________________________________________

__________________________________________________________________

Öz peýdasyna borçlanmalar bellenilen şahs ______________________________

__________________________________________________________________

__________________________________________________________________

Hukugy belleýän resminamalar _______________________________________

_________________________________________________________________

__________________________________________________________________

Bellige alnan senesi “____”________20___ý. Bellige alyş belgisi_______ ___

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

_________________________________________________________________

__________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

**Geleşigiň bes edilmegi barada ýazgy**

Hukugyň bes edilmegine esas bolan resminama________________________

_________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri __________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ __________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

10-njy goşundy

Görnüş 67

**I ýa-da II ýa-da III bölüminiň**

**5-nji kiçi bölümi**

*(Bellik: doldurylanda degişli bölümini görkezmeli, mysal üçin: III bölüminiň*

*5-nji kiçi bölümi)*

Sahypa ____

Kadastr tertip belgisi ______________________________

Şertli tertip belgisi _________________________________

Inwentar tertip belgisi _____________________________

Şertli tertip belgisi _________________________________

Hasaba alyş belgisi ________________________________

Bellige alyş belgisi ___________________________________

Bellige alyş işiniň belgisi ______________________________

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN HUKUKLAR BILEN BAGLY ÜÝTGETMELER (GOŞMAÇALAR) BARADA ÝAZGY**

Üýtgetmäniň (goşmaçalaryň) mazmuny _________________________________

___________________________________________________________________________

___________________________________________________________________________

___________________________________________________________________________

___________________________________________________________________________

_______________________________________________________________________________
_____________________________________________________________________________

Üýtgetmä (goşmaça) esas bolan resminamalar____________________________

_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________

Bellige alnan senesi “____”________20___ý. Bellige alyş belgisi__________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri___________________________________

_______________________________________________________________________________
_______________________________________________________________________________
_____________________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy______ _________ _____________________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

11-nji goşundy

Görnüş 68

I ýa-da II ýa-da III bölüminiň

6-njy kiçi bölümi

*(Bellik: doldurylanda degişli bölümini görkezmeli, mysal üçin: III bölüminiň 6-njy kiçi bölümi)*

Sahypa ____

Kadastr tertip belgisi ______________________________

Şertli tertip belgisi _______________________________

Inwentar tertip belgisi _____________________________

Şertli tertip belgisi _______________________________

Hasaba alyş belgisi ________________________________

Bellige alyş belgisi ___________________________________

Bellige alyş işiniň belgisi _____________________________

**GOZGALMAÝAN EMLÄGIŇ OBÝEKTINE BOLAN HUKUKLAR BILEN BAGLY DÖWLET SANAWYNYŇ RESMINAMALARYNA DÜZEDIŞLERIŇ GIRIZILMEGI BARADA ÝAZGY**

Düzedişiň mazmuny__________________________________________________

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

Düzedişe esas bolan resminamalar_______________________________________

__________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________

Bellige alnan senesi “____”________20___ý. Bellige alyş belgisi___________

Döwlet bellige alyjysynyň bellikleri ____________________________________

__________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy _________   _____________   _______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

12-nji goşundy

Görnüş 78

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň belgileri**

| | |
|---|---|
| **1** | **Aşgabat şäher müdirligi** |
| 01 | Bagtyýarlyk etrap bölümi |
| 02 | Büzmeýin etrap bölümi |
| 03 | Köpetdag etrap bölümi |
| 04 | Berkararlyk etrap bölümi |
| **2** | **Ahal welaýat müdirligi** |
| 01 | Bäherden etrap bölümi |
| 02 | Gökdepe etrap bölümi |
| 03 | Ak bugdaý etrap bölümi |

| | |
|---|---|
| 04 | Kaka etrap bölümi |
| 05 | Babadaýhan etrap bölümi |
| 06 | Sarahs etrap bölümi |
| 07 | Tejen etrap, şäher bölümi |
| **3** | **Balkan welaýat müdirligi** |
| 01 | Balkanabat şäher bölümi |
| 02 | Türkmenbaşy şäher bölümi |
| 03 | Gumdag şäher bölümi |
| 04 | Hazar şäher bölümi |
| 05 | Serdar etrap, şäher bölümi |
| 06 | Magtymguly etrap bölümi |
| 07 | Bereket etrap bölümi |
| 08 | Türkmenbaşy etrap bölümi |
| 09 | Etrek etrap bölümi |
| 10 | Esenguly etrap bölümi |
| **4** | **Daşoguz welaýat müdirligi** |
| 01 | Daşoguz şäher bölümi |
| 02 | Köneürgenç etrap, şäher bölümi |
| 03 | S.A.Nyýazow adyndaky etrap bölümi |
| 04 | Görogly etrap bölümi |

| | |
|---|---|
| 05 | Saparmyrat Türkmenbaşy etrap bölümi |
| 06 | Akdepe etrap bölümi |
| 07 | Boldumsaz etrap bölümi |
| 08 | Gubadag etrap bölümi |
| 09 | Gurbansoltan eje adyndaky etrap bölümi |
| 19 | Ruhubelent etrap bölümi |
| **5** | **Lebap welaýat müdirligi** |
| 01 | Türkmenabat şäher bölümi |
| 02 | Çärjew etrap bölümi |
| 03 | Darganata etrap, şäher bölümi |
| 04 | Dänew etrap, şäher bölümi |
| 05 | Dänew etrabynyň Seýdi şäher bölümi |
| 06 | Döwletli etrap, şäher bölümi |
| 07 | Döwletli etrabynyň Dostluk şäher bölümi |
| 08 | Farap etrap bölümi |
| 09 | Halaç etrap, şäher bölümi |
| 10 | Halaç etrabynyň Garabekewül şäher bölümi |
| 11 | Hojambaz etrap bölümi |
| 12 | Kerki etrap, şäher bölümi |
| 13 | Köýtendag etrap, şäher bölümi |

| | |
|---|---|
| 14 | Köýtendag etrabynyň Magdanly şäher bölümi |
| 15 | Saýat etrap, şäher bölümi |
| 16 | Saýat etrabynyň Sakar şäher bölümi |
| **6** | **Mary welaýat müdirligi** |
| 01 | Mary şäher bölümi |
| 02 | Baýramaly etrap, şäher bölümi |
| 03 | Ýolöten etrap, şäher bölümi |
| 04 | Serhetabat etrap, şäher bölümi |
| 05 | Mary etrap bölümi |
| 06 | Wekilbazar etrap bölümi |
| 07 | Garagum etrap bölümi |
| 08 | Türkmengala etrap bölümi |
| 09 | Sakarçäge etrap bölümi |
| 10 | Oguzhan etrap bölümi |
| 11 | Murgap etrap bölümi |
| 12 | Tagtabazar etrap bölümi |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň

Tertibine 13-nji goşundy

Görnüş 79

**Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgileri**

| | |
|---|---|
| | **Bagtyýarlyk etrap bölümi** |
| 01 | Uly döwlet bellige alyjysy |
| 02 | Döwlet bellige alyjysy |
| 03 | Döwlet bellige alyjysy |
| | **Büzmeýin etrap bölümi** |
| 01 | Uly döwlet bellige alyjysy |
| 02 | Döwlet bellige alyjysy |
| 03 | Döwlet bellige alyjysy |
| | **Köpetdag etrap bölümi** |
| 01 | Uly döwlet bellige alyjysy |
| 02 | Döwlet bellige alyjysy |
| 03 | Döwlet bellige alyjysy |
| 04 | Döwlet bellige alyjysy |
| | **Berkararlyk etrap bölümi** |
| 01 | Uly döwlet bellige alyjysy |

| | |
|---|---|
| 02 | Döwlet bellige alyjysy |
| 03 | Döwlet bellige alyjysy |
| 04 | Döwlet bellige alyjysy |
| 05 | Döwlet bellige alyjysy |

Bellik: Şu goşundyda görkezilen belgilerden soňra işgär sanynyň üýtgemegi bilen bagly döwlet bellige alyjylarynyň sany köpeldilse, öň bar bolan belginiň dowamy boýunça yzygiderliligi saklap täze belgi bilen kitap açylýar.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

14-nji goşundy

**Görnüş 03**

**Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby**

| T/b | Müdirligiň, ýerli edarasynyň belgisi | Hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň bellige alyş belgisi we senesi | Gelip gowşan belgisi we senesi | Hukuklary, hukuklaryň borçlanmalary bellige alnan şahsyň (wekiliniň) familiýasy, ady, atasynyň ady we hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy | Bellige alnan hukugyň, hukugyň borçlanmasy-nyň görnüşi, obýektiň beýany we salgysy | Döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi ýa-da döwlet pajyndan boşadylmagy | Berlen resminamalar | Resmileşdirilen resminamany alan adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, goly we berlen senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | hakyndaky bellik | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

15-nji goşundy

**Görnüş 03 A**

**Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby**

| T/b | Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynyň we Bellige alnan hukuklary, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň belgisi | Hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň bellige alyş belgisi we senesi | Gelip gowşan belgisi we senesi | Hukuklary, hukuklaryň borçlanmalary bellige alnan şahsyň (wekiliniň) familiýasy, ady, atasynyň ady we hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy | Bellige alnan hukugyň, hukugyň borçlan-masynyň görnüşi, obýektiň beýany we salgysy | Döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi ýa-da döwlet pajyn-dan boşadylmagy hakyndaky bellik | Berlen resminamalar | Resmileşdirilen resminamany alan adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, goly we berlen senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

Bellik: bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

16-njy goşundy

**Görnüş 40**

**Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada**

**ÇÖZGÜT**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky Gulluk**

______________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

“_______”_____________20__ý. _________________________

(düzülen ýeri)

Men ________________________________________________________

(çözgüdi kabul edeniň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

“___”________________20___ý. № _______________döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza, arza goşulan resminamalara seredip,

**ANYKLADYM:**

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

(arza hem-de goşulan resminamalara seredilip ýüze çykan ýagdaýlar barada görkezilmeli)

“Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasynyň üçünji böleginde hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň elli dördünji böleginde göz öňünde tutulan döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyny togtatmak üçin esaslar *(degişlisini ýazmaly, degişli bolmadyk esaslary aýyrmaly):*

1) goşmaça maglumatlaryň ýa-da resminamalaryň talap edilmeginiň zerurlygynda;

2) gozgalmaýan emlägiň tehniki tükellenilmeginiň ýa-da häsiýetnamalarynyň barlagy geçirilende;

3) resminamalaryň asyl nusgalygyna bilermenler seljermesi geçirilende.

Beýan edilenlere we “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasynyň üçünji bölegine hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň elli dördünji bölegine laýyklykda:

**ÇÖZGÜT ÇYKARDYM:**

1.____________________________________________________________

(degişli kadalaşdyryjy hukuk namanyň adyny ýazmaly)

__________________________________________________maddasy (bölümi) esasynda______________________________________________________________

______________________________________________________________________

(arzanyň senesi, belgisi, obýektiň ýerleşýän ýeri we hukugyň görnüşi)

babatda bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyny togtatmaly.

2. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasynyň üçünji böleginde hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge

bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň elli dördünji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy bilen bellige alyş hereketini dikeltmeli.

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ _______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

17-nji goşundy

Görnüş 41

**Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi hakynda KARAR**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

___________________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

“_______”_____________20__ý. _______________________

(düzülen ýeri)

Men _____________________________________________________________

(karary kabul edeniň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

“___”________________20___ý. № ______________döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza, arza goşulan resminamalara seredip,

ANYKLADYM:

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

(arza hem-de goşulan resminamalara seredilip ýüze çykan ýagdaýlar barada görkezilmeli)

“Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 38-nji maddasynyň birinji böleginde hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň altmyş bäşinji böleginde göz öňünde tutulan döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyndan ýüz döndermek üçin esaslar *(degişlisini ýazmaly, degişli bolmadyk esaslary aýyrmaly):*

1) döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza berijiniň haýyş edýän gozgalmaýan emläge bolan hukuk Kanuna laýyklykda hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna degişli hukuk bolup durmaýan bolsa;

2) hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza bilen degişli däl şahs ýüz tutan bolsa;

3) hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan hemme resminamalaryň berilmezligi ýa-da berlen resminamalaryň görnüşi ýa-da mazmuny boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmezligi;

4) hukuk belleýän resminamany beren şahsyň gozgalmaýan emläk babatda ygtyýarlyk etmek hukugyna ygtyýarly bolmazlygy;

5) gozgalmaýan emlägiň häsiýetiniň barlagynyň netijeleriniň döwlet bellige alyşyny amala aşyrmak üçin berlen resminamalarda bar bolan maglumatlara gabat gelmezliginiň ýüze çykmagy;

6) döwlet tarapyndan bellige alnanda beýleki şahslaryň kanuny hukuklary bozulýan bolsa;

7) özi babatda geleşigi ýa-da hukugy döwlet tarapyndan bellige alynmaga arza berlen gozgalmaýan emlägiň tussag edilmegi hakynda ýazgy bolanda;

8) birwagtlaýyn döwlet tarapyndan bellige alynmagy mümkin bolmadyk dürli arza berijilerden bir wagtyň özünde hukuklary, hukuklaryň borçlanmalaryny döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza berlende.

Beýan edilenlere we “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 38-nji maddasynyň birinji bölegine hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň altmyş bäşinji bölegine laýyklykda:

KARAR ETDIM:

1.____________________________________________________________

(degişli kadalaşdyryjy hukuk namanyň adyny ýazmaly)

____________________________________________________maddasy (bölümi) esasynda___________________________________________________________
__________________________________________________________________
__________________________________________________________________
_________________________________

(arzanyň senesi, belgisi, obýektiň ýerleşýän ýeri we hukugyň görnüşi)

babatda bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz döndermeli.

2. “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 38-nji maddasynyň 1-nji böleginde hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleriniň altmyş bäşinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy bilen arza beriji resminamalary umumy esaslarda döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin tabşyryp bilýär.

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ ______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň

Tertibine 18-nji goşundy

Görnüş 42

**Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda**

**NETIJENAMA**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

______________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

“ _____“ _________ 20__ý. ____________________________________

(netijenamanyň düzülen ýeri)

Men__________________________________________________________

(döwlet bellige alyjysynyň wezipesi, ady, familiýasy, atasynyň ady)

__________________________________________________________________
____________

“___” _________ 20___ ý. senedäki __________________ belgili gelip gowşan

(arzanyň hasaba alyş belgisi)
__________________________________________________________________
__________________________________________________________________
__________________________________________________________________

(arza berijiniň ady, familiýasy, atasynyň ady, hukugyň döwlet belligine alnan belgisi, gozgalmaýan emlägiň salgysy, düzedişleri girizmegiň sebäbi)

Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arza we onuň ýanyna goşulan resminamalara seredip,

**ANYKLADYM**:

______________________________________________________________________

(arza berijiniň ady, familiýasy, atasynyň ady)

_____________________________________________________________________

(girizilmegi haýyş edilýän düzedişleriň mazmuny)

______________________________________________________________________

(girizilmegi haýyş edilýän düzedişleriň girizilmegi haýsy resminamalaryň esasynda kanunalaýyklygy tassyklanylýar)

“Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 28-nji maddasyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508 belgili karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk hakynda düzgünnamasynyň togsan sekizinji-bir ýüz on dördünji böleklerine laýyklykda,

**NETIJÄ GELDIM:**

__________________________________________________________________________

(hukuk eýesiniň ady, familiýasy, atasynyň ady, gozgalmaýan emläge bolan hukugyň döwlet sanawynda bellige alnan belgisi)

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

(girizilen düzedişleriň mazmuny)

Döwlet bellige alyjysy _________ ____________ _________________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

19-njy goşundy

Görnüş 43

**Ýalňyşlyklaryň düzedilendigi hakynda**

**Habar**

**“___”________________ 20___ ý.**

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk

_______________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

Siziň “__”________________ 20__ ý. № _________________ ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arzaňyz boýunça

_______________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri)

bolan ___________________________________________________________

(hukuk, hukugyň borçlanmasynyň görnüşi)

Döwlet belligine alnan döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna Döwlet sanawynda “___” ___________20 ___ý. _______________bellige alyş belgisi bilen düzediş girizilip döwlet belligine alyndy.

Döwlet bellige alyjysy ________ __________ _____________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

20-nji goşundy

Görnüş 44

**Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň döwlet tarapyndan bellige alnan kärendesi barada maglumat**

**“__”________________ 20___ ý.**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

_____________________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri) we kärende berijiniň we kärendeçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

döwlet tarapyndan bellige alnandygy we şol sebäpli degişli resminamalara ýazga goşmak üçin Size habar berýäris.

Goşundy (resminamalaryň sanawy):

1.

2.

3. we ş.m.

Döwlet bellige alyjysy _________ __________ ______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

21-nji goşundy

Görnüş 04

**Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitaby**

| Tertip belgisi | Gelip gowşan senesi we belgisi | Resmin a-many iberiji, onuň iberilen senesi we belgisi | Gozgal-maýan emlägiň obýekti | Resminama-nyň mazmuny | Hukukla-ryna borçlanma-lar bellenilen şahs | Borçlan-ma bellenil-ýän hukugyň bellige alnan belgisi we senesi | Borçlan-manyň ýatyrylandygy barada maglumat | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

22-nji goşundy

Görnüş 33

**Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitaby**

| Tertip belgisi | Gelip gowşan senesi we belgisi | Resmina-many iberiji, onuň iberilen senesi we belgisi | Gozgal-maýan emlägiň obýekti | Resmina-manyň mazmuny | Hukuklaryna borçlanmalar bellenilen şahs | Borçlanma bellenilýän hukugyň bellige alnan belgisi we senesi (eger resminama gelip gowşandan soň borçlanma bellenilýän hukuk bellige alnan bolsa doldurylýar) | Borçlanmanyň ýatyrylandygy barada maglumat | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

23-nji goşundy

Görnüş 80

**Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli, gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak çözgütleri saklaýyş işi**

20___ýyl (ýyllar)

__________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty: “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty: “___” _____________ 20___ý.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

24-nji goşundy

Görnüş 05

**Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby**

| T/b | Hukugyň bellige alnan belgisi | Şahadatnamanyň rekwizitleri | Gozgalmaýan emlägiň obýekti | Şahadatnamanyň berlen senesi | Şahadatnama berlen şahsyň familiýasy, | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | we senesi | | | | ady, atasynyň ady | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

25-nji goşundy

Görnüş 05 A

**Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby**

| T/b | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabyň belgisi | Hukugyň bellige alnan belgisi we senesi | Şahadatnamanyň rekwizitleri | Gozgalmaýan emlägiň obýekti | Şahadatnamanyň berlen senesi | Şahadatna-ma berlen şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

Bellik: bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

26-njy goşundy

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

25-nji goşundy

**Görnüş 05 A**

**Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby**

| T/b | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabyň belgisi | Hukugyň bellige alnan belgisi we senesi | Şahadatnamanyň rekwizitleri | Gozgalmaýan emlägiň obýekti | Şahadatnamanyň berlen senesi | Şahadatnama berlen şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

Bellik: bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine 26-njy goşundy

**Görnüş 69**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw**

| | | | | | | | Hukuklaryny bellige aldyrmaklyk üçin ýüz tutan şahs | | | | | | | | | | | | | | | | | | Meýdany | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistan boýunça elektront/b | Müdirlik boýunça elektront/b | Müdirligiň, onuň ýerli edarasynyň belgisi | Giriş belgisi | Giriş senesi | Bellige alnan belgisi | Bellige alnan senesi | Familiýasy (üýtgän ýagdaýynda önki familiý | Ady (üýtgän ýagdaýynda önki ady) | Atasynyň ady (üýtgän ýagdaýynda atasynyň öň | Doglan senesi | Doglan ýeri | Şahsyýetini tassyklaýan resminama (ýuridik ş | Resminamanyň belgisi (ýuridiki şahs üçin Terti | Resminamanyň berlen senesi (ýuridiki şahs üçin | Resminamanyň berlen ýeri (ýuridiki şahs üçin Te | Raýatlygy | Ýazgyda duran ýeri (ýuridiki şahs üçin hukuk salgy | Hukugyň görnüşi | Umumy bilelikdäki eýeçilik hukugy ýa-da umumy paý | Obýektiň görnüşi | Obýektiň salgysy | Obýektiň beýany | Kadastr/şertli belgisi | Inwentar belgisi | Umumy we/ýa-da peýdaly | Ýaşaýyş | Gaty | Otag sany | Tükelleýiş bahasy | Geleşik bahasy | Döwlet bellige alyjysy | Şahadatnama № | Döwlet pajynyň möçberi | Tehniki hyzmat üçin alynýan töleg | Hukugy belleýän resminama | Bellik |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| asy), ýuridik şahsüçin dolyady | kiady) | ahsüçin Salgyt belgisi) | pnamasynyň belligealyş belgisi) | Tertipnamasynyň bellige alnan senesi) | rtipnamasyny bellige alan edara) | sy) | lyeýeçilik hukugy |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

27-nji goşundy

**Görnüş 69**

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk

______________________________________________________________________

(Gullugyň müdirliginiň we Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw**

Başlanan wagty "___" _________ 20___ý

Tamamlanan wagty "___" ________ 20___ý.

Tabşyran döwlet bellige alyjysy ________ _______ _________________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Kabul eden döwlet bellige alyjysy________ _______ _________________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

28-nji goşundy

**Görnüş 81**

**Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitaby**

| T/b | Hukugyň bellige alnan belgisi we senesi | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen öňki şahadatna-manyň rekwizitleri | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamanyň rekwizitleri | Gozgalmaýan emläginiň obýekti | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamanyň berlen senesi | Alan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady we goly | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen täze şahadatnamany beren döwlet bellige alyjysy | Döwlet pajynyň tölenilen möçberi we töleg hatynyň belgisi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

29-njy goşundy

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

____________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edaranyň doly ady)

____________________________________________________________
____________________________

(aşakda sanalyp geçilen kitaplaryň adynyň degişlisini ýazmaly, degişli dälini aýyrmaly)

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 17);

Bellige alyş kitabynyň (Görnüş 18);

Bellige alyş işiniň (Görnüş 19);

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 20);

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň (Görnüş 21);

Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 22);

Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 23);

gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň (Görnüş 24)

**Tükelleýiş kitaby**

20____ ýyl

Tertip belgi ____

Başlanan wagty "_____" __________20____ý.

Tamamlanan wagty "_____" __________20____ý.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň

Tertibine

29-njy goşundynyň dowamy (kitabyň içki sahypasy)

| № | Resminamanyň ady | Ýyly, belgisi | Sany | Başlanan we tamamlanan wagty | Sahypa sany | Tabşyranyň familiýasy, ady, atasynyň ady we goly | Kabul edeniň familiýasy, ady, atasynyň ady we goly | Tabşyrylan we kabul edilen wagty | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |

**Bellik:** eger bir görnüşde resminama birnäçe kitapdan ybarat bolsa, ilki jemi görkezilýär, soňra bolsa hersi boýunça aýratyn doldurylýar

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň

Tertibine 30-njy goşundy

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

______________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edaranyň doly ady)

______________________________________________________________________

(aşakda sanalyp geçilen kitaplaryň adynyň degişlisini ýazmaly, degişli dälini aýyrmaly)

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň (Görnüş 25);

Bellige alyş kitabynyň (Görnüş 26);

Bellige alyş işiniň (Görnüş 27);

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 28);

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň (Görnüş 29);

Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 30);

Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň (Görnüş 31);

gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň (Görnüş 32)

**Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitaby**

20____ýyl

Tertip belgi____

Başlanan wagty “___”_________________20___ý.

Tamamlanan wagty “___”______________20___ý.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

30-njy goşundynyň dowamy (kitabyň içki sahypasy)

| № | Resmina manyň ady, ýyly, belgisi | Res mina - many ň berle n senes i | Sah ypa san y | Resmin amany alan döwlet bellige alyjysy nyň familiýa sy, ady, atasyny ň ady we goly | Resmin amany beren arhiwçi niň familiýa sy, ady, atasyny ň ady we goly | Resmina manyň yzyna tabşyryl an senesi | Sah ypa san y | Resmin amany tabşyra n döwlet bellige alyjysy nyň familiýa sy, ady, atasyny ň ady we goly | Resmin amany kabul eden arhiwçi niň familiýa sy, ady, atasyny ň ady we goly | Bel lik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

31-nji goşundy

**Görnüş 45**

**Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanlar barada habar**

**“__”_________________ 20___ ý.**

____________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

____________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri), hukuk eýesi we hukugyň görnüşi)

döwlet tarapyndan bellige alnandygy we şol sebäpli degişli resminamalara ýazga goşmak üçin Size habar berýäris.

Goşundy (resminamalaryň sanawy):

1.

2.

3. we ş.m.

________________ ____________________________________________

(goly) (döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik:

1) “we şol sebäpli degişli resminamalara ýazga goşmak üçin” diýen ýazgy degişli hasaba alyjy edaralara iberilende ýazylýar, hukuk eýelerine iberilende aýrylýar;

2) doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibine

32-nji goşundy

**Görnüş 82**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň alnyp barylmagy üçin zerur resminamalaryň görnüşleriniň sanawy**

| **T/b** | **Resminamalarynyň görnüşiniň ady** | **Resminamalarynyň görnüşiniň belgisi** |
|---|---|---|
| 1 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby | Görnüş 01 |
| 2 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby (Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen) | Görnüş 01 A |
| 3 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby | Görnüş 02 |
| 4 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby (Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen) | Görnüş 02 A |
| 5 | Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby | Görnüş 03 |

| | | |
|---|---|---|
| 6 | Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitaby (Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen) | Görnüş 03 A |
| 7 | Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitaby | Görnüş 04 |
| 8 | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby | Görnüş 05 |
| 9 | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby (Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen) | Görnüş 05 A |
| 10 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitaby | Görnüş 06 |
| 11 | Döwlet bellige alyjylarynyň möhürlerini bermek, saklamaga kabul etmek hem-de almak boýunça Gullukda ýöredilýän hasaba alyş kitaby | Görnüş 07 |
| 12 | Döwlet bellige alyjylarynyň möhürlerini bermek, saklamaga kabul etmek hem-de almak boýunça Müdirlikde ýöredilýän hasaba alyş kitaby | Görnüş 08 |
| 13 | Döwlet bellige alyjylarynyň möhürlerini bermek, saklamaga kabul etmek hem-de almak boýunça Gullugyň ýerli edaralarynda ýöredilýän hasaba alyş kitaby | Görnüş 08 A |
| 14 | Döwlet bellige alyjylarynyň möhürçelerini bermek, saklamaga kabul etmek hem-de almak boýunça Müdirlikde ýöredilýän hasaba alyş kitaby | Görnüş 09 |
| 15 | Döwlet bellige alyjylarynyň möhürçelerini bermek boýunça Gullugyň ýerli edaralarynda ýöredilýän hasaba alyş kitaby | Görnüş 09 A |

| | | |
|---|---|---|
| 16 | Çaphanadan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Gullukda hasabyny ýöretmek boýunça kitap | Görnüş 10 |
| 17 | Çaphanadan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Gullugyň müdirligine berilmeginiň hasabyny ýöretmek boýunça kitap | Görnüş 11 |
| 18 | Gullukdan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Müdirlikde hasabyny ýöretmek boýunça kitap | Görnüş 12 |
| 19 | Gullukdan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Gullugyň ýerli edaralaryna berilmeginiň hasabyny ýöretmek boýunça kitap | Görnüş 13 |
| 20 | Gullugyň müdirliginden kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Gullugyň ýerli edaralarda hasabyny ýöretmek boýunça kitap | Görnüş 14 |
| 21 | Şahadatnamalarynyň ülňüleriniň harçlanylyşynyň hasabyny ýöretmek boýunça kitap | Görnüş 15 |
| 22 | Bellige alyş kitaby | Görnüş 16 |
| 23 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alyş kitabynyň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 17 |
| 24 | Bellige alyş kitabynyň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 18 |
| 25 | Bellige alyş işiniň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 19 |
| 26 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 20 |
| 27 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz | Görnüş 21 |

| | | |
|---|---|---|
| | dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň Tükelleýiş kitaby | |
| 28 | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 22 |
| 29 | Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 23 |
| 30 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň Tükelleýiş kitaby | Görnüş 24 |
| 31 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 25 |
| 32 | Bellige alyş kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 26 |
| 33 | Bellige alyş işiniň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 27 |
| 34 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 28 |
| 35 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 29 |

| | | |
|---|---|---|
| 36 | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 30 |
| 37 | Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 31 |
| 38 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň Arhiwden alnan resminamalar barada maglumat saklaýan kitap | Görnüş 32 |
| 39 | Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň gozgamasy gadagan edilmegi barada resminamalar gelip gowşan gozgalmaýan emläkleriň sanawynyň kitaby | Görnüş 33 |
| 40 | Döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza | Görnüş 34 |
| 41 | Döwlet tarapyndan bellige alynmagyny togtatmak hakynda arza | Görnüş 35 |
| 42 | Ýalňyşlyklary düzetmek hakynda arza | Görnüş 36 |
| 43 | Döwlet sanawyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) girizmek hakynda arza | Görnüş 37 |
| 44 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan maglumatlary (resminamalaryň öwezligini) bermek hakynda arza | Görnüş 38 |
| 45 | Gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny ýa-da alynmandygyny tassyklaýan maglumat bermek barada arza | Görnüş 39 |

| | | |
|---|---|---|
| 46 | Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada çözgüt | Görnüş 40 |
| 47 | Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi hakynda karar | Görnüş 41 |
| 48 | Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakynda netijenama | Görnüş 42 |
| 49 | Ýalňyşlyklaryň düzedilendigi hakynda habar | Görnüş 43 |
| 50 | Döwlet sanawynda gozgalmaýan emlägiň döwlet tarapyndan bellige alnan kärendesi barada maglumat | Görnüş 44 |
| 51 | Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnanlar barada habar | Görnüş 45 |
| 52 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada karar | Görnüş 46 |
| 53 | Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada karar | Görnüş 47 |
| 54 | Ýer böleginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilýändigi barada häkimlige berilýän habarnama | Görnüş 48 |
| 55 | Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada gozgalmaýan emlägi hasaba alyş edaralaryna we beýleki döwlet edaralaryna habar | Görnüş 49 |
| 56 | Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylandygy barada habar | Görnüş 50 |

| | | |
|---|---|---|
| 57 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan gozgalmaýan emlägiň obýekti hakynda maglumat | Görnüş 51 |
| 58 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan gozgalmaýan emlägiň obýekti hakynda maglumat "Geleşigiň notarial taýdan tassyklanylmagy üçin berlen" | Görnüş 52 |
| 59 | Gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuklaryň başga birine geçendigi hakynda maglumat | Görnüş 53 |
| 60 | Gozgalmaýan emläk baradaky maglumatlary alan şahslar hakynda maglumat | Görnüş 54 |
| 61 | Gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuk belleýän resminamanyň mazmuny hakynda maglumat | Görnüş 55 |
| 62 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan şahsa degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar babatda maglumat | Görnüş 56 |
| 63 | Gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynmandygyny tassyklaýan maglumat | Görnüş 57 |
| 64 | Gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny tassyklaýan maglumat | Görnüş 58 |
| 65 | Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çäginde gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumat | Görnüş 59 |
| 66 | Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki böleginiň ýerleşýän bellige alyş çäginde gozgalmaýan emläge bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumatlary özünde saklaýan kitap | Görnüş 60 |
| 67 | Ýer bölegi barada ýazgy | Görnüş 61 |

| | | |
|---|---|---|
| 68 | Bina, desga, gurluşygy tamamlanmadyk obýekt (gozgalmaýan emlägiň başga obýektleri) barada ýazgy | Görnüş 62 |
| 69 | Emläk toplumlary hökmündäki kärhanalary (emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler) barada ýazgy | Görnüş 63 |
| 70 | Üzňeleşdirilen jaýlar barada ýazgy | Görnüş 64 |
| 71 | Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklaryň borçlanmalary, gozgalmaýan emlägiň gozgamasyz edilmegi barada ýazgy | Görnüş 65 |
| 72 | Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly geleşik barada ýazgy | Görnüş 66 |
| 73 | Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly üýtgetmeler (goşmaçalar) barada ýazgy | Görnüş 67 |
| 74 | Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuklar bilen bagly döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi barada ýazgy | Görnüş 68 |
| 75 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijileri toplanan Sanaw | Görnüş 69 |
| 76 | Bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilendigi bilen bagly resminamalar saklanylýan kitap | Görnüş 70 |
| 77 | Bellige alyş işi | Görnüş 71 |
| 78 | Bellige alyş işiniň ýazgysy | Görnüş 72 |
| 79 | Gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby | Görnüş 73 |
| 80 | Ugradylýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby | Görnüş 74 |

| | | |
|---|---|---|
| 81 | Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada kararyň berilmegi bilen bagly toplanan resminamalary özünde saklaýan kitap | Görnüş 75 |
| 82 | Hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda berlen yzyna alnan arza bilen bagly resminamalar saklanylýan kitap | Görnüş 76 |
| 83 | Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlarynyň berilmeginiň hasaba alyş kitaby | Görnüş 77 |
| 84 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň belgileri | Görnüş 78 |
| 85 | Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgileri | Görnüş 79 |
| 86 | Döwlet sanawynda degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar bellige alynmandygy sebäpli gozgalmaýan emlägiň tussag edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyryp bolmajak çözgütleri saklaýyş işi | Görnüş 80 |
| 87 | Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky gaýtadan (öwezligi) berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitaby | Görnüş 81 |
| 88 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynyň alnyp | Görnüş 82 |

| | | |
|---|---|---|
| | barylmagy üçin zerur resminamalaryň görnüşleriniň sanawy | |
| 89 | Üzňeleşdirilen jaýlaryň ýerleşýän degişli binasyny, desgasyny, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralara (ýa-da beýleki degişli hukuk eýelerine) bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň otuz senenama gününiň dowamynda döwlet belligine aldyrylmaga degişlidigi hakynda habar | Görnüş 83 |
| | | |

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň

Tertibine 33-nji goşundy

**Görnüş 83**

**Üzňeleşdirilen jaýlaryň ýerleşýän degişli binasyny, desgasyny, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerini hasabynda saklaýjy edaralara (ýa-da beýleki degişli hukuk eýelerine) bu bina, desga, gozgalmaýan emlägiň beýleki obýektlerine, olaryň ýerleşýän ýer bölegine degişli bolan hukugynyň otuz senenama gününiň dowamynda döwlet belligine aldyrylmaga degişlidigi hakynda habar**

**“___”_________________ 20___ ý.**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

____________________________________________________________________________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

_____________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň salgysy (ýerleşýän ýeri)

üzňeleşdirilen jaýa (öýe) bolan hukugynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda hukuk eýeleri tarapyndan “___” ___________20 ___ý. senesinde arza berlendigi sebäpli, “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, bu gozgalmaýan emlägi hasabynda saklaýjy edara hökmünde, bu emläge bolan degişli hukugyňyzy 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda döwlet tarapyndan bellige aldyrmalydygy barada Size habar berýär.

Döwlet bellige alyjysy _________ __________ _________________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň

Tertibine 34-nji goşundy

**Görnüş 84**

**Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň (ýatyrylmagynyň) döwlet belligine alnandygy barada habar**

**“__”_________________ 20___ ý.**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

________________________________________________________________________

________

(Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

_________________________________________________________________

(gozgalmaýan emlägiň obýektiniň görnüşi, hukuk salgysy we obýektiň hukuk eýesiniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Gozgalmaýan emläginiň______________________________________________

(girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň (ýatyrylmagynyň) degişlisini ýazmaly, degişli dälini aýyrmaly)

döwlet belligine alnandygy barada we şol sebäpli degişli resminamalara ýazga goşmak üçin Size habar berýäris.

Goşundy (resminamalaryň sanawy):

1.

2.

3. we ş.m.

Döwlet bellige alyjysy _________ __________ _______________________

(san belgisi) (goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik:

1) “we şol sebäpli degişli resminamalara ýazga goşmak üçin” diýen ýazgy degişli hasaba alyjy edaralara iberilende ýazylýar, hukuk eýelerine iberilende aýrylýar;

2) doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Türkmenistanyň Adalat ministriniň

2019-njy ýylyň 12-nji martynda

çykaran 19-iş belgili buýrugy bilen

tassyklanyldy

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş**

**Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibi (mundan beýläk-Tertip) “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna (mundan beýläk-Kanun) we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji dekabrynda çykaran 14508-nji karary bilen tassyklanan, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan (mundan beýläk – Döwlet sanawy) fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby (mundan beýläk – Kitap, şu Tertibe 1-nji goşundy) Döwlet sanawynyň resminamasynyň biri bolup durýar.

3. Kitap fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny we Döwlet sanawyndan berlen maglumatlary hasaba almak maksady bilen ýöredilýär.

4. Kitap Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk (mundan beýläk – Gulluk), onuň welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki müdirlikleri (mundan beýläk – Gullugyň müdirlikleri), şäherlerdäki we etraplardaky edaralarynyň (mundan beýläk – Gullugyň ýerli edaralary) döwlet bellige alyjylary tarapyndan ýöredilýär.

Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda Gullugyň, Gullugyň müdirlikleriniň hem-de Gullugyň ýerli edaralarynyň döwlet bellige alyjylarynyň üstüne başga ýerli edarada bellige alyş hereketlerini amala aşyrmaklyk ýüklenilip bilner. Şunda üstüne başga ýerli edarada bellige alyş hereketlerini amala aşyrmak ýüklenilen döwlet bellige alyjysy Döwlet sanawynyň resminamalarynda we ony alyp barmak bilen bagly beýleki resminamalarda özlerine berkidilen möhürlerini basýarlar.

Gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby (şu Tertibe 2-nji goşundy) aýratyn görnüşde ýöredilýär.

Gullugyň ýerli edaralarynda ýöredilýän Kitabyň belgileri Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibiniň 12-nji goşundysynda göz öňünde tutulan, Gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň belgilerine laýyklykda emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Kitabyň belgileri Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibiniň 13-nji goşundysynda göz öňünde tutulan, Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alnan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň Sanawynyň kitabynyň, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň belgilerine laýyklykda emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda Gullugyň beýleki döwlet bellige alyjylarynyň üstüne kitaby ýöretmeklik ýüklenilen halatynda, bu bellige alyjysy Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynyň 01 belgili Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabyny ýöredýär.

## II bap. Kitaba bildirilýän umumy talaplar

5. Kitabyň ýöredilmegi kagyz we elektron görnüşlerinde amala aşyrylýar.

6. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

7. Kitap Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün edilýär.

8. Kagyz görnüşinde alnyp barylýan kitap, oňa ýazgy ýazylmazyndan öň tikilýär, kitabyň sahypalary 1-den başlanyp yzygiderli san belgileri bilen belgilenilýär we kitabyň sahypalarynyň umumy sany onuň iň soňky sahypasynda goýulýar. Şeýle hem, kitabyň iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyzda:

1) Gulluk tarapyndan ýöredilýän kitap Gullugyň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylýar we Gullugyň Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen möhüri bilen berkidilýär, möhür bölekleýin dört burç kagyzynda we kitabyň iň soňky sahypasynda basylmalydyr;

2) Gullugyň müdirligi we onuň ýerli edaralarynda ýöredilýän kitap Gullugyň müdirliginiň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylýar we Gullugyň müdirliginiň Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen möhüri bilen berkidilýär, möhür bölekleýin dört burç kagyzynda we kitabyň iň soňky sahypasynda basylmalydyr.

9. Kitabyň baş sahypasynda (şu Tertibe 3-nji goşundy) şu görnüşde beýan edilýän ýazgylar ýazylýar: Gullugyň doly ady (eger Kitap Gullukda ýöredilýän bolsa), Gullugyň degişli müdirliginiň doly ady (eger Kitap müdirlikde ýöredilýän bolsa), Gullugyň degişli ýerli edarasynyň doly ady (eger Kitap ýerli edarada ýöredilýän bolsa), kitabyň ady, kitabyň alnyp barylýan ýyly (ýyllary), kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi (mysal üçin: 1/15, 1 - kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky tertip belgisi; 15 - 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi), kitabyň ýöredilip başlanan wagty we tamamlanan wagty görkezilýär.

Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda ýöredilýän Kitabyň baş sahypasynda (şu Tertibe 4-nji goşundy) şu görnüşde beýan edilýän ýazgylar ýazylýar: Gullugyň doly ady, Aşgabat şäher müdirliginiň ady, Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edarasynyň ady, kitabyň ady, kitabyň alnyp barylýan ýyly (ýyllary), Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň belgisi (her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän kitabynyň belgisi), kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi (mysal üçin: 01/1/15, 01- her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň belgisi, 1 - kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky tertip belgisi; 15 - 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi), kitabyň ýöredilip başlanan wagty we tamamlanan wagty görkezilýär.

10. Kitap ýöredilende onuň sahypalary ýazgylar bilen dolan halatynda, bu kitap şu Tertibiň on ikinji böleginde bellenilen tertipde ýapylýar hem-de täze kitap açylyp ýöredilip başlanýar. Şunda, kitabyň alnyp barylýan ýylynda tertip belgisi yzygiderli dowam etdirilýär. Täze kitabyň ýazgylarynyň tertip belgisi hem öňki kitabyň

ýazgylarynyň soňky tertip belgisini yzygiderli dowam etmek ýörelgesi boýunça ýöredilýär.

11. Senenama ýyl gutaranda ýöredilýän Kitap täze ýazgylary alyp barmak üçin ýapylýar. Täze senenama ýyl başlananda Kitabyň ýazgylarynyň tertip belgileri täze ýöredilip başlanýan kitapda 1-den başlanýar.

12. Kitap ýapylanda onuň iň soňky sahypasynyň arka tarapynda goşmaça iň soňky ýazgynyň tertip belgisi we onuň ýapylan senesi görkezilýär. Bu ýazgylar degişlilikde Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylýar.

13. Kitaplaryň ýapylan senesi diýip olara iň soňky ýazgynyň ýazylan senesi hasaplanylýar.

## III bap. Kitabyň ýöredilmeginiň tertibi

14. Kitap ýazgylary yzygiderli ýazmak ýörelgesi boýunça ýöredilýär.

15. Kitabyň “Tertip belgisi” diýen sütüninde gelen arzanyň ýa-da maglumat soralyp ýazylan beýleki resminamanyň talapnamanyň kitap boýunça yzygiderli tertip belgisi görkezilýär.

16. Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda “Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek  baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň belgisi” diýen sütüninde müdirligiň, ýerli edaranyň gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň belgisi görkezilýär.

17. Kitabyň “Gelip gowşan belgisi we senesi” diýen sütüninde arzanyň ýa-da talapnamanyň gelip gowşan belgisi we senesi görkezilýär.

18. Kitabyň “Arza beriji” diýen sütüninde  şular görkezilýär:

1) fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady we hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy;

2) ölen şahsyň gozgalmaýan emläge bolan hukugy bellige alnanda, hukuk eýesi ölen sahs babatda – onuň ölenligini tassyklaýan degişli resminamanyň esasynda familiýasy, ady, atasynyň ady, ölen senesi;

3) arza arza berijiniň wekili tarapyndan berilýän halatynda arza berijiniň wekili babatda familiýasy, ady, atasynyň ady, hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç

bolýan ýeriniň salgysy, şeýle-de onuň ygtyýarlylygy ynanç haty, kanunçylyk, kazyýetiň çözgüdi esasynda gelip çykýan resminama laýyklykda anyklanylýar we ýazgy edilýär;

4) ýuridik şahs babatda – doly ady, şeýle hem wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady we onuň bu ýuridik şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasyna laýyklykda anyklanylýar we ýazgy edilýär;

19. Kitabyň "Ýüztutmanyň mazmuny" diýen böleginde arza berijiniň soraýan maglumatlary görkezilýär.

20. Kitabyň "Arzany kabul eden" diýen sütüninde arzany (talapnamany) kabul eden döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär.

21. Kitabyň "Netije (berlen maglumat)" diýen sütüninde soralýan maglumatlar berlende, berlen resminamanyň ady görkezilýär, maglumatlaryň berilmeginden ýüz dönderlende-maglumatlaryň berilmeginden ýüz dönderlendigi barada ýazgy görkezilýär.

Eger resminamalaryň göçürme nusgalary berlen bolsa, bu bölekde "nusga berlen" diýip görkezilýär.

22. Kitabyň "Resminamalary alan şahs" diýen sütüninde bu maglumatlary alan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady we goly görkezilýär

Resminama poçta arkaly ugradylan ýagdaýynda fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşaýan ýeri; ýuridik şahs babatda – onuň doly ady, salgysy görkezilýär.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalarynyň esasynda berilýän maglumatyň (mundan beýläk – maglumat) belgisi Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalarynyň hasaba alyş kitabyndaky yzygiderli tertip boýunça berilýän tertip belgisinden emele gelýär.

Aşgabat şäher müdirliginde maglumatyň belgisi Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralarynda her bir döwlet bellige alyjysy tarapyndan aýratynlykda ýöredilýän Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalarynyň hasaba alyş kitabynyň belgisinden we her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän kitabynyň belgisinden (Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň Tertibiniň 13-nji goşundysynda göz öňünde tutulan) emele gelýär.

23. Kitap tükelleýiş kitapda hasaba alynmaga degişlidir.

Ýapylan kitaplar edaralaryň arhiwinde Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde we tertipde saklanylýar.

**IV bap. Döwlet sanawyndan maglumatlaryň (resminamalaryň öwezliginiň) berilmegi**

24. Gulluk, Gullugyň müdirligi ýa-da Gullugyň ýerli edarasy şahsyýetini tassyklaýan resminamany beren şahsyň ýazmaça arzasy boýunça geçirilen bellige alyş hakynda we gozgalmaýan emläge bolan bellige alnan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary barada maglumatlary berýär, döwletiň ýa-da täjirçilik syryny düzýän maglumatlar muňa degişli däldir.

Onuň esasynda Döwlet sanawynda hukuklarynyň döwlet tarapyndan bellige alnyşy geçirilen gozgalmaýan emlägiň obýekti üçin hukuk belleýji resminamanyň asyl nusgasy (tassyklanan göçürme nusgasy) ýitirilen ýa-da oňa zeper ýetirilen halatlarynda, hukuk belleýji resminamanyň dikeldilmegi şahsyýetini tassyklaýan resminamany beren şahsyň ýazmaça arzasy boýunça bellige alyş işinde saklanýan agzalan resminamanyň göçürme nusgasyndan öwezliginiň berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan maglumatlary (resminamalaryň öwezligini) bermek hakynda arza şu Tertibiň 5-nji goşundysyna laýyklykda berilýär.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuk we onuň bilen bagly geleşik döwlet tarapyndan bellige alynandygy ýa-da alynmandygy bilen bagly Döwlet Sanawyndan maglumat şu Tertibiň “___________ bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny ýa-da alynmandygyny tassyklaýan maglumaty bermek hakynda arza” atly 6-njy goşundysyna laýyklykda berilýär.

25. Döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslara berilýän maglumatlar:

1) Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan gozgalmaýan emlägiň obýekti (oňa bolan bellige alnan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary bilen bilelikde) hakynda maglumat (şu Tertibe 7-nji goşundy);

2) Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan gozgalmaýan emlägiň obýekti (oňa bolan bellige alnan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary bilen bilelikde) hakynda maglumat – “Geleşigiň notarial taýdan tassyklanylmagy üçin berlen” (şu Tertibe 8-nji goşundy);

3) gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuklaryň başga birine geçendigi hakynda maglumat (şu Tertibe 9-njy goşundy);

4) gozgalmaýan emlägiň obýekti hakynda maglumatlar alan şahslar barada maglumat (şu Tertibe 10-njy goşundy);

5) gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuk belleýän resminamanyň mazmuny hakynda maglumat (şu Tertibe 11-nji goşundy);

6) Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan şahsa degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar babatda maglumat (şu Tertibe 12-nji goşundy);

7) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynmandygyny tasssyklaýan maglumat (şu Tertibe 13-nji goşundy);

8) gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň bellige alnandygyny tasssyklaýan maglumat (şu Tertibe 14-nji goşundy).

Döwlet sanawyndan başga maglumatlar hem taýýarlanylyp bilner.

Gulluk, Gullugyň müdirlikleri diňe şu Tertibiň 13-nji we 14-nji goşundylarynda göz oňünde tutulan Gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny ýa-da alynmandygyny tassyklaýan maglumatlary berýär. Gullugyň müdirliginiň ýerli edaralary bolsa, şu Tertibiň 7-8-9-10-11-12-13-14-nji goşundylarynda göz oňünde tutulan maglumatlary berýär.

26. Hemme maglumatlary ýazmak üçin bir sahypa ýeterlik bolmasa, maglumatlar goşmaça sahypalarda beýan edilýär. Şunda hemme sahypalar tikilýär, sahypalara olaryň san belgileri goýulýar, iň soňky sahypanyň arka tarapynda sahypalaryň umumy sany görkezilýär. Şeýle hem, iň soňky sahypasynda tikilen ýüpleriň soňy ululygy 3x3 sm kiçi bolmadyk dört burç kagyz bilen ýelmenilýär. Bu ýelmenilen dört burç kagyzda döwlet bellige alyjysynyň goly goýulýar hem-de onuň möhri bölekleýin dört burç sahypada we iň soňky sahypasynda basylmalydyr.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

1-nji goşundy

**Görnüş 02**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby**

| T/b | Gelip gowşan senesi we belgisi | Arza beriji | Ýüztutmanyň mazmuny | Arzany (talapnamany) kabul eden | Netije (berlen maglumat) | Resminamalary alan şahs | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 11 | 2 | *Amanowa Gülçire Gurdowna, Daşoguz şäheriniň Ahal köçesiniň 11-nji jaýynda ýazgyda duran.* | Döwlet sanawyndan maglumat | *Berdiýew Kemal Meredowiç* | göçürme | *Amanowa Gülçire Gurdowna* | |

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

2-nji goşundy

**Görnüş 02 A**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby**

| T/b | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabyň san belgisi | Gelip gowşan senesi we belgisi | Arza beriji | Ýüztutmanyň mazmuny | Arzany (talapnamany) kabul eden | Netije (berlen maglumat) | Resminamalary alan şahs | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |

Bellik: bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

3-nji goşundy

**Görnüş 02**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

____________________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edaranyň doly ady)

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby**

20___ýyl (ýyllar)

___________________________________________________

(kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty: “___”_____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty: “___”_____________ 20___ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

4-nji goşundy

**Görnüş 02 A**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

___________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edaranyň doly ady)

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitaby**

20___ýyl (ýyllar)

---

(Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň belgisi (her bir döwlet bellige alyjysynyň ýöredýän kitabynyň belgisi), kitabyň alnyp barylýan ýylyndaky we 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri tertip belgisi)

Başlanan wagty: “___” _____________ 20___ý.

Tamamlanan wagty: “___” _____________ 20___ý.

Bellik: 1) bu görnüş Aşgabat şäher müdirliginiň ýerli edaralary üçin niýetlenen;

2) doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

5-nji goşundy

**Görnüş 38**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly**

**geleşikleriň döwlet sanawyndan maglumatlary (resminamalaryň öwezligini) bermek hakynda**

**ARZA**

______________________________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

1. Arza beriji: _________________________________________________________________

______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, raýatlygy, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady, salgysy (ýerleşýän ýeri); hukuk eýesi ölen sahs babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, raýatlygy, ölen senesi);

2. Arza berijiniň wekili: _______________________________________________________________

______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi)

3.___________________________________________________________________________________

______________________________________________________________________________
_____babatda

(gozgalmaýan emlägiň obýekti, salgysy (ýerleşýän ýeri), bolan ýagdaýynda kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri)

______________________________________________________________________________
_____________

(soralýan maglumaty görkezmeli)

maglumatlary bermegiňizi haýyş edýärin.

______________________________________________________________________

___________

(haýsy resminama görkezmeli)

resminamalaryň öwezligini bermegiňizi haýyş edýärin.

4. Goşmaça maglumatlar: ____________________________________________________________

______________________________________________________________________

____________

5. Arza beriji (wekili): ______________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

6. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar:

Arzanyň belgisi we senesi ___________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy ________ __________ __________________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

6-njy goşundy

**Görnüş 39**

**___________________ bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny ýa-da alynmandygyny tassyklaýan maglumat bermek barada**

**ARZA**

____________________________________________________________________
___________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

1. Arza beriji: (Arza berijiniň wekili)________________________________________________
____________________________________________________________________
____________

____________________________________________________________________
____________________________________________________________________
________________________

____________________________________________________________________
____________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, raýatlygy, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, , döwlet tarapyndan bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady, salgysy (ýerleşýän ýeri); hukuk eýesi ölen sahs babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, raýatlygy, ölen senesi);

2. Maglumat berilmegi talap edilýän arza berijiniň maşgala agzalary: ____________________________________________________________________
____________

____________________________________________________________________
____________________________________________________________________
________________________

____________________________________________________________________
____________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi)

adyna ____________________________________________________________________
çägi boýunça

(soralýan degişli çägi görkezmeli)

______________________________ **bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny ýa-da**

(gozgalmaýan emlägiň gornüşi)

**alynmandygyny tassyklaýan maglumaty** bermegiňizi haýyş edýärin.

3. Goşmaça maglumatlar: ________________________________________________________________

___________________________________________________________________________
_____________

4. Arza beriji (wekili): __________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly)

5. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan doldurylýar:

Arzanyň belgisi we senesi ______________________________________________________________

Döwlet bellige alyjysy ___________ ___________ _______________________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

7-nji goşundy

**Görnüş 51**

______________________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Göçürme №_______**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan gozgalmaýan emlägiň obýekti hakynda maglumat**

1. Gozgalmaýan emlägiň obýekti __________________________________________________

Kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi ___________________________________________

Obýektiň niýetlenilişi _____________________________________________________________

Obýektiň meýdany ________________________________________________________________

Obýektiň salgysy (ýerleşýän ýeri) __________________________________________________

Bahasy ___________________________________________________________________________

2. Gozgalmaýan emlägiň eýesi hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlar ______________________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

______________________________________________________________________

____________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Umumy paýly eýeçilik mahalynda: umumy paýly eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy, paýyň möçberi we gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

____________________________________

Umumy bilelikdäki eýeçilik mahalynda: umumy bilelikdäki eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary_________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

___________________________________

3. Gozgalmaýan emläk babatda hukugyň görnüşi, hereket ediş möhleti: ______________________________________________________________________

___________

Gozgalmaýan emläk babatda hukuklaryň borçlanmalarynyň sanawy (kärende, girew, ipoteka, serwitutlar, şertnama boýunça borçnamalar, kazyýetiň emlägi tussag etmek hakynda çykaran çözgütleri we gozgalmaýan emlägiň eýesiniň ýa-da ony peýdalanyjynyň hukuklaryny çäklendirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki hukuklar), esasy, hereket ediş möhleti: ______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

________________________

Öz peýdalaryna borçlanmalar bellenilen şahslar hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlary

______________________________________________________________________

____________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

_____________________________________________________________________________________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)

_____________________________________________________________________________________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Ipoteka bilen üpjün edilen borçnamalaryň bahasy ýa-da onuň kesgitlenilmeginiň tertibi we şertleri hakynda maglumatlar _______________________________________________________________

____________________________________________________________________________________

4. Göçürmäniň berlen pursatynda arzalar hakynda bellige alyş kitabyndaky hakyky bolan bellikleriň sanawy: __________________________________________________________________________

____________________________________________________________________________________

5. Bellige alyş kitabyndaky bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy hakynda bellikleriň sanawy: _________________________________________________________________

_____________________________________________________________________________________

“__”______________ 20__ý.sag._____min.___

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy _______ __________ ________________________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

8-nji goşundy

**Görnüş 52**

_________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

"Geleşigiň notarial taýdan tassyklanylmagy üçin berlen"

**Göçürme №_______**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan gozgalmaýan emlägiň obýekti hakynda maglumat**

1. Gozgalmaýan emlägiň obýekti ______________________________________

Kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi _______________________________

Obýektiň niýetlenilişi ________________________________________________

Obýektiň meýdany ___________________________________________________

Obýektiň salgysy (ýerleşýän ýeri) ______________________________________

Bahasy ____________________________________________________________

2. Gozgalmaýan emlägiň eýesi hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlar ___________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

______________________________________________________________________

_____________ (ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)

______________________________________________________________________

____________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Umumy paýly eýeçilik mahalynda: umumy paýly eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy, paýyň möçberi we gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary _____

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

________________________________________

Umumy bilelikdäki eýeçilik mahalynda: umumy bilelikdäki eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary___________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

________________________________________

3. Gozgalmaýan emläk babatda hukugyň görnüşi, hereket ediş möhleti: _____________________________________________________________________

Gozgalmaýan emläk babatda hukuklaryň borçlanmalarynyň sanawy (kärende, girew, ipoteka, serwitutlar, şertnama boýunça borçnamalar, kazyýetiň emlägi tussag etmek hakynda çykaran çözgütleri we gozgalmaýan emlägiň eýesiniň ýa-da ony peýdalanyjynyň hukuklaryny çäklendirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki hukuklar), esasy, hereket ediş möhleti: ______________________________________________________________________

_____________________________________________________________________

Öz peýdalaryna borçlanmalar bellenilen şahslar hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlary _____________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

_____________________________________________________________________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)

_____________________________________________________________________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Ipoteka bilen üpjün edilen borçnamalaryň bahasy ýa-da onuň kesgitlenilmeginiň tertibi we şertleri hakynda maglumatlar ___________________________________

_____________________________________________________________________

4. Göçürmäniň berlen pursatynda arzalar hakynda bellige alyş kitabyndaky hakyky bolan bellikleriň sanawy: ________________________________________________

_____________________________________________________________________

5. Bellige alyş kitabyndaky bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy hakynda bellikleriň sanawy: ___________________________________

_____________________________________________________________________

"____"_____________ 20__ý.sag._____min.___

(berlen senesi we wagty)

Berlen gününden başlap 30 senenama gününiň dowamynda hakyky güýjündedir.

Döwlet bellige alyjysy _______ ________ ______________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

9-njy goşundy

**Görnüş 53**

______________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Göçürme №_____**

**Gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuklaryň başga birine geçendigi hakynda maglumat**

1. Gozgalmaýan emlägiň obýekti __________________________________________

Kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi _________________________________

Obýektiň niýetlenilişi _________________________________________________

Obýektiň meýdany ____________________________________________________

Obýektiň salgysy (ýerleşýän ýeri) ________________________________________

Bahasy ____________________________________________________________

2. Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan hukuk eýeleri (fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)), hukugyň görnüşi (umumy eýeçilik mahalynda paýyň möçberi we gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary, Umumy bilelikdäki eýeçilik mahalynda: umumy bilelikdäki eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary), Döwlet sanawynda hukugyň bellige alnan belgisi we senesi:

1.___________________________________________________________________

2.___________________________________________________________________

3.______________________________________________________________we ş.m.

“____”_____________ 20__ý.sag._____min.___

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy _______ __________ ______________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

10-njy goşundy

**Görnüş 54**

____________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Göçürme №_____**

**Gozgalmaýan emläk baradaky maglumatlary alan şahslar**

**hakynda maglumat**

Berildi (arza beriji): ____________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

_____________________________________________________________________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri)

_____________________________________________________________________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Gozgalmaýan emlägiň obýekti: __________________________________________

(salgysy (ýerleşýän ýeri)

_______________________________________________________________

(bolan ýagdaýynda kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi)

barada maglumatlary alan şahslar (fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (ýerleşýän ýeri; maglumatlaryň alnan senesi we belgisi görkezilýär):

1._____________________________________________________________

2._____________________________________________________________

3.___________________________________________________ we ş.m.

“____”_______________ 20__ý. ________

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy _______ ______ _________________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

11-nji goşundy

**Görnüş 55**

____________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Göçürme №_____**

**Gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuk belleýän resminamanyň mazmuny hakynda maglumat**

1. Gozgalmaýan emlägiň obýekti ________________________________________

Kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi ________________________________

Obýektiň niýetlenilişi ________________________________________________

Obýektiň meýdany ___________________________________________________

Obýektiň salgysy (ýerleşýän ýeri) ______________________________________

Bahasy _____________________________________________________________

2. Gozgalmaýan emlägiň eýesi hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlar ___________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

___________________________________________________________________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (hukuk salgysy)

___________________________________________________________________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Umumy paýly eýeçilik mahalynda: umumy paýly eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy, paýyň möçberi we gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary ____

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

____________________________________

Umumy bilelikdäki eýeçilik mahalynda: umumy bilelikdäki eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary_________

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
_______________________________________

3. Gozgalmaýan emläk babatda hukugyň görnüşi, hereket ediş möhleti: __________________________________________________________________________

Gozgalmaýan emläk babatda hukuklaryň borçlanmalarynyň sanawy (kärende, girew, ipoteka, serwitutlar, şertnama boýunça borçnamalar, kazyýetiň emlägi tussag etmek hakynda çykaran çözgütleri we gozgalmaýan emlägiň eýesiniň ýa-da ony peýdalanyjynyň hukuklaryny çäklendirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki hukuklar), esasy, hereket ediş möhleti: _________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________

Hukuk, hukugyň borçlanmasy Döwlet sanawynda bellige alnan: _________________

(belgisi we senesi)

4. Hukuk belleýän resminamanyň mazmuny _______________________________

__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

“____”________________ 20__ý. ________

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy _________ _______ _______________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

12-nji goşundy

**Görnüş 56**

______________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Göçürme №_______**

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan şahsa degişli gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklar babatda maglumat**

1. Gozgalmaýan emlägiň obýekti _______________________________________

Kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi ________________________________

Obýektiň niýetlenilişi _____________________________________________________

Obýektiň meýdany ________________________________________________________

Obýektiň salgysy (ýerleşýän ýeri) ____________________________________________

Bahasy ___________________________________________________________________

2. Gozgalmaýan emlägiň eýesi hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlar ______________________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

______________________________________________________________________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (hukuk salgysy)

______________________________________________________________________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Umumy paýly eýeçilik mahalynda: umumy paýly eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy, paýyň möçberi we gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary _____
___________________________________________________________________
___________________________________________________________________
___________________________________________________________________
____________________________________

Umumy bilelikdäki eýeçilik mahalynda: umumy bilelikdäki eýeçilik bolup durýandygy barada ýazgy gozgalmaýan emlägiň her bir eýesi hakynda kybaplaşdyryş maglumatlary_________
___________________________________________________________________
___________________________________________________________________
___________________________________________________________________
____________________________________

3. Gozgalmaýan emläk babatdahukugyň görnüşi, hereket ediş möhleti: ___________________________________________________________________

Gozgalmaýan emläk babatda hukuklaryň borçlanmalarynyň sanawy, hereket ediş möhleti:_____________________________________________________________
__________________________________________________________________

Öz peýdalaryna borçlanmalar bellenilen şahslar hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlary ________________________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, salgysy)

___________________________________________________________________
____________________________

(ýuridik şahs babatda – doly ady, salgysy (hukuk salgysy)

__________________________________________________________________

(daşary ýurt ýuridik şahs babatda - doly ady, bellige alnan döwleti, bellige alyş belgisi, bellige alnan wagty, bellige alan edaranyň ady we bellige alnan döwletindäki hukuk salgysy)

Ipoteka bilen üpjün edilen borçnamalaryň bahasy ýa-da onuň kesgitlenilmeginiň tertibi we şertleri hakynda maglumatlar ___________________________________

__________________________________________________________________

Hukuk, hukugyň borçlanmasy Döwlet sanawynda bellige alnan: ________________

(belgisi we senesi)

4. Göçürmäniň berlen pursatynda arzalar hakynda bellige alyş kitabyndaky hakyky bolan bellikleriň sanawy: ______________________________________________

_____________________________________________________________________

5. Bellige alyş kitabyndaky bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy hakynda bellikleriň sanawy: _________________________________

____________________________________________________________________

“____”_____________ 20__ý.sag._____min.___

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy _______ ______ ______________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

13-nji goşundy

**Görnüş 57**

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynmandygyny tassyklaýan maglumat**

№_________

______________________________ _____________________ ýaşaýan salgysy

_________ýylda doglan, raýat _______________________________________adyna

(doglan senesi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

______________________________________________________________ boýunça (Gullugyň, onuň müdirliginiň ýa-da ýerli edarasynyň ady)

____________________bolan eýeçilik hukugynyň Gozgalmaýan emläge bolan (gozgalmaýan emlägiň gornüşi)

hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynda döwlet tarapyndan hasaba alynmandygy (ýa-da alynandygy) barada hem-de

____________________________________________________________________

(maglumaty beren degişli Tehniki tükelleýiş edarasynyň ady, hatyň senesi we belgisi)

belgili hatynyň maglumatlaryna laýyklykda,____________________çägi boýunça

(degişli çägi görkezmeli)

_________________bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynmandygy barada berildi.

(gozgalmaýan emlägiň gornüşi)

“___”_______________ 20__ý. sag._____min._____

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy ________ _________ ____________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

-

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyndan fiziki we ýuridik şahslaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş Tertibine

14-nji goşundy

**Görnüş 58**

________________________________________________________________

(Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň doly ady)

**Gozgalmaýan emlägiň obýektine bolan eýeçilik hukugynyň bellige alynandygyny tassyklaýan maglumat**

**№_________**

_______________________________________________________ ýaşaýan salgysy

___________ ýylda doglan, raýat ____________________________________adyna

(doglan senesi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

______________________________________________________________ boýunça

(Gullugyň, onuň müdirliginiň ýa-da ýerli edarasynyň ady)

________________________bolan eýeçilik hukugynyň Gozgalmaýan emläge bolan

(gozgalmaýan emlägiň gornüşi)

hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynda döwlet tarapyndan bellige alynandygy barada berildi.

“____”________________ 20__ý. sag._____min.____

(berlen senesi we wagty)

Döwlet bellige alyjysy ________ ________ ______________________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

-

Bellik: doldurylanda ýaýyň içindäkiler aýrylmaga degişli.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan

2019-njy ýylyň 3-nji aprelinde 1206 bellige

alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.